**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**TÜRKMEN DÖWLET YKDYSADYÝET WE DOLANDYRYŞ INSTITUTY**

**Kertiýew A.K., Annaorazow A.A., Ataýew O.G.**

# Hojalyk işiniň analiziniň nazaryýeti

**OKUW KITABY**

Elektron görnüşe geçiren : Pälwan Muhyýew

**Aşgabat**

**Türkmen döwlet neşirýat gullugy**

**2010**

**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**TÜRKMEN DÖWLET YKDYSADYÝET WE DOLANDYRYŞ INSTITUTY**

# Hojalyk işiniň analiziniň nazaryýeti

**OKUW KITABY**

**Aşgabat**

**Türkmen döwlet neşirýat gullugy**

**2010**

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI

# GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde,
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim – janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim – janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# Giriş

Çuňňur Hormatlanýan Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýiti zehini bilen dolandyrylýan ykdysadyýetimiz barha batly gadamlar bilen ösýär. Ýaşulularyň Daşoguz maslahatynda "Halka daýanyp, halkyň hatyrasyna" diýen şygar astynda Türkmenistanyň ykdysady strategiýasynyň 2011-2030- nji ýyllarda ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmegiň meýilnamasy kabul edildi. Bu taslama ýurt baştutanymyzyň jöwher paýhasynyň esasynda Türkmenistanyň ykdysadyýetini diwersifikasiýa ýoly bilen halkyň hal-ýagdaýyny has ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Şu döwrüň içinde halkyň ortaça aýlyk iş haky 2030-nji ýyla garanyňda 13,7 gezek ýokarlanar. Ykdysadyýetiň ösüşi barada dogry çözgütleri kabul etmek üçin ykdysady taýdan analiz geçirmeli. Bu ugurda ykdysady ylymlaryň arasynda esasy orunlaryň biri ykdysady analiziň nazaryýetine degişlidir. Şu nukdaýnazardan siziň dykgatyňyza hödürlenýän "Ykdysady analiziň nazaryýeti" diýen okuw kitaby kärhanalaryň, birleşikleriň, pudaklaryň, hojalyk işlerini analiz geçirmekligiň usullaryny, usulyýetini, olary emele getirýän dürli düzüm böleklerini öwrenmäge bagyşlanandyr. Analiz geçirmek üçin maglumat çeşmelerini saýlamaklygyň, olaryň ygtybarlylygyny üpjün etmekligiň we gazanmaklygyň ägirt uly ähmiýeti aýdyň görkezilýär.

Şu ders boýunça eliňizdäki okuw kitabynyň ilkinji ýazylýandygy sebäpli onda säwlikleriň, ýetmezçilikleriň we bärden gaýytmalaryň bolmagy mümkindir. Şonuň üçin awtor geljekde okuw kitabynyň has hem kämil bolmagynda okyjylaryň belliklerini göz öňünde tutar.

Okuw kitaby awtorlar topary tarapyndan taýýarlanyldy. Okuw kitabynyň baplaryny ýazan awtorlar:

Kertiýew A.K., y.y.k., dosent (2, 3, 4, 5, 6, 7, 8, 9, 10-njy baplar).

Annaorazow A.A., y.y.k., dosent (giriş, 1-nji bap (1.3, 1.4)).

Ataýew O.G. uly mugallym (1-nji bap (1.1, 1.2)).

# Bap 1. Hojalyk işiniň analiziniň predmeti, mazmuny, ähmiýeti we wezipeleri

## 1.1. Hojalyk işiniň analiziniň predmeti

Ykdysady analiz pudaklaryň hojalyk işiniň ykdysadyýetini özüne mahsus bolan görnüşde çuňňur jikme-jik öwrenip, kärhananyň işindäki ýetmezçiliklerini ýüze çykarýar, onuň gelejekde iş ýüzünde kemçilige ýol bermezlikde amatly şert döredýär. Şeýle-de üstünlikler, öňde baryjy usullary, beýleki kärhanalara ornaşdyrmakda mümkinçilik döredýär.

Analiz ylymynyň ösmegi bilen birlikde başgada birnäçe pudaklaýyn ýkdysadyýeti öwrenýän ylymlar ýüze çykdy. Olar aýry-aýry pudaklaryň ykdysadyýetine bagyşlanyp, olaryň guramaçylyk we dolandyryş işine bagyşlanan ylmy işlerdir. Bulara halk hojalygyny meýilnamalaşdyrylyş, kärhananyň ykdysadyýetini dolandyrmak we guramak, ykdysady statistika we pudaklaýyn statistika we beýlekiler. Ykdysady analiz hem kärhananyň ykdysadyýetine seljerme berýän aýratyn ugur görnüşinde ýüze çykdy.

Ykdysady anaiziň predmeti diýip kärhanada hojalyk işini alnyp barmak, ony öwrenmek, esasy görkezijiler boýunça meýilnamany ýerine ýetirmek, buhgalter hasabynyň we hasabatynyň, statistiki hasabatyň meýilnamalaşdyrmak barada maglumatlar esasynda öwrenmegine aýdylýar. Bu işleriň hemmesi kärhananyň ykdysady maglumatlary esasynda alynýar.

Kesgitlemeden görnüşi ýaly ykdysady analiz kärhanalaryň, assosiýasiýalaryň, birleşikleriň hojalyk maliýe işleriniň netijelerini seljerme bilen meşgullanýar.

Şonuň ýaly-da ykdysady analiziň predmeti diýip (bolup) hojalyk işiniň iş prosessi we onuň ahyrky netijesine aýdylýar.

Hojalyk işiniň analizi kärhananyň takyk maglumatlaryna hasap, hasabat we beýleki maglumatlara esaslanýar we onuň analiz geçirýän kärhanalarynda, birleşiklerinde maglumatlaryň özara baglanşygyny häsiýetlendirýär.

Şeýlelikde ykdysady analiz toplumlaýyn häsiýete eýe bolup, kärhanada önümçilik prosesinde bolup geçýän ýagdaýlary olaryň biri-biri bilen baglanyşygyny öwrenýär.

Analiz geçirilende onuň obýekti bolup dürli kärhanalar, birleşikler, aýry bölümler bolup biler we analiz etmekligiň esasy wezipesi önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak bolup durýar.

Analiziň netijesi boýunça kärhananyň iş şertlerini, hojalyk işiniň netijesini, zähmet material we maliýe resurslarynyň ulanylşynyň derejesini ýüze çykaryp, olary kämilleşdirmek üçin teklip bermek bolup durýar.

Şonuň ýaly-da analiz geçirilende kärhananyň işiniň guramaçylyk tarapy we önümçiligiň tehniki tehnologiýa babatda geçirilýän işlerine üns berilýär.

Analiz geçirilende dürli çemeleşmeler bolup biler, olaryň hemmesi, öňde goýulýan maksatlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmelidir. Maliýe ykdysady analiz özüne mahsus bolan wezipäni, ýerine ýetirmeli, ýagny kärhananyň umumy işine töwerekleýin adalatly baha bermeli. Analiz geçirilende kärhananyň önümçilik maliýe ýagdaýyna doly baha berilýär, jemi goýberilen önüme, onuň düzülişine,

görnüşine we önümiň hiline, zähmet resurslarynyň netijeli ulanylyş derejesine, zähmet öndürijiligine, oňa täsir edýän sebäplere, önümçilik fondlarynyň netijeli ulanylmagyna, önümiň düşýän gymmatyna, düşewüntlilige, maliýe ýagdaýyna we beýlekiler.

Kärhananyň meýilnamasy bilen hasabaty biri-birine bagly bolup esasan şondan ugur alyp, deňeşdirilip analiz edilýär. Şol baglanyşyk hemme taraplaýyn kärhanada maliýe ykdysady analizi geçirmäge mümkinçilik berýär. Şu ýerde analiz geçirilende kärhananyň meýilnamasy baza görnüşinde hasaplanyp, onuň hojalyk işiniň ýerine hakykatdan ýetirilişine baha berilýär.

Şeýlelikde kärhananyň hemme meýilnamasyna esasy orun degişlidir.

Ykdysady dersleriň arasynda hojalyk işiniň analizine aýratyn orun degişlidir. Ykdysady analiz kärhanalaryň we birleşikleriň bütin işine hasap we hasabatyň esasynda dogry we netijeli dolandyrmaga gönükdirilendir.

Analizi dogry we netijeli geçirmek üçin, ony geçirýän hünärmen-analitik buhgalter hasabyny, ykdysadyýeti hasap-hesibiň alyp barmaklygyň tertip düzgünini gowy bilmelidir. Sebäbi analiz geçirmek üçin onuň esasy çeşmesi, ulanylýan maglumat buhgalter we statistiki hasap we hasabat bolup durýar.

Diňe ýokarda aýdylan şertler ýerine ýetirilende täsirli, netije berýän analizi durmuşa geçirip bolar.

Hojalyk işiniň analizi ykdysady dersleriň hemmesi bilen özara baglydyr. Ýatlanan derslerden başy çykýan hünärmenler üçin, ykdysady analizi özleşdirmek köp halatda beýlekilere garanyňda ýeňil düşer. Şonuň ýaly-da ykdysady analiz has hem “Audit” we “Derňew barlag” dersleri bilen özara baglydyr, sebäbi, ulanylýan obýekt kärhanadyr. Munuň aýratynlygy diňe audit we derňew-barlag, operasiýalaryň dogrulygyny, kanuna laýyklygyny, hojalygy alyp barmakda düzgüni bozmagyň öňüni almak bolsa, ykdysady analiz ulanylmadyk mümkinçilikleri ýüze çykarmak we ony durmuşda ulanmakda teklip işläp düzmelidir.

Analiz geçirilende her bir ýagdaýda geçirilýän işiň manysyna uly üns berip onuň hakykatdan dogrulygyna göz ýetirmeli. Mysal üçin, kassa amallary analiz edilende esasy mesele bankdan alynýan pul serişdeleriniň doly möçberde kassa girdeji edilenligini, onuň çykdajylarynyň dogry düzgüne laýyklygyny anyklamaly. Şonuň üçin pul çeginiň doly möçberde girdeji edilenligini anyklamak üçin hökmany suratda çegiň, koreşogyny girdeji edilen pul serişdesiniň möçberini, bankdan berilýän sçýotyň göçürmesi bilen deňeşdirmeli, diňe şondan soň geçirilen kassa amalynyň dogrulygyny anyklanýar.

## 1.2. Hojalyk işiniň analiziniň mazmuny we wezipeleri

Ykdysady analizi geçirmek birinji nobatda onuň usulyny, nähili tertipde geçirilýänligini göz öňünde tutmaly. Şonuň ýaly-da analiz geçirmek bilen, haýsy we nähili maksady göz öňünde tutýanlygymyzy bellemeli. Ykdysady analiz kärhananyň önüm goýbermek boýunça meýilnamasynyň ýerine ýetirilişini, meýilnamanyň düzülşiniň dogrulygyny (обоснованность) kärhananyň aýry-aýry bölümçeleriniň işleýşini. Şeýle hem bütin kärhana boýunça onuň çig mal, zähmet

resurslary, we beýleki zerur bolan serişdeler bilen üpjünçiligini takyklamaly. Eger, kärhananyň üpjünçiliginde ýetmezçilik ýüze çykan ýagdaýynda, ýa-da çig mal sarp edilende önümiň birligine tapawut (+,-) ýüze çyksa onuň sebäbini anyklap, iş ýüzünde düzetmekligiň çäresini işläp düzmeli, teklip bermeli.

Eger, analiz şu tertipde amala aşyrylsa, kärhanany dolandyrmakda onuň täsirliligi güýçlenip, netijelilik ýokarlanýar.

Şeýlelikde, ykdysady analiziň manysy kärhananyň ykdysadyýetiniň çuňňur ylmy tarapdan öwrenip, ýerinde onuň bölümlerinde, bölümçelerinde meýilnamada bar bolan (+) tapawudy ýüze çykaryp, işde goýberilýän kemçilikleri düzedip ulanylmadyk serişdeleri tapyp toplumlaýyn analiza ýardam etmek bolup durýar.

Şeýlelikde, ykdysady analiz bütin kärhana boýunça ykdysadyýeti ösdürip, önümçilik prosesiniň ösmegine, önümiň mukdarynyň köpelmegine, hiliniň we netijeligiň ýokarlanmagyna ýardam berýär.

Kärhanalarda ykdysady analiziň netijeleri dogry ulanylsa, onuň netijesi kärhananyň önümçiligine, ykdysadyýetiniň ösmegine, işiniň kämilleşmegine uly goşmaça peýda berýär.

Analiziň netijesinde kärhananyň döwlet tarapyndan esasy görkezijisiniň meýilnamasynyň ýerine ýetirilmegine gönükdirilmelidir.

Ykdysady analiz özbaşdak ylym bolup ýörite bilim görnüşinde özara bagly bolan aşakdaky öwrenýär.

1. Kärhanalaryň ylmy tarapdan esaslandyrylan meýilnamalarynyň, borçnamalarynyň ýerine ýetirilişini we olara adalatly baha berilşini.
2. Kärhananyň işinde (+,-) položitel we otrisatel faktorlaryň önümçilige edýän täsirini ölçemek.
3. Hojalyk işinde, önümçilikde ulanylmadyk içki serişdeleri takyklamak.
4. Pudak boýunça öňde baryjy kärhananyň iş tejribesini netijeli dolandyryşda ulanyp, beýleki kärhanalara ýaýratmak.

Ykdysady analiz geçirilende hojalyk işi biri-biri bilen baglylykda we biri-birine garaşlylykda geçirilýär.

Soňra hojalyk işine täsir edýän düýpli, esasy deliller öwrenilýär.

Ykdysady analiz geçirilende, onuň öňünde durýan esasy wezipelere üns berip takyklamaly. Olara şu aşakdakylar degişlidir:

1. Kärhananyň önümçilikde, hojalyk işlerinde esasy görkezijileriniň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişini hasaplap, baha bermek. Onuň (+,-) ýagdaýlarynyň sebäbini anyklap, düzetmeklige teklip bermek. Onuň kärhananyň hojalyk işini düýpli öwrenip ulanylmadyk serişdeleri ýüze çykaryp, täsir edýän sebäpleri anyklap düzetmeklige teklip bermeli.
2. Kärhananyň material, maliýe zähmet resurslarynyň, ykdysady tarapdan netijeli ulanylşyny takyklamak.
3. Kärhananyň ulanylmadyk içki serişdelerini ýüze çykaryp onuň gelejekde önümi näçe möçberde köpeljegini hasaplamak.
4. Kärhanany dolandyrmakda geçirilýän çözgütleriň netijeligine baha bermek.

Birinji wezipesine kärhanada hasap hasabatyň esasynda meýilnamalaryň ýerine ýetirilişine önümiň birligine berilýän normalaryň, limitleriň, onuň umumy möçberi, düzülişi, hili boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilişini takyklamak.

Senagat kärhanalaryň önümçilik maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi analiz geçirilende, onuň düzümi, assortimenti, hili, önüm goýberilişiniň sazlaşygynyň we şuňa meňzeş meýilnamasynyň amal edilişi hasaplanylýar.

Ikinji wezipesine – kärhananyň önümçilik prosesinde ulanylýan material, zähmet resurslaryny maliýe resurslarynyň ykdysady netijeliligi kesgitlenilýär. Bular boýunça senagat kärhanalarynda hojalyk işiniň analizi geçirilende aýratynlykda giňişleýin esasy serişdeleriň, material resurslarynyň, işçi güýjiniň düzümi, zähmet öndürijiligi, önümiň düzümi, onuň sazlaşykly goýberilşi, düşewüntligi we maliýe ykdysady ýagdaýy we muňa meňzeşler doly giňişleýin analiz geçirilýär.

Üçünji wezipesine senagat kärhanalarynda ulanylýan zähmet, material we maliýe resurslaryny netijeli ulanylmagyny kesgitlemeli. Analiz geçirilende takyk maglumatlaryň esasynda görkezilmelidir. Işçileriň düzümi analiz edilende, olaryň hünärine, esasy we kömekçi personalyna üns bermeli.

Dördünji wezipesine kärhananyň içki ulanylmadyk rezerwlerini ýüze çykaryp işe girizmek.

Ykdysady analiz ylym görnüşinde diňe geçirilýän işden netije görkezip, kärhananyň ykdysadyýetine goşant görkezen ýagdaýda netijeli we täsirli hasaplanýar. Onuň netijeliligi, analiz wagtynda kärhanada bar bolan ulanylmadyk rezerwleri ýüze çykaryp, önümiň köpelmegine, hiliniň ýokarlanmagyna, önümiň özüne düşýän gymmatynyň peselmegine, ykdysady maliýe ýagdaýynyň gowulanmagyna täsir etse hasaplanylýar.

Hojalyk işiniň analizi diňe ýokarda agzalanlar bilen çäklenmeýär. Önümçilik analiziň öňünde onlarça çözülmeli wezipeleri goýýar. Bazar ykdysadyýetinde ol wezipeleri çözmek hojalyk işiniň esasy gaýra goýulmasyz wezipesi bolup durýar.

## 1.3. Hojalyk işiniň analiziniň beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygy

Hojalyk işiniň analizi öz içine hemme ykdysady dersleri alýar we anyk kärhananyň önümçilik maliýe işlerini dolandyrmakda esasy wezipäni ýerine ýetirýär. Analiziň kömegi bilen, kärhananyň esasy görkezijileri boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilişi, oňa täsir edýän (+,-) faktorlar, onuň möçberi hasap edilýär.

Ykdysady analiziň ylym görnüşinde kämilleşmegine ykdysady nazaryýetiň-teoriýanyň orny ulydyr. Ykdysady nazaryýetde geçilýän temalardan önümçilik gatnaşyklary, esasy dolanyşyk serişdeleri barada düşunje we beýlekiler ykdysady analiziň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

Ykdysady pudaklaýyn dersleriň arasynda hojalyk işiniň analizi buhgalter hasabyna has hem baglydyr. Sebäbi, buhgalter hasaby ilkinji resminamalaryň esasynda hojalyk işleriniň ýazgylaryny sintetiki, analitiki hasaplary ulanyp

buhgalter hasabatyny düzýär. Şonuň üçin hasapçylaryň we hasap işgärleriniň ilkinji bolup kärhananyň hojalyk işiniň analizini geçirmekligi tötänden däldir.

Her bir hasapçy kärhananyň hasabaty düzülende balans taýýar bolanda kärhananyň hojalyk serişdeleriniň, olaryň emele gelýän çeşmeleriniň ýagdaýy bilen gyzyklanýarlar, şonuň ýaly-da bar bolan ulanylmadyk rezerwleriň, önümiň mukdaryny peýdany köpeltmäge, maliýe ýagdaýyny gowylandyrmaga, olara täsir edýän (+,-) faktorlary anyklamaga çalyşýar. Şonuň ýaly-da pudakda haýsy sebäplere görä bir kärhanada meýilnama artygy bilen ýerine ýetirilip, beýleki birilerinde ýerine ýetirilmän galýar. Şunuň ýaly analiz geçirmeklik hasapçylary durmuş mejbur edipdir, şol sebäpli irki wagtlarda ilkinji peçat edilen işler analiz balans diýip atlandyrylypdyr we olary düzüp neşir edenler hasap işgärleri bolupdyr.

Ykdysady analiz halk hojalygyň ykdysadyýetini meýilnamalaşdyrmak , dolandyrmak, maliýe-karz pul dolanyşygy, audit, zähmetiň ykdysadyýeti we başga dersler bilen baglanyşyklydyr. Has hem baglanyşyk ykdysady statistika bilen baglanyşykly. Ol baglanyşyk statistiki hasap we hasabat, buhgalter hasaby we hasabaty bilen deň derejede analiz geçirmek üçin esasy ulanylýan çeşme görnüşinde hyzmat edýär.

Ykdysady analiz, ykdysady statistika ýaly deň derejede ýokary matematika bilen hem baglydyr. Onuň baglylygy analiz bilen matematika ylym dünýäsinde sanlaryň gatnaşygyny öwrenýärler.

Aýratyn ykdysady anliziň hemme ykdysady we ykdysady däl ylymlar bilen baglylygyny belläp, onuň ylym görnüşinde baýlaşýanlygyny bellemeli.

Birinji nobatda aýratyn ykdysady analiziň ykdysady nazaryýet bilen baglylygyny bellemeli, sebäbi ykdysady nazaryýet, ykdysady kanunyň onuň nazary tarapdan hemme ykdysady dersleriň ösüşini öwredýär. Analiz geçirilende şol kanunyň işleýşini hasaba almaly. Analitiki gözlegler köp sanly maglumatlary toplaýar, şolaryň esasynda öňden mälim bolmadyk önümçiligiň netijesini ýokarlandyrmak täze pikirlere esaslandyrmaga, teklipleri taýýarlamaga mümkinçilik we esas döredýär.

### 1.4. Hojalyk işiniň analiziniň görnüşleri

Ykdysady analiziň önümçiligi dolandyrmakdaky orny barada. Önümçiligi dolandyryş ulgamy özara baglanyşykly dört wezipäni öz içine alýar.

1. Meýilnamalaşdyrmak.
2. Hasaba almak.
3. Ykdysady analizi geçirmek.
4. Dolandyryş çözgütlerini kabul etmek.

Meýilnamalaşdyryşyň we hasaba almagyň maglumatlarynyň esasynda ykdysady analiz geçirilýär. Kärhanada bolup geçýän prosesler öwrenilýär, dolandyrylýan obýektiň ösüş kanunalaýyklyklary, ýitgiler we olaryň sebäpleri ýüze çykarylýar, önümçilik rezerwleri kesgitlenýär. Ykdysady analiziň netijesi boýunça

alnan maglumatlar dolandyryş çözgütlerini işläp düzmek üçin baza bolup hyzmat edýär. Netijede, dolandyryş çözgütleri kabul edilýär we amala aşyrylýar.

Ykdysady analiz şu aşakdaky alamatlar boýunça görnüşlere bölünýär.

1. Wagt alamaty.
2. Giňişlik alamaty.
3. Dolandyryş obýekti.
4. Obýekti öwrenmegiň metodikasy.
5. Subýektler alamaty.
6. Öwrenilýän obýekti öz içine almak alamaty.
7. Maksatnamanyň mazmuny.

Birinji alamat boýunça ykdysady analiz iki görnüşe bölünýär:

1. Deslapky analiz.
2. Soňky analiz.

Analiziň bu görnüşleriniň mazmunyna 7-nji sapakda serederis.
Ikinji alamat boýunça hem ykdysady analiz iki görnüşe bölünýär:

1. Içerki hojalyk analizi.
2. Hojalygara /deňeşdirme/ analizi.

Içerki hojalyk analizi geçirilende, kärhananyň we onuň sehleriniň, uçastoklarynyň, brigadalarynyň işi öwrenilýär.

Hojalygara analizi geçirilende, iki we ondan köp kärhanalaryň iş netijeleri deňeşdirilip öwrenilýär.

Üçünji alamat boýunça ykdysady analiz ýedi görnüşe bölünýär:

1. Tehniki-ykdysady analiz. Analiziň bu görnüşi geçirilende, tehniki we ykdysady görkezijileriň arabaglanyşygy kesgitlenýär hem-de olara faktorlaryň täsiri öwrenilýär.
2. Maliýe-ykdysady analiz. Bu analiz maliýe we kredit edaralary tarapyndan amala aşyrylýar. Kärhananyň maliýe boýunça meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi, onuň maliýe netijeleri we maliýe ýagdaýy aýratynlykda öwrenilýär.
3. Auditor analizi. Bu analiz kärhananyň maliýe ýagdaýyna we maliýe taýdan durnuklylygyna ekspertleriň beren bahasydyr.
4. Sosial-ykdysady analiz kärhanadaky sosial prosesleri hem-de bu prosesler bilen baglanyşykly harajatlary öwrenýär. Sosial-ykdysady analiz geçirilende, ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň, dynç alyş öýleriniň gurluşygy, bu obýektler bilen kollektiwiň üpjün edilişi hem-de bu çäreleri amala aşyrmaga sarp edilen harajatlar öwrenilýär.

5. Ykdysady-statistiki analiz statistika edaralary tarapyndan amala aşyrylyp, kärhanalardaky, ministrliklerdäki, pudaklardaky jemgyýetçilik prosesleri öwrenilýär.
6. Ykdysady-ekologik analiz daşky gurwawy goramak boýunça ýörite edaralar tarapyndan amala aşyrylýar. Bu analiz daşky gurwawy gorap saklamak we gowulandyrmak bilen baglanyşykly meseleleri öwrenmek üçin geçirilýär.
7. Marketing analizi çig mal bazarlaryny, taýýar önümleri ýerleşdirmek üçin bazarlary, önümleriň konkurent başarjaňlygyny, islegleri we teklipleri we şuňa meňzeş meseleleri öwrenmek üçin alnyp barylýar.

Dördünji alamat boýunça analiz şu görnüşlere bölünýär:

1. Deňeşdirme analizi.
2. Faktor analizi.
3. Ykdysady matematiki analiz we beýlekiler.

Bäşinji alamat boýunça ykdysady analiz içerki analiz we daşarky analiz diýen görnüşlere bölünýär. Içerki analiz kärhananyň öz güýji bilen geçirilýär. Daşarky analiz hasabatyň esasynda dolandyryş, maliýe-kredit edaralary we şuňa meňzeş tarapyndan geçirilýär.

Altynjy alamat boýunça ykdysady analiz tutuşlaýyn we bölekleýin analiz diýen görnüşlere bölünýär.

Ýedinji alamat boýunça ykdysady analiz toplumlaýyn analiz we tematik analiz görnüşlerine bölünýär.

Toplumlaýyn analiz geçirilende obýekt tutuşlygyna hemmetaraplaýyn öwrenilýär.

Tematik analiz geçirilende, obýekt belli bir tema boýunça öwrenilýär.

Ykdysady analiziň ýedi alamat boýunça görnüşlere bölünýändigini, ol alamatlaryň birinjisi bolan wagt alamaty boýunça analiziň deslapky we soňky analiz görnüşlerine bölünýändigini 6-njy sapakda belläp geçipdik.

Deslapky analize perspektiw analiz hem diýilýär. Ykdysady analiziň bu görnüşi hojalyk operasiýalary amala aşyrylmazyndan öň geçirilýär. Bu analiz dolandyryş çözgütlerini we meýilnama-tabşyryklaryny esaslandyrmak üçin, kärhananyň iş görkezijileriniň geljek döwürdäki ýagdaýyny çaklamak üçin hem-de islenilmeýän netijeleriň öňüni almak üçin zerurdyr.

Wagt alamaty boýunça geçirilýän analiziň ikinji görnüşine soňky analiz diýilýändigini ýokarda belläp geçipdik. Soňky analiz hojalyk operasiýalary amala aşyrylandan soň geçirilýär. Analiziň bu görnüşi planlaryň ýerine ýetirilişine barlagy alyp barmak üçin, kärhananyň iş netijelerine obýektiw baha bermek üçin we önümçilik rezerwlerini ýüze çykarmak üçin ulanylýar. Öz gezeginde soňky analiziň iki topara bölünýändigini bellemek gerek. Olaryň birinjisine netije analizi diýilýär. Netije analizi häzirki döwürde, ýagny şu günlerde geçirilýändigi üçin, oňa gündelik analizi hem diýilýär.

Gündelik analizi hasabat döwri boýunça, ýagny kwartal, ýarym ýyl, ýyl boýunça amala aşyrylýar. Kärhananyň işi hasabat we meýilnama maglumatlarynyň esasynda öwrenilýär we onuň işine doly baha berilýär.

Soňky analiziň ikinji görnüşine operatiw analiz diýilýär. Operatiw analiz operatiw hasabyň we operatiw hasabatyň maglumatlary boýunça hem-de önümçilik prosesi amala aşyrylan badyna onuň netijeleri boýunça geçirilýär.

Operatiw analizi geçirip, smenanyň, bir günüň, bäş günüň, hepdäniň, on günüň we bir aýyň maglumatlary boýunça kärhananyň işine baha berilýär.

Operatiw ykdysady analiziň esasy maksady öwrenilýän görkezijiler boýunça näsazlyklary öz wagtynda ýüze çykarmakdan we öwrenmekden hem-de olar barada maglumatlary kärhananyň ýolbaşçylaryna ýetirmekden ybaratdyr. Operatiw ykdysady analiziň netijeleri boýunça operatiw kararlar kabul edilýär. Bu operatiw maglumatlar önümçilige täsir etmäge, içerki rezerwleri ýüze çykarmaga hem-de önümçilik prosesine zerur bolan düzedişleri girizmäge mümkinçilik berýär.

## Bap 2. Hojalyk işiniň analiziniň usuly we usulyýeti

### 2.1. Hojalyk işiniň analiziniň usuly, onuň aýratynlyklary

Hojalyk işiniň analiziniň usuly diýip ylymyň giňişleýin düşünjede predmetiň öwrenilişine aýdylýar. Ylmy tarapdan esaslandyrylan usul islendik ylymy öwrenmek üçin zerur bolup durýar. Hojalyk işiniň analiziň özüne mahsus bolan usuly deňeşdirmedir. Deňeşdirilende kärhananyň esasy, önümçilik prosesinde bar bolan görkezijileriniň meýilnamasy, hasabat bilen deňeşdirilýär we tapawut (+,-) kesgitlenilýär, meýilnamanyň ýerine ýetirilişi göterim (%) görnüşinde hasaplanyp, bar bolan tapawudyň sebäbi görkezilýär.

Deňeşdirme usuly hojalyk işiniň analizinde iň bir köp ulanylýan usuldyr. Mysal üçin, önüm goýbermek boýunça meýilnamanyň amal edilşi, önüm goýbermekde sazlaşykly goýberilişi we onuň ortaça göterim hasabyna ýerine ýetirilişi, kärhananyň esasy serişdeler bilen üpjünçiligi, onuň düzümi we görnüşleri boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilişi, goýberilýän önümiň hili boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilişi, onuň ortaça sortlylygyny hasaplamak we amal edilşini kesgitlemek. Ýokarda getirilen mysallar diňe meýilnama bilen hasabat deňeşdirilip netijä gelinýär.

Deňeşdirme usuly hojalyk işiniň analizinde iňbir giň ýaýran usuldyr we onuň ykdysady analizda we beýleki pudaklarda ulanylyş derejesi ýokarydyr. Deňeşdirme usuly ulanylanda diňe bir meýilnama bilen hasabat deňeşdirilmän, kärhananyň hasabat ýylyndaky netijeleri geçen ýylkylar bilen ýa-da pudak ara kärhanalaryň, öňde baryjy kärhanalaryň hasabatlary bilen deňeşdirilýär. Bu deňeşdirmäniň esasy wezipesi, analiz geçirilýän kärhananyň ykdysadyýetde beýleki kärhanalaryň arasynda tutýan ornyny kesgitlemek üçin geçirilýär.

Maglumatlary deňeşdirme ylmy usulyýet edebiýatlarda, pudaklaryň köpisinde ulanylýar. Ýöne ykdysady analizde ol usul esasy hasaplanyp hojalyk işiniň analize şondan hem başlanýar. Deňeşdirmäniň birnäçe görnüşleriniň barlygyny ýokarda belläp geçdik. Ýöne ykdysady analiziň esasy wezipesi kärhananyň döwlet tarapyndan berilen meýilnamasyny ýerine ýetirmegi, meýilnamanyň düzülşiniň bar bolan mümkinçiliklerini öz içine alynyp düzülşi deňeşdirme usulynyň özeni bolup durýar we meýilnama bilen hasabatda getirilen maglumatlar deňeşdirilip netije çykarylýar. Meýilnama bilen hasabat maglumatlarynyň deňeşdirme esasynda takyklanan tapawudy (+,-) möçberi analiziň esasy dowam etdiriljek obýekti bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde meýilnamanyň düzülende hil tarapdan onuň gorylygy barlanýar, ýagny kärhananyň ykdysady mümkinçilikleri doly hasaba alynypmy.

Deňeşdirme şonuň ýalyda geçen döwürdäki maglumatlar hem ykdysady analizda ulanylýar. Analiz 1 günlik, 10 günlik, bir aý, bir çäriýek, 1 ýyl – deňeşdirilýär.

Hojalyk işiniň analiziniň usulyýetiniň ýene-de bir aýratynlygy ol ýeke bir sebäpleri takyklaman hojalyk işiniň alnyp barylyşynda mukdar tarapdan häsiýetnama bermän, eýsem täsir edýän faktorlaryň haýsy möçberde kärhananyň ahyrky netijesini edýän täsirini hem kesgitleýär.

Umumy kärhananyň hojalyk işi alnyp barylanda umumy maglumatlar boýunça zähmet öndürijiligi pes derejede ösýär, esasy serişdeleriň ulanylşynyň netijeliligi berilen tabşyryklardan pes ýa-da alynýan kärhananyň peýdasy meýilnamadan pes derejede, ýöne bu bellilikler, görkezijileri ýokarlandyrmagyň sebäplerini alynmaýar we düzelmegine takyk teklip berip bilmeýär. Şol sebäpli umumy ykdysady ýagdaýy kadalaşdyrmak üçin, umumy görkezijileri böleklere bölüp, önümçiligiň netijelerini gowylandyrmak üçin, oňa täsir edýän faktorlary saýlap almaly. Şol işleri amala aşyrmak üçin hem ykdysady analiziň ähmiýeti bimöçberdir.

Analiz geçirilende kärhananyň önümçilik prosesinde içki peýdaly we zyýanly gapma-garşylyklarynyň her bir hojalyk prosessine edýän täsiri öwrenilýär. Şularyň hemmesi hojalyk işiniň analiziniň ykdysady ylymlaryň arasynda aýratynlyklarynyň biridir. Bu aýratynlyklar barada ykdysadyýete edýän täsiri barada birnäçe takyk mysallary getirip bolar. Mysal üçin, ylmy-tehniki prosessiň önümçilige, onuň mukdarynyň köpelmegine, hiliniň ýokarlanmagyna, zähmet öndürijiliginiň ösmegine peýdanyň, düşewintliligiň ýokarlanmagyna, esasy serişdeleriň ulanylanda netijeliliginiň ýokarlanmagyna edýän täsiriniň netijesiniň ýokarydygy bellidir. Şol bir wagtyň özünde onuň ýaramaz täsirlerini hem ýatdan çykarmaly däldir. Ýagny onuň daşky gurşagy hapalamagy, ýaramaz jisimleri, gazlary ýaýradyp, howany zäherlemegi.

Analiz geçirilende şularyň hemmesi hasaba alynyp, ylmy tarapdan esaslandyrylan kanunlar esasynda iş alyp barmalydyr.

Analiz geçen wagtlar bilen deňeşdirilende belli kynçylyklar ýüze çykýar. Sebäbi wagtyň geçmegi bilen deňeşdirme şertleriniň düzgüni bozulýar. Mysal üçin, umumy, jemi, haryt önümi, satylan önümiň bahasyny hereket edýän bahalarda, birnäçe ýylyň dowamynda deňeşdirme ýalňyş bolar.

Anakiz geçirilende kärhananyň hojalyk işleriniň hemmesiniň biri-biri bilen baglylygyny hasaba almaly we şol nukdaý nazardan hojalyk işiniň analizini amala aşyrmaly. Hojalyk işiniň analizinda geçirilen şol arabaglanyşygy we soraglaryň özara dahyllylygyny hasaba alman, olary aýratynlykda seretmeklik nädogry bolar. Mysal üçin, analiz geçirilende kärhanada ylmy tehniki (progressiň) täzelikleriň önümçilige ornaşdyrylanda onuň, önümiň önümçilige düşýän gymmatyna edýän täsirini diňe göniden-göni hasaba almak eýsem onuň gytaklaýyn täsirini hasaba almalydyr. Önümçilikde her bir täzelik, döwrebap tehnikany ornaşdyrmak belli bir derejede, çykdajylar bilen baglydyr we önümiň özüne düşýän gymmatyny ýokarlandyrýar. Şol bir wagtyň özünde kärhanada işçileriň zähmet öndürijiligide artýar.

Zähmet önürijiliginiň artmagy öz nobatynda işçileriň töleg fondunyň tygşytlanmagyna we kärhananyň umumy maliýe ýagdaýynyň durnuklylygyna ýardam edýär. Ykdysadyýetde eger zähmet öndürijiliginiň ösüş derejesi önümçilik çykdajylaryndan ýokary bolsa, önümiň özüne düşýän gymmaty peselýär we tersine. Şonuň üçin senagat kärhanalarynda, onuň ykdysadyýeti analiz edilende soraglaryň biri-biri bilen baglylygyny, garaşlylygyny önümçiligiň hemme görnüşinde, soraglarynda hasaba alynmalydyr. Şularyň hemmesi bilelikde hojalyk işiniň analizi geçirilende analiziň esasy usulyýeti we usuly bolup durýar.

## 2.2. Hojalyk işiniň analiziniň usulyýeti

Hojalyk işiniň analiziniň usulyýeti döwlet gurlyşynyň ykdysady gatnaşyklaryny öwrenmegiň esasy guraly bolup hyzmat edýär. Kärhanalarda bolup geçýän ykdysady görkezijileriň üýtgeýşini ykdysady nazaryýet dersi görkezýär. Ykdysady kanunlary kärhanalarda öwredýän, ykdysady nazaryýet dersi, şol ýerde umumy hadysalary jemläp döwletiň ösüşini görkezýär, her bir aýratyn görkeziji maglumat onuň san görnüşinde häsiýetnamasyny, özboluşlylygyny aňladýar. Görkezijileriň möçberi analiz geçirilýän ýeriň kärhananyň çalşyrylmagyna, üýtgemegine garaşly bolup ulanylýan usulyýete bagly bolup durýar. Şu ýerde ulanylýan usulyýet analiz geçirilýän kärhanada onuň hemme taraplaýyn (kompleksleýin) ykdysady analizi geçirmäge mümkinçilik döredýär.

Analiz görkezijileri iki bölege bölünýär, pul görnüşde we natural haryt görnüşinde.

Birinjisine görkezijiler ykdysady obýekt pul görnüşinde görkezilýär, ikinji görkeziji, ölçeg birligi (meýdan kw/m, görnüş, kuwwatlylyk we ş.m.) şonuň ýalyda zähmet görkezijileri adam-gün, adam sagat.

Öz gezeginde natural we pul görkezijileri absolýut we otnositel görkezijiler bölünýär.

Ykdysady analiz geçirilende kärhanalarda görkezijiler öz manysy boýunça san we hil görkezijilerine bölünýär. San tarapdan görkezijilere analiz geçirilýän kärhananyň işçileriniň sany, esasy serişdeleriň, jemi önümleriň mukdary, ýerleşdirilen önümiň mukdary we ş.m.

Analiz geçirilende bellemeli zadyň biri görkezijileriň san we mukdar tarapdan bölünmegi şertlidir, sebäbi maglumatlaryň haýsy bir görkezijiniň bölümine gönükdirilmesi geçirilýän analiziň ykdysady ugruna bagly bolup durýar.

Hojalyk işiniň analizi geçirilende nazary tarapdan hil we mukdar tarapdan geçirilýän analize düşünje berilse artykmaçlyk etmez.

Mukdar tarapdan ykdysady analiz diýip kärhananyň hojalyk işiniň ýüze çykýan mukdar tarapdan kesgitlenýän görkezijilerinde san görkezijilerine aýdylýar.

Şonuň ýaly analiz işlenilen usulyýetli bolup, onuň esasyny düzýän matematiki modeldir. Hil ykdysady analiz köplenç ýagdaýda kärhanalarda belli bir sebäplere görä mukdar san görnüşinde ulanyp bolmaýan ýagdaýlarda ulanylýar. Bular ýaly ykdysady analiz, ýüzleý häsiýete eýedir.

Soňky wagtlarda ykdysady analiziň usulyýeti gün-günden kämilleşýär, şonuň netijesinde görkezijileriň sany köpelýär we onuň hil tarapdan analiz edilmegini belli bir derejede çäklendirýär.

Hojalyk işiniň analiziniň usulyýetinde esasy wezipe kärhanada birnäçe sebäpler önümçilige, onuň mukdaryna täsir edýänligi sebäpli olary ýüze çykaryp täsir edýän sebäpleri boýunça önümiň göwrümine edýän täsirini kesgitlemeli.

Ykdysady analiziň esasy wezipesi önümçilige onuň möçberine täsir edýän sebäpleri ýüze çykaryp analiziň usulyýetine duýdyryş bermekdir. Analitiki maglumatlar işlenende onuň alyp barmanyň usulyýeti köp sanly çylşyrymly we ýönekeý faktorlary, sebäpleri ýüze çykarýar. Kärhananyň ykdysadyýetiniň

öwredilşi ýaly eger ýönekeý sebäpler (faktor) bir sebäbiň täsiriniň esasynda ýüze çykýan bolsa, ony takyklamak çylşyrymly bolmaýar, munuň tersine çylşyrymly sebäpleriň önümçilige täsirine köpsanly sebäpleri öwrenip netije çykarmaly bolýar. Munuň özi analitiki işi belli bir derejede çylşyrymlaşdyrýar. Sebäbi önümçilige täsir edýän çylşyrymly faktorlar biri-birine bagly bolup, özara biri-birine garaşly bolup durýar.

Hojalyk işiniň analizi geçirilende, onuň önümçilik meýilnamasynyň esasy görkezijileriniň ýerine ýetirilişine düýpli baha berilýär. Doly baha bermek üçin hojalyk işine, önumçiligiň hemme tapgyrynda, oňa täsir eden (+,-) gowy, ýaramaz sebäpleri aýdyňlaşdyrylmaly. Ol sebäpleri anyklamak üçin, analiz geçirilýän kärhananyň haýsy önümçilik bilen meşgul bolýanyna garamazdan täsir edýän sebäpler iki bölege bölünýär.

1. Obýektiw (analiz geçirilýän kärhananyň önümçiligine bagly däl)
2. Subýektiw (kärhananyň hojalyk işine bagly)

Şonuň üçin kärhanalarda hojalyk işiniň analizi geçirilende takyk önümçilige täsir edýän sebäpleri ýüze çykaryp, ony ölçemek üçin birnäçe toplum, ýöriteleşdirilen iş usulyýeti ulanylýar.

Hojalyk işiniň analiziniň usulyýeti pudaklaýyn kärhananyň işinde, olaryň önümçilik tejribesinde zerurlyk bolany üçin ýüze çykýan hojalyk işiniň analiziniň taryhy, onuň usulyýeti barada şuny öwrenýän alymlar, ylym görnüşinde köp ýyllaryň dowamynda, öwerenilip onuň ýyl-ýyldan kämilleşýänligini belleýär. Şonuň netijesinde hojalyk işiniň analizinde öwrenilýän, analiz geçirilýän soraglaryň köpelmegi we analiz döwründe onuň usulyýetiniň kämilleşmegi adaty ýagdaýdyr.

Hojalyk işiniň analizi pudaklaýyn kärhanalaryň hemmesinde onuň usulyýetiniň, kämilleşmeginiň netijesinde, analiz geçirilýän soraglaryň artmagy bilen, onuň оперативность (çaltlylygy) artýar. Şonuň netijesinde analiz geçirilende diňe maglumatlar geçen ýylky bilen deňeşdirilmän, önümçiligi dolandyrmagyň usulyýeti, günlük, has az wagtyň, deslapky analiz etmek zerurlygy ýüze çykýar we şonuň esasynda hil tarapdan ykdysady işleriň ýokarlanmagy sebäpli ykdysady analiz ýüze çykýar.

Häzirki zamanada ykdysady ylymlaryň ösmegi bilen, analiziň usulyýetinde, birnäçe usullaryň ýüze çykmagy bilen, görkezijileriň kämilleşdirilmegi, hojalyk işiniň analizi täze görnüşde, analiz geçirilýän kärhananyň ykdysadyýetini ösdürmekde, onuň dolandyrylyşyny kämilleşdirmekde esasy gural bolup durýar.

Hojalyk işiniň analizi düşünjesi onuň usulyýeti barada doly häsiýetmana bermeýär. Şol sebäpli ykdysady analiziň usulynyň aýratynlyklaryna gysgaça düşünje bermeli.

1. Ykdysady analiza hemmetaraplaýyn, önümçiligiň meselelerinin biri-biri baglanyşyklygyna nazara alyp, çemeleşmek. Hojalyk işinin analizi geçirilende, kompleksleýin kärhana çylşyrymly sistemadyr we onuň işiniň netijesi barada dogry netije çykarmak diňe önümçiligiň soraglarynyň biri-birine baglanşygyny, olaryň

özara dahyllylygyna hasaba almagyň netijesinde amala aşyryp bolar. Käbir halatda hojalyk işiniň analizi geçirilende ýokarda getirilen düzgün berjaý edilmeýär, netijede kärhanany dolandyrmakda kabul edilýän çözgüdiň kärhana üçin ýaramaz täsirine alyp barýar. Mysal üçin kärhananyň önüm goýbermekde, onuň belli bir böleginiň zaýa bolmagy mümkin. Onuň netijesi göniden-göni önümiň önümçilige düşýän gymmatyna ýaramaz täsir edýär, ýagny ony gymmatladýar. Iş ýüzünde zaýa önümi, kärhananyň işiniň aýratynlygyny hasaba hasaba alman ony iş ýüzünde aýyrman gelejekde önümiň özüne düşýän gymmatynda rezerw hasap edilýär.
Şu ýerde kärhanalarda, dürli pudaklar olaryň önümçilik aýratynlyklaryny hasaba almaýarlar. Senagat kärhanalarynda käbir ýagdaýda zaýa önüm goýbermezden işlemek mümkinçligi ýok. Mysal üçin aýna-zawodlary, metallurgiýa, farfor-faýans zawodlary, gök önümleri gaýtadan işleýän kärhanalar we ş.m. Bu kärhanalaryň meýilnamasynda zaýa önümiň möçberi udel agramynda (%) görkezilýär we analiz geçirilende hasabat boýunça goýberilen zaýa önümiň möçberi hasabat bilen deňeşdirilip netije çykarylýar.
Kärhanalaryň beýleki bir görnüşinde eger zaýa önüm goýbermezden önümçilikde şert bar bolsa, onuň ýaly kärhanada zaýa önüm meýilnamalaşdyrylmaýar. Oňa garamazdan zaýa önüm goýberilýär, şonuň üçin analiz geçirmeli bolýar. Olar ýaly kärhanalarda goýberilen zaýa önümiň möçberi, umumy önümiň näçe göterimini tutýanlygyny hasaplap, hasabat ýyly geçen ýylky bilen deňeşdirilip netije çykarylýar, we zaýa önümiň möçberi önümiň önümçilige düşýän gymmatyny peseltmek üçin rezerw hasap edilýär.
2. Ikinji analiz geçirilende kärhananyň hasap-hasabatlarynyň hemmesi, kärhananyň önümçilik maliýe meýilnamasy, hasapda durmaýan maglumatlar, maliýe salgyt, statistiki we gözegçilik gullugynyň, banklaryň we edaralarynyň barlag geçirip ýazan resminamalary, şonuň ýaly-da önümçilik boýunça geçirilýän ýygnaklary protokollary ulanylýar. Kärhananyň çylşyrymly maliýe önümçilik hojalyk işi köp görnüşli maglumatlara mätäç bolýar. Köplenç ýagdaýda analiz geçirilen kärhananyň ýyllyk hasabaty ulanylyp, onuň meýilnamasyny hasabat bilen deňeşdirip ýerine ýetirilişi kesgitlenerdi. Munuň özi ýüzleý analiz bolup, işi gowylandyrmak üçin operatiw çözgüdi işläp düzmäge mümkinçilik berilmeýärdi. Onuň bilen birlikde kärhananyň meýilnamasy, onuň önümçiligi alynyp barlyşyny öz içine almaýar. Bulardan başgada kärhananyň meýilnamasy hemme önümçilikde bolýan işleriň aýratynlyklaryny öz içine almaýar, kärhananyň onda görkezilýän maglumatlary doly däldir.
Bizi belli bolşy ýaly ýyllyk buhgalter hasabatynda, goýberilýän önümiň hili barada hiç hili maglumat ýokdyr. Şonuň ýalyda kärhananyň önüm goýbermegiň, onuň sazlaşykly goýberilişiniň meýilnamalarynyň berjaý edilişi, bar bolan tapawutlaryň, azalmagy ýa-da köpelmegi barada hiç hili maglumat berilmeýär. Şonuň ýaly-da işçileriň zähmet öndürijiligi baradaky maglumatlar, olaryň iş ukyplylygy,

Bu iş amala aşyrylanda şol ugurda geçirilen ylmy tejribäni giňden ulanmaly, muňa çözgüdi gözlenýän çylşyrymly (tehniki, ykdysady, sosial-ykdysady we ş.m.) degişlidir. Şonuň ýaly analiz gurnalanda dürli-dürli hereket edip sistem-analiz ulanylýar – we onuň esasy wezipesi umumy öňde goýylan maksady ýerine ýetirmekdir.

Bazar ykdysady gatnaşyklarynda ykdysady analiziň ähmiýeti günsaýyn artýar.

Ykdysady analiz özara baglanyşykly geçirilende şu aşakdaky tapgyrlar boýunça amala aşyrylýar.

1. Birinji tapgyrda analiz geçirilýän kärhana üçin onuň iş maksady we işleniş şerti kesgitlenilýär.

Kärhananyň hojalyk işini üç sany biri-biri bilen baglanyşykly ulgam görnüşinde seredip bolar: resurslar, önümçilik prosessi, taýýar önüm.

Bu ulgamda giriş – çig mal, harajatlar we beýlekiler, resurslar (serişdeler we zähmet enjamlary) we zähmet resurslarynyň akymy, ahyrky çykyş – material haryt akymy – taýýar önüm has takygy önümçilik prosessiniň netijesinde önümçilik resurslary birleşip, goşulyşyp taýýar önüme öwrülýär. Senagat kärhanasynyň işleýiş şerti onuň esasy görkezijiler boýunça, önüm goýbermek boýunça meýilnamasyny ýerine ýetirmek bolup durýar.

Kärhanada arabaglanyşyk görkezijiler boýunça ykdysady analiz geçirmek üçin kärhananyň ykdysady işini hil tarapdan kämilleşdirmek we oňa häsiýetnama bermek bolup durýar.

Kärhananyň hojalyk işinde esasy görkezijileriniň umumy düzüminiň analiziniň shemasyna seredeliň.

**Kompleksleýin ykdysady analiziň umumy shemasy**




Kärhanada önümçilik resurslarynyň ulanylşynyň netijeliligi şu aşakdaky ýaly aňladylýar:

1. Kärhananyň öndüren we ýerleşdiren önümininiň hili we mukdary (önümiň hili näçe ýokary bolsa, şonça-da önümiň mukdary ýokarlanýar, kärhananyň lomaý-söwda bahasynda).
2. Önümçilikde sarp edilen harajatlaryň möçberine ýa-da önümiň önümçilige düşýän gymmatyna.
3. Kärhanada ulanylan resurslar ýa-da hojalyk işi üçin esasy we aýlanşyk serişdeleriniň möçberi.

Kärhananyň ykdysady önümçilik gatnaşyklary, ykdysady ylymlaryň öwrenýän wezipesi bolup durýar we öndüriji güýçler bilen ýakyn aragatnaşykdadyr. Onuň many mazmuny kärhananyň önümçilik tehniki şertlerini häsiýetlendirip, kärhananyň öndüriji güýçlerine we onuň ykdysady kuwwatyna baglydyr.

## Bap 3. Hojalyk işiniň analizinde ulanylýan ykdysady-matematiki usullar

### 3.1. Ykdysady – matematiki usullaryň ykdysady analizde ulanmagyň ähmiýeti

Hojalyk işleriniň analizinde ykdysady – matematiki usyllar hem ulanylýar. Şu usullar – integral usuly, grafik usuly, paýlamak usuly, simpleks usuly, matrisa usuly, korrelýasiýa nazaryýetiniň usullary we beýleki ykdysady – matematiki usullardyr. Bu usullaryň ykdysady analizde ulanylmagynyň örän uly ähmiýeti bar. Sebäbi, olaryň ulanylmagy öwrenilýän faktorlary giňeltmäge, kabul edilýän dolandyryş çözgütlerini esaslandyrmaga, önümçilik resurslaryny ulanmagyň optimal wariantyny hem-de önümçiligiň rezerwlerini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Bularyň hasabyna bolsa ykdysady analiziň netijeliligi ýokarlanýar.

Ykdysady – matematiki usullaryň tejribede ulanylyşyna mysal hökmünde paýlamak usuly bilen dükanlaryň ammarynda amatly berkidilendiginiň öwrenilişine seredeliň.

Lomaý bazalaryň ammarlary dükanlaryň onlarçasyny we ýüzlerçesini harytlar bilen üpjün edýär. Ammarlary dükanlara ýük daşalanda tejribede hemişe iň gysga aralyk saýlanyp durulmaýar. Şonuň üçin ýükleriň amatly daşalýandygyny barlamak zerurlygy ýüze çykýar. Bu soragy çözmek üçin ýükleriň daşalyşynyň hakyky ýagdaýyndan ugur alnyp, 1-nji tablisa düzülýär we ýük dolanyşygynyň hakyky möçberi kesgitlenilýär. Soňra matematiki deňlemeler we deňsizlikler görnüşinde meseläniň çäklendirmeleri düzülýär. Maksat funksiýasy matematiki formada aňladylýar. 1-nji tablisanyň maglumatlary boýunça maksat funksiýasynyň birinji bahasy kesgitlenýär. Birinji tablisadan ikinji tablisa geçmek üçin, ýagny meseläniň çözgüdini gowulandyrmak üçin birinji tablisanyň boş öýlerine baha berilýär. Tablisanyň boş we eýeli öýleriniň arasyndaky baglanyşyk köpburçlugyň kömegi bilen aňladylýar. Onuň bir depesi boş öýde, beýleki depeleri bolsa eýeli öýlerde bolmalydyr. Köpburçlugyň boş öýdäki depesi + alamaty bilen, beýleki depeleri bolsa yzygiderli – we + alamatlary bilen bellenilýär. Eger-de aralyklaryň algebraik jemi otrisatel sana deň bolsa, ýagny noldan kiçi bolsa, onda munuň özi meseläniň çözgüdini gowulandyryp boljakdygyny görkezýär.

Ikinji tablisa geçip, meseläniň çözgüdini gowulandyrmak üçin birinji tablisanyň otrisatel alamaty öýlerdäki ýükleriň iň kiçi bahasyny (ululygyny) otrisatel alamatly öýlerden aýyrmaly, položitel alamatly öýlere bolsa goşmaly. Netijede ikinji tablisany alýarys. Bir tablisadan beýleki tablisa geçiş prosesi şunuň ýaly dowam etdirilýär. Soňky tablisalaryň haýsy hem bolsa birindäki boş öýleriň hemmesiniň bahalary položitel sana deň bolsa, onda bu ýagdaý şol tablisada meseläniň optimal çözgüdiniň alnandygyny görkezýär. Iň soňky tablisanyň we birinji tablisanyň maglumatlary boýunça ýük dolanşygynyň möçberiniň näçe azalandygy kesgitlenýär.

Ykdysady analizde ykdysady-matematiki usullar ulanylanda öwrenilýän prosesiň modeli düzülýär. Ykdysady-matematiki usullary we modelleri ulanyp, prosesler mukdar taýdan ölçenilýär hem-de olaryň mundan beýläkki ösüşiniň optimal çözgüdi kesgitlenilýär.

Ykdysady analiz geçirilende faktor ulgamlaryny modelirlemek hem ulanylýar. Modelirlemegiň mazmuny öwrenilýän görkeziji bilen faktorlaryň arasyndaky baglanyşygy matematiki deňlemeleriň üsti bilen aňlatmakdan ybaratdyr. Şeýlelikde, öwrenilýän obýektiň modeli döredilýär.

Ykdysady analizde faktor modeliniň dört görnüşi ulanylýar. Faktor modeliniň birinji görnüşinde netije görkezijisi faktor görkezijileriniň algebraik jemi görnüşinde aňladylýar. Faktor modeliniň ikinji görnüşinde netije görkezijisi faktor görkezijileriniň köpeltmek hasyly görnüşinde aňladylýar. Faktor modeliniň üçünji görnüşinde netije görkezijisi faktor görkezijisiniň biriniň ululygynyň olaryň beýlekisiniň ululygyna gatnaşygy görnüşinde aňladylýar. Faktor modeliniň dördünji görnüşi birinji, ikinji we üçünji faktor modelleriniň dürli kombinasiýalarynyň utgaşygy görnüşinde aňladylýar.

Analiziň dowamynda faktor modelleri yzygiderli detallaşdyrylýar.

Faktor modeliniň üçünji görnüşini özgertmek üçin şu aşakdaky usullar ulanylýar:

1. Faktor ulgamyny uzaltmak usuly.
2. Faktor ulgamyny formal dagatmak usuly.
3. Faktor ulgamyny giňeltmek usuly.
4. Faktor ulgamyny gysgaltmak usuly.

Uzaltmak usuly ulanylanda faktor modeliniň üçünji görnüşinde sanawjynyň uzaldylmagy göz öňünde tutulýar. Bu özgertmäniň netijesinde faktor modeliniň üçünji görnüşi faktor modeliniň birinji görnüşine eýe bolýar.

Formal dagatmak usuly ulanylanda faktor modeliniň üçünji görnüşinde maýdalawjynyň uzaldylmagy göz öňünde tutulýar.

Giňeltmek usuly ulanylanda faktor modeliniň üçünji görnüşinde sanawjyny we maýdalawjyny bir ýa-da birnäçe täze görkezijileriň ululygyna köpeldip, berlen faktor modeli giňeldilýär. Bu özgertmäniň netijesinde faktor modeliniň üçünji görnüşi faktor modeliniň ikinji görnüşine eýe bolýar.

Gysgaltmak usuly ulanylanda faktor modeliniň üçünji görnüşinde sanawjyny we maýdalawjyny şol bir görkezijiniň ululygyna bölýärler. Bu özgertmäniň netijesinde berlen faktor modeline meňzeş başga faktor modeli alynýar.

Faktor modelini özgertmek üçin birnäçe usullaryň yzygiderli ulanylýandygyny hem bellemek gerek. Mysal üçin, fondlaryň özüni ödeýşi görkezijisini özgertmek üçin uzaltmak we giňeltmek usullaryny yzygiderli ulanyp, bu görkezijä şu aşakdaky üç faktoryň täsir edýändigi anyklanýar:

1. Esasy serişdeleriň düşewüntliligi.
2. Esasy we dolanyşyk serişdeleriniň gatnaşygy.
3. Dolanyşyk serişdeleriniň aýlanyşyk koeffisiýenti.

Bu faktorlaryň täsirini kesgitlemek üçin yzygiderli çalşyrmalar usuly ýa-da onuň görnüşleri bolan absolýut we otnositel tapawut usullary ulanylýar.

## 3.2. Ykdysady – matematiki usullaryň toparlanyşy

Senagat kärhanalaryny dolandyrmakda we ykdysady analiz geçirilende şu aşakdaky usullar ulanylýar:

1. Matematiki programmirowaniýa-lineýnyý, nelineýnyý, dinamiki;
2. Ähtimallyk nazaryýeti we matematiki statistika-korrelýasiýa analiziniň nazaryýeti we regressiý, disporsion analiz, köpçilikleýin hyzmat ediş, ätiýaçlyklar, ygtybarlylyk, statistiki çözgütler, raspisaniýe statistiki modelirlemek;
3. Balanslar – pudakara balans, tehniki senagat maliýe meýilnamasynyň matrisa görnüşinde düzülşi;
4. Ekonomometriki – önümçilik funksiýasy milli hasapçylyk;
5. Grafiki – usul, matrisa, setewoý;
6. Ykdysady kibernetika – sistemleýin analiz, imitasiýa metody, okuw metody;
7. Grafliki usul. Graflar nazaryýeti – setleýin meýilnamalaşdyrylmak, transport meseleleriniň setlerde çözülşi we ş.m. ;
8. Matematiki meýilnamalaşdyrylyşynyň nazaryýeti, ekstremal tejribe doly drob faktor tejribesi we ş.m.;
9. Çaklama – intuitiwnyýe, gözlegçilik normatiw garşylyklaýyn aragatnaşyk.

Ýokarda görkezilen usullaryň ulanylşy adaty çemeleşmekden aýratynlykda tapgyrlaýyn amala aşyrylýar. Etaplaryň sany ulanylýan matematiki usullara bagly bolup köpsanly ýa-da az sanly bolup biler. Mysal üçin, korellýasion analizda usulynda birnäçe önümçilikde biri-biri bilen bagly bolan meseleler etaplaýyn öwrenilýär, öwrenilýän maksadyň taslamasy düzülýär, analiziň maksady aýdyňlaşdyrylýar, çözülmeli mesele matematiki formula getirilýär.

Esasy faktor saýlanyp alynýar, esasy faktorlary saýlap täsirini analizi geçirilýän obýektde kesgitlemek, habarlary ýygnap, toparlara bölüp ilkinji taýýarlaýyş işini geçirmek; deňleme görnüşini düzmek, takyk analitiki garaşlylygy takyklamak, korellýasiýanyň koeffisiýentini hasaplamak, faktorlaryň häsiýetnamasy olaryň biri-birine garaşlylygyny takyklap we alynan netijeleri ykdysady analiz geçirmek.

Korellýasiýa usuly bilen ykdysady analizda, ykdysady meseleleriň çözülşi, olaryň etaplaýyn kabul edilýän çözgütler bilen meňzeşliligini görkezýär.

Beýleki ykdysady matematiki usullar bilen çözülýän meseleleriň amala aşyrylyşy takmynan şular ýalydyr.

Senagat kärhanalarynda hojalyk işiniň analizi geçirilende galapyn, köp ýerde has giňişleýin ulanylýan ekonomometriki, ähtimallyk nazaryýeti, matematiki programmirlemek usulydyr. Sebäbi ýokarda agzalan usullar ulanylanda kärhananyň hojalyk işini kämilleşdirmekde uly orna eýedir.

## 3.3. Ykdysady – matematiki usullaryň mazmuny we olaryň hojalyk işiniň analizinde ulanylyşy

Senagat kärhanalarynda ykdysady analizda matematiki metody ulanmak, onuň netijeliligini ýokarlandyryp, analiziň ugrunyň kämilleşmegine ýardam edýär. Munuň özi ykdysady analiziň geçirilýän wagtyny gysgaltmaga, hojalyk işine täsir edýän faktorlaryň toplumyny doly almaga, hasaplaşygy takyk almaga ýardam edýär. Bu işleri, tejribede el güýji bilen amala aşyrmak uly kynçylyklary we köp zähmet talap edijiligi bilen tapawutlanýar.

Ykdysady analizda matematiki usuly ulanmak, hojalyk işinde şu aşakdakylary talap edýär:

1. Kärhananyň ykdysadyýeti öwrenilende, bu işe sistemaleýin çemeleşmegi, bar bolan görkezijileriň özara baglanşygyny hasaba almagy talap edýär;
2. Kärhanada ykdysady matematiki modeliň kompleksleýin düzüp onuň ykdysadyýetiň öňünde goýulýan meseleleri analiziň üsti bilen çözülmegine ýardam etmek;
3. Kärhananyň ykdysady maglumatlaryny kämilleşdirmek;
4. Kärhanany döwrebap hasap-tehniki kompýutorlar bilen üpjün etmek we ykdysady analiziň ýokary derejede geçirilmegine ýardam etmek;
5. Kärhanada ýöriteleşdirilen analitikleri, ykdysadyýetçileri ykdysady matematik modelirlemekden başy çykýan hünärmenleri taýýarlamaly.

Hojalyk işleriniň analizi ykdysady – matematiki usyllar hem ulanýar. Şu usullar – integral usuly, grafik usuly, paýlamak usuly, simpleks usuly, matrisa usuly, korrelýasiýa teoriýasynyň usullary we beýleki ykdysady – matematiki usullardyr. Bu usullaryň ykdysady analizde ulanylmagynyň örän uly ähmiýeti bar. Sebäbi olaryň ulanylmagy öwrenilýän faktorlary giňeltmäge, kabul edilýän dolandyryş çözgütlerini esaslandyrmaga, önümçilik resurslaryny ulanmagyň optimal wariantyny hem-de önümçiligiň rezerwlerini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Bularyň hasabyna bolsa ykdysady analiziň netijeliligi ýokarlanýar.

Ykdysady – matematiki usullaryň tejribede ulanylyşyna mysal hökmünde paýlamak usuly bilen dükanlaryň skladlara amatly berkidilendiginiň öwrenilişine seredeliň.

Lomaý bazalaryň ammarlary dükanlaryň onlarçasyny we ýüzlerçesini harytlar bilen üpjün edýär. Ammarlardan dükanlara ýük daşalanda praktikada hemişe iň gysga aralyk saýlanyp durulmaýar. Şonuň üçin ýükleriň amatly daşalýandygyny barlamak zerurlygy ýüze çykýar. Bu soragy çözmek üçin ýükleriň daşalyşynyň hakyky ýagdaýyndan ugur alnyp, 1-nji tablisa düzülýär we ýük dolanyşygynyň hakyky möçberi kesgitlenilýär. Soňra matematiki deňlemeler we deňsizlikler görnüşinde meseläniň çäklendirmeleri düzülýär. Maksat funksiýasy matematiki formada aňladylýar. 1-nji tablisanyň maglumatlary boýunça maksat funksiýasynyň birinji bahasy kesgitlenýär. Birinji tablisadan ikinji tablisa geçmek üçin, ýagny meseläniň çözgüdini gowulandyrmak üçin birinji tablisanyň boş öýlerine baha berilýär. Tablisanyň boş we eýeli öýleriniň arasyndaky baglanyşyk köpburçlugyň kömegi bilen aňladylýar. Onuň bir depesi boş öýde, beýleki depeleri bolsa eýeli öýlerde bolmalydyr. Köpburçlugyň boş öýdäki depesi + alamaty bilen,

beýleki depeleri bolsa yzygiderli – we + alamatlary bilen bellenilýär. Eger-de aralyklaryň algebraik jemi otrisatel sana deň bolsa, ýagny noldan kiçi bolsa, onda munuň özi meseläniň çözgüdini gowulandyryp boljakdygyny görkezýär.

Ikinji tablisa geçip, meseläniň çözgüdini gowulandyrmak üçin birinji tablisanyň otrisatel alamaty öýlerdäki ýükleriň iň kiçi bahasyny (ululygyny) otrisatel alamatly öýlerden aýyrmaly, položitel alamatly öýlere bolsa goşmaly. Netijede ikinji tablisany alýarys. Bir tablisadan beýleki tablisa geçiş prosesi şunuň ýaly dowam etdirilýär. Soňky tablisalaryň haýsy hem bolsa birindäki boş öýleriň hemmesiniň bahalary položitel sana deň bolsa, onda bu ýagdaý şol tablisada meseläniň optimal çözgüdiniň alnandygyny görkezýär. Iň soňky tablisanyň we birinji tablisanyň maglumatlary boýunça ýük dolanşygynyň möçberiniň näçe azalandygy kesgitlenýär.

# Bap 4. Faktor analiziniň usulyýeti

## 4.1. Faktor analiziniň usulyýeti

Ykdysady analiz geçirilende hojalyk işiniň kärhanalarda biri-biri bilen baglylygy, olaryň birinden garaşlylygy, ykdysadyýet ylymynda mälimdir. Hojalyk işiniň analizi kärhanalarda geçirilende duýulýar we ony hasaba almak ykdysady analiziň esasy wezipesi bolup durýar. Bu baglylygyň birileri gönüden-göni önümiň mukdaryna täsir etse beýlekileri gytaklaýyn täsir edýär. Mysal üçin, senagat kärhanalarynda önümiň mukdaryna gönüden-göni işçileriň sany we olaryň zähmet öndürijiligi täsir edýär. Beýleki birnäçe faktorlar gytaklaýyn täsir edip, ýokarda getirilen faktorlaryň içine goşylýar.

Getirilen faktorlar öwrenilende we netije çykarylanda olary sebäp ýa-da kärhananyň netijesi görnüşinde hasaba alynýar. Mysal üçin, zähmet öndürijiligini kärhananyň önüminiň köpelmegi, önümiň özüne düşýän gymmatynyň derejesiniň üýtgemegi görnüşinde ikinji tarapdan kärhanada önümçilik prosessiniň täze stanoklar bilen kämilleşdirilmegi, zähmediň ylmy tarapdan gurnalýanlygy bilen düşündirilýär.

Hojalyk işiniň analizi geçirilende öwrenilýän soraglaryň biri-biri bilen baglylygy sebäpli onuň jemi birnäçe faktorlaryň täsiri astynda bolup geçýär. Has beter hem eger geçirilýän analiz düýpli hemme taraplaýyn çuňňur amala aşyrylsa.

Şulardan ugur alyp analiziň usulyýetinde öwrenilýän soraglaryň hemmesi kärhananyň ykdysadyýetine ýardam edip önümçiligi ösdürmäge gönükdirilmelidir. Çuňňur hemme taraplaýyn önümçiligi öwrenmek kärhananyň ykdysadyýetini öwrenmek usulyýetiň esasy wezipesidir. Sebäbi hemme taraplaýyn kärhananyň hojalyk işiniň analizi faktorlaryň täsirini hasaba almazdan täsirli analiz geçirmek mümkin däldir we ony dolandyrmak we ulanylmadyk rezerwleri takyklandy.

Faktor düşünje kompleksleýin analiz geçirilende birnäçe analiz edilýän görkezijileriň analiziň analiziň jeminiň möçberine edýän täsirine aýdylýar.

Faktor analiziniň usulyýetiniň öňünde şu aşakdaky wezipeler durýar:

1. Kärhanada analiz geçirilende netije beriji faktorlary saýlap almak.
2. Faktorlary ulgamlaşdyryp, tertibe getirip analiza çemeleşmek
3. Gorkezijileriň garaşlylygynyň görnüşleri boýunça jemleýji görkezijilere baglylygyny takyklamak.
4. Faktorlaryň her biriniň kärhananyň işiniň jemine edýän täsirine baha bermek
5. Analiziň faktor usulyýetiniň, görnüşiniň (tejribede we kärhanany dolandyrmakda ykdysady görkezijilere täsiri)

Kärhanada analiz geçirilende netije beriji faktorlar saýlap alynanda tejribede we nazaryýetde alynan bilimleriň esasynda alynýar. Analiz geçirilende täsir edýän faktorlar näçe köp bolsa analiziň netijesi şonça takyk bolýar. Eger şol tutuş faktorlar olaryň biri-birine baglylyk garalmasa analiziň netijesi ýalňyşlyga alyp barar. Hojalyk işiniň analizinde soraglaryň biri-biri bilen baglanşykda öwrenilmeli,

olaryň kärhananyň işine görkezijileri tertipleşdirip hatara getirmek bilen amala aşyrylyp usulyýetiň ylym görnüşinde esasy usul bolup durýarnlygy görkezýär.

Faktorlary ulgamlaşdyryp, tertibe getirip analiza çemeleşmek.

Analiz geçirilende faktorlaryň analizde esasy usulyýeti soraglaryň biri hem faktorlaryň özara baglanyşygynyň görnüşi bolup durýar we onuň işiniň netijesinde görkezýär. Bu iş amala aşyrylanda nazary we tejribe ulanylýar we şonuň ýaly-da deňeşdirme, dinamiki hatarlar we analitiki toparlama ulanylýar.

Hojalyk işiniň analizi esasy usulyýeti bolup faktorlaryň kärhananyň önümçiligine täsir edýän, önümçiligiň ahyrky netijesine täsir edýän birnäçe usullar ulanylýar. Ol usullary hojalyk işiniň analiziniň beýleki temalarynda giňişleýin seredip geçeris.

## 4.2. Ykdysady analizda faktorlaryň ulgamlaşdyrylyşy

Hojalyk işiniň analizi geçirilende faktorlaryň ulgamlaşdyrylyşy, analiziň netijeliligini ýokarlandyrmagyň esasy bir bölegi bolup durýar. Faktorlaryň ulgamlaşdyrylyşy diýip, olaryň umumy görnüşler boýunça toparlara bölünşine aýdylýar. Onuň netijesinde önümçilikde bolýan üýtgeşikleriň sebäbini anyklamaga, her bir faktoryň takyk ýerini anyklamaga we onuň netije beriji görkezijilere edýän täsirini anyklamaga ýardam edýär.

Hojalyk işiniň analizinde öwrenilýän faktorlar dürli görnüşlere görä şu aşakdakylara bölünýär. Kärhananyň hojalyk işiniň netijesine täsiri boýunça olar: esasy we ikinji derejeli, içki we daşky obýektiw we subýektiw, umumy we ýöriteleşdirilen, hemişelik we üýtgeýän, ekstensiw we intensiw.

Esasy faktorlara hojalyk işiniň netijesine aýgytlaýjy täsir edýän görkezijiler degişli.

Ikinji derejeli faktorlara hojalyk işiniň netijesine aýgytlaýjy täsir ýetirmeýän görkezijiler degişli. Analiz geçirilende käbir faktorlaryň bir wagtda hem esasy we ikinji derejeli bolmagy mümkin, munuň özi kärhananyň görkezijileriniň ykdysady ýagdaýyna bagly bolýar. Analiz geçirilende faktorlary esasyna ýa-da ikinji derejeliligine degişliligini dogry takyklamak analiz netijesi barada dogry pikir ýöretmegiň esasy bolup durýar.

Ykdysady analiz geçirilende tehniki progressiň ösüş depginiň netijesinde kärhanalarda önümçilik gatnaşyklarynyň ösen döwründe, olaryň iş netijeliligine gatnaşykda bolan gaýry kärhanalaryň täsiri hem bolýar. Mysal üçin, çig mallaryň kadaly ugradylşy, gelşi, olaryň hili, wagtynda ugradylşy, assortimenti, çig malyň bahasy, bazaryň konýukturasy, inflýasionnyý ýagdaýlar we ş.m.

Bulardan başga kärhananyň işiniň netijesine, pudakda geçirilýän üýtgeşikler, spesializasiýa, önümçilik kooperasiýasy. Bu faktor daşarky hasaplanylýar we kärhananyň işini olaryň bitiren işi hasaplanylmaýar.

Kärhananyň işine doly dogry baha bermek üçin faktorlary obýektiw we subýektiw toparlara bölmek maslahat berilýär.

Obýektiw faktor adamlaryň islegi boýunça döremeýär we oňa garaşly hem däldir. Mysal üçin, tebigy betbagtçylyk. Obýektiw faktorlardan tapawutlylykda

subýektiw faktorlar aýry-aýry kärhanalaryň, edaralaryň adamlaryň iş netijesi boýunça ýüze çykýar.

Hojalyk işiniň analizi geçirilende önümçilige täsir edýän faktorlar umumy we ýöriteleşdirilenlere bölünýär.

Umumy faktorlar pudaklaryň hemme kärhanalarynyň ykdysadyýetinde ýüze çykýar. Ýöriteleşdirilen faktorlar kärhananyň ýa-da pudagyň aýry bir alynan böleginde ýüze çykýar. Şular ýaly faktorlaryň bölünşigi aýry-aýry pudaklaryň, kärhanalaryň önümçilik birleşikleriniň aýratynlyklaryna olaryň hojalyk işlerini doly, takyk baha bermäge önümçilik döredýär.

Kärhananyň işiniň netijesini, önümçiligiň alnyp barlyşyna täsiri boýunça faktorlar hemişelik we üýtgemeýäne bölünýärler. Hemişelik faktorlara kärhananyň işine yzygiderli birnäçe ýylyň dowamynda täsir edýän faktorlara degişli.

Üýtgeýän faktorlaryň täsiri wagtal-wagtal ýüze çykýar. Mysal üçin, kärhanada täze tehnikanyň özleşdirilişi, täze önümiň özleşdirilişi, önümçiligiň täze tehnologiýasy we ş.m.

## 4.3. Faktor ulgamyny modelirlemek we özgertmek

Senagat kärhanalarynda faktor analizi geçirilende esasy görkezijileriň netijesini görkezýän, olaryň netijesiniň arabaglanşygyny modelirlemek esasynda aňladylýar.

Modelirlemek – ylmy tarapdan esaslandyrylan esasy usuly görkeziji, şunuň kömegi bilen analiz geçirilýän kärhananyň modeli düzülýär (şertli obraz). Onuň many-mazmuny analiz geçirilýän kärhananyň görkezijilerini faktorlar bilen bilelikde takyk matematiki deňlemede işläp düzüp analiza geçirýän hünärmene hödürlemek.

Faktor analizinda determinirowannyý model (funksionalnyý) we stohasiýetiçeşkiý (korellasionnyýe) saýgarylýar.

Şu faktor modeliniň kömegi bilen kärhanada jemleýji görkezijileriň arabaglanşygy (funksiýasy) we faktorlaryň argumenty barlanylýar.

Faktor sistemasy modelirlenende şu aşakdaky şertleri ýerine ýetirmeli.

1. Modele goşulýan faktorlar we modeliň özi görnüşi boýunça takyk görnüşli häsiýeti hakyky durmuşda hereket edýän, toslanan görkeziji ýa-da ululyk bolmaly däldir.
2. Ulgam goşulýan faktorlar diňe formula zerur elementlar bolman, şol bir wagtyň özünde öwrenilýän görkeziji bilen (sebäp netijeli gatnaşyklar) bolmaly .

Has takygy gurylan faktor sistemasy ugur görkeziji öwrediji häsiýete eýe bolmaly.

Причино следственный отношения – görkeziji faktor modeliniň görkezijileri matematiki abstaksiýa ugry bilen düzülen modelden has düşnükli häsiýete eýedir.

Hojalyk işiniň analizinda ulgamlaýyn çemeleşme faktorlaryň özara baglanşygyny hasaba almak bilen öwrenmegi analiz etmegi talap edýär we şol bir wagtyň özünde faktorlaryň içki-daşky täsirlerini hasaba almaly we bu işler sistematizasiýanyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Sistematizasiýa – ulgamlaşdyrmak umuman öwrenilýän hadysalary ýa-da obýektlary belli bir derejede, tertipde ýüze çykaryp olaryň arabaglanşygyny, garaşlylygyny aňlatmakdyr.

Faktorlary ulgamlaşdyrmagyň esasy ugry bolup, faktor ulgamyny determinileşdirmekdir.

Faktor sistemasyny ulgamlaşdyrmak diýmek – öwrenilýän ýagdaýy algebraiki bahada göz öňüne getirip birnäçe faktorlaryň, olaryň jeminiň bir funksional garaşlylykdadygyny subut etmekdir. Mysal üçin, senagat kärhanasynyň jemi önümini, göwrümini esasy iki faktoryň täsiri sebäpli; işçileriň ýyllyk ortaça sany we olaryň zähmet öndürijiligi bilen kesgitleýäris, bu görkeziji öz gezeginde bir işçiniň bir ýylda ortaça işlän iş gününden we şonuň ýaly-da bir işçiniň bir sagatlyk zähmet öndürijiligi bilen bagly we şoňa gönüden-göni garaşlydyr.

Ýokarda bellenen arabaglanyşyk şu aşakdaky şekil-shemada görkezilýär.

**Jemi önümiň faktorlaýyn sistemasynyň görkezijileri**




Determinileşdirilen faktor ulgamynyň ösüşi hakykatdanam diňe kompleksleýin faktorlary has çuňňur bölekleýin takyk analiziň netijesinde gazanylýar. Elementleşdirilenleri (biziň mysalymyzda- işçileriň sany, işçileriň işlän iş günleri, iş gününiň dowamlylygy) bu görkezijileri özboluşlylygy sebäpli böleklere bölmek mümkin däl.

Faktor ulgamynyň ösmegi sebäpli, kompleksleýin faktorlar ýuwaş-ýuwaşdan has beter böleklere bölünip, takyklanyp analiz geçirilýär, bu öz gezeginde ykdysady analiziň ulgamlaşdyrylyşynda has çuňňur ykdysady gözlege ýardam edýär.

Ýöne şol bir wagtyň özünde faktor ulgamynyň ösmegi belli bir derejede analiziň usulyýetinde kynçylyk döredýär. Şol sebäpli adaty ýagdaýda determinileşdirilen ulgam umumy faktorlary öz içine alýar. Şol bir wagtyň özünde has takyk faktorlar analiz edilende hojalyk işiniň analizi onuň ähmiýeti we manysy has ulydyr.

Ýokarda aýdylanlardan ugur alyp faktor ulgamyny analiz etmekde onuň esasy güýji takyk görkezijileri, faktorlary çuňňur analiz etmeklige gönükdirilen bolmalydyr.

Hojalyk işiniň analizi usulyýetinde esasy element bolup tehniki usul ulanylýar. Gysgaça bu usula ykdysady analizi geçirmegiň guraly diýip atlandyrylýar.

Bu usul hojalyk işiniň analizinde dürli etaplarynda ulanylýar; musal üçin:

1. Ýygnalan maglumatlaryň ilkinji işlenilende sistema getirilende, toparlara bölünende;
2. Faktorlaryň, kärhananyň işine edýän täsiriniň kesgitlemesi;
3. Kärhanada ulanylmadyk ätiýaçlyklary ulanyp, onuň netijeliligini ýokarlandyrmak.
4. Kärhanada geçirilen hojalyk işiniň analiziň- netijesine ulylykda baha bermek.
5. Kärhananyň ykdysady sosial ösüşiniň maksatnamasyna tehniki-ykdysady delillendirip baha bermek.

Hojalyk işiniň analizi geçirilende birnäçe usul ulanylýar. Olaryň arasynda adaty usul bolup köp ulanylýany (deňeşdirme, grafiki, balans, orta we otnositel sanlar, analitiki toparlamak).

Hojalyk işiniň analizi faktorlaryň, kärhananyň önümçilikdäki gazanan üstünliklerine edýän täsirini kesgitlemek üçin zynjyrlama usuly, absolýut we otnositel tapawut, integral usul, lineýnaýa programirowaniýa we ş.m.

Kärhanada agzalan usullaryň ulanylşy, analiziň maksadyna laýyklykda ulanylýar, onuň düýpli çuňňur geçirilşine, analiz geçirilýän obýektiň tehniki mümkinçilikleri we ş.m.

Hojalyk işiniň analizi ylmy tarapdan kämilleşdirilmegi uly ähmiýete eýe bolup, ykdysady analiziň netijeliligini ýokarlandyrmakda esasy gural bolup hyzmat edýär. Ylymda işleýän meşgul bolýan bilermenler, meşgul bolýan işlerine näçe çuňňur aralaşsa, şonça hem analiziň netijeliligi ýokarlanýar. Munuň özi diňe ykdysady analiza degişli bolman, eýsem ylymlaryň hemme pudagyna degişlidir. Soňky ýyllarda ylymyň hemme pudaklarda usuly-usulyýeti has takyk öwrenilýär. Häzirki wagtda ykdysady ylymlarda giňden matematiki metodlar ulanylýar, giňden matematiki metodlar ykdysady analizda ulanylýar, netijede analiziň takyklygy, çuňňurlygy gazanylýar.

Hojalyk işiniň analiziniň hemme obýektleri öz mazmunyny meýilnama, hasap, hasabat we beýleki çeşmelerde görkezýär.

Her bir ykdysady özgerişlik, ýeke bir resminamada görkezilmän özara baglanşykly görkezijilerde görkezilýär. Mysal üçin, esasy serişdeleriň ulanylşynyň netijeliligi, onuň önüm berijiligi, fond talap edijiligi bilen hasaplanylýar, düşewüntliligi, zähmet öndürijiligi we ş.m.

## Bap 5. Hojalyk işiniň analiziniň gurnalşy we maglumatlaryň barlanylyşy

### 5.1. Analiz işleriň meýilnamalaşdyrylşy we ony amala aşyrmagyň yzygiderliligi

Hojalyk işiniň analizi kärhanalaryň hasap bölüminiň meýilnamalaşdyryş bölümleriniň hünärmenleri, maliýe edaralarynyň etrap bölüminden başlap, minisrtlikleriniň işgärleri tarapyndan bank ulgamynyň işgärleri tarapyndan we döwlet statistiki edaralary tarapyndan geçirilip biliner, eger zerurlyk bolsa beýleki edara-guramalar tarapyndan geçirilip biliner. Maliýe hojalyk işiniň analizini etrap, welaýat we maliýe ministrliginiň işgärleri hemişe yzygiderli amala aşyrýarlar.

Häzirki wagtda Döwlet maliýe guramalaryndan ykdysady işleri ýokary derejede alyp barmagy talap edýär.

Hojalyk işiniň analiziniň täsirli bolmagy üçin, kärhananyň degişli bölümlerinde işi ýokarlandyrmak üçin ykdysady analiz hemişe yzygiderli geçirilmelidir. Bular barada maliýe edaralary öz meýilnamalary boýunça hereket edýärler we onuň berjaý edilşi degişli guramalar tarapyndan gözegçilikde bolýar.

Bulardan başga ýylyň dowamynda kärhanalarda işiň aýry-aýry görnüşleri temalar analiz edilýär. Mysal üçin, kärhananyň töleg fondunyň ulanylşy, işçileriň zähmet öndürijiligi, önümiň hili, assortimenti, kärhananyň döwlet býujetine tölegi, kärhananyň alýan peýdasynyň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi we ş.m.

Hojalyk işiniň analizi kärhananyň önümçilik prosessinden başlap tä maliýe ýagdaýyna çenli öz içine alýar we analiz belli bir tertipde, yzygiderliligi talap edýär. Şonuň üçin hemme analitiki işi 3 tapgyra bölseň amatly bolýar:

1. Hasap barlagy (счетная проверка)
2. Sistema getirmek we statistiki tarapdan işlemek
3. Ykdysady analiz

Ykdysady analiz başlanmaka ulanyljak çeşmeler, hasabatlar, kärhananyň balansy sowatly barlanylmaly. Hasabat formalarynyň maglumatlarynyň biri-biri bilen gabat gelýänligi, özara baglanyşygyny hasabatyň jemi boýunça barlanylýar. Hasap barlagynyň esasy wezipesi, analiz geçirilýän kärhananyň hasabatyndaky ýalňyşlygy näsazlygy, hasabatyň manysynyň ýoýulmagyny, önüm goýbermek boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilişiniň dogrylygyna amal etmek.

Analiz geçirilende alynýan maglumat şol görnüşde ulanmak belli bir derejede kynçylyk döredýär. Şol sebäpli maglumatlary statistika täzeden işläp sistema getirmeli bolýar. Mysal üçin, debitor bergileri dörän wagty boýunça, önüm goýberilişi- bölümler boýunça we ş.m. Bulardan soň ortaça ululyklary hasaplamaga girişilýär (ortaça bir işçiniň zähmet haky, bir işçiniň zähmet öndürijiligi) we otnositel ululyklar (önüm goýbermek boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilişi göterim hasabynda, esasy serişdeleriň ulanylyş koeffisiýenti we ş.m.). Analiz geçirilende maglumatlar has düşnükli bolar ýaly, olary görkezýän şekiller ýerleşdirip görkezmeklik maslahat berilýär.

Maglumatlar hasabatlaryň statistiki ugurdan işlenilenden soň, ykdysady analizi geçirmeklige girişilýär. Däp bolşy ýaly kärhananyň esasy görkezijileriniň hasabaty, onuň meýilnamasy bilen, deňeşdirilýär. Geçen ýylyň hasabaty analiz geçirilýän ýylyň hasabaty bilen, hasabatlar öňde baryjy kärhanalaryň hasabaty bilen şonuň ýalyda kärhananyň hasabaty pudak boýunça pudaklara ortaça görkezijiler bilen deňeşdirilýär.

Maliýe hojalyk işiniň analizi birnäçe dürli-dürli, özara baglanyşykly, birine garaşly soraglary öz içine alýar. Şol sebäpli hojalyk işiniň analizi degişli soraglar biri-birine baglylykda öwrenilýär, ýagny analiz edilýän görkezijileri aýratynlykda öwrenmek, geçirmek bolmaýar.

Kärhanalarda hojalyk işiniň analizi geçirilende ony amala aşyrmak üçin analiziň yzygiderliligi berjaý edilmelidir.

Senagat kärhanalarda hojalyk işiniň analizi geçirilende yzygiderliligiň tertibi şu aşakdaky görnüşde geçirilýär:

1. Önümçilik meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi
2. Önümiň özüne düşýän gymmatynyň ýerine ýetirilişi
3. Önümiň ýerleşdirilişiniň we peýdanyň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi
4. Kärhananyň maliýe ýagdaýy:

Her bir ýagdaýda kärhanada analiziň öňünden, ony geçirýän hünärmeniň, ykdysatçynyň, buhgalteriň, maliýe bölüminiň işgäriniň, analiz geçiriljek obýektiň düzümi, iş prosessi bilen tanyşmagy, önümçilik, üpjünçilik, dolandyryş we önüm goýbermegiň tehnologiýasy bilen tanyşmag analiziň netijeli bolmagyna ýardam eder. Eger kärhananyň işi bilen düýpli tanyşylmasa, onuň işi barada çuňňur takyk, önümçiligi kämilleşdirmek barada anyk teklip işläp düzmek mümkin däl.

Hojalyk işiniň analizi düzülen meýilnamanyň esasynda amala aşyrylýar. Meýilnama tejribeli, hasap, hasabatdan önümçilik prosessinden gowy başy çykýan hünärmene düzmäge tabşyrylýar.

Analiziň meýilnamasy düzülende onuň maksady we esasy wezipeleri, bölümleri, haýsy hünärmenlere tabşyrylýany, işleriň haýsy möhletde ýerine ýetirilmelidigi grafik görnüşinde görkezilýär.

Bulardan öň haýsy edara-kärhana analizi amala aşyrýar we esasy maksady näme?

Analiz hojalyk maliýe işini kämilleşdirmek üçin, kärhanalarda önümçilik maliýe işleriniň meýilnamasyny düzmek üçin ýa-da başga maksatlar üçin düzülýär, olary takyk bellemeli.

Hojalyk işiniň analizi kärhana, guramalar geçirip biler, olaryň öz aýratynlyklary bolup amala aşyrýan işlerine bagly bolup öz takyk maksatlary bardyr. Mysal üçin, bank ulgamy analiz geçirende olaryň esasy wezipesi, alynýan pul serişdeleriniň, karzlaryň maksada laýyk ulanylşy, olaryň üpjünçiligi we başgalar bolup bilýar. Senagat kärhanalaryna analiz geçirilende, olaryň esasy wezipesi, hojalyk işiniň alnyp barylşy, önüm goýberilşi, onuň hili, assortimentiniň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi, oňa täsir edýän faktorlary ýüze çykaryp gelejekde, kemçilikleriň gaýtalanmazlygyna takyk teklipleri işläp düzüp

hödürlemek we olaryň iş ýüzünde düzedilmegini gazanmak bolup durýar. Hödürlenýan teklipler takyk bolup, onuň ýerine ýetirilişine kärhana tarapdan berk gözegçilik edilmelidir. Ykdysady analiz geçirilende onuň netijeliligine, täsirli bolmagyna esasy üns berilýär, gözegçilik kärhana tarapdan amala aşyrylsa ýokarda agzalanlar amala aşyrylýar.

## 5.2. Maglumatlaryň esasy çeşmeleri, olary barlamak we analitiki taýdan işläp taýýarlamak

Kärhananyň hojalyk işiniň analizi ony dolandyrmakda esasy gural bolup durýar. Onuň esasy wezipesi görkezijileriň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişini, bar bolan tapawudy (+,-) kesgitlemek, bar bolan serişdeleriň ulanylanda tygşytlylygy berjaý etmek, kärhananyň işinde ulanylmadyk rezerwleri ýüze çykaryp, goýberilýän önümiň mukdaryny köpeltmäge ýardam we ş.m. Hojalyk işiniň analizi geçirilende, analiz geçirmek üçin esasy çeşme bolup şu aşakdakylar ulanylýar:

1. Kärhananyň önümçilik maliýe meýilnamasy her bir kärhananyň ýyllyk maliýe hojalyk işi, onuň Döwletiň öňünde alan borçnamalarynyň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi bilen, kesgitlenilip baha berilýär. Kärhananyň tutuş hemme esasy görkezijileri-onuň ýyllyk önümçilik maliýe meýilnamasynda görkezilýär.
2. Hasabat kärhanada ýyllyk buhgalter statistiki we operatiw hasabat düzülýär we ol hasabat kärhananyň hemme taraplaýyn hojalyk maliýe işini häsiýetlendirýar. Kärhananyň hasabaty döwür boýunça bölünýär (aýlyk, çärýek) we ýyllyk.
3. Analitiki hasap hojalyk işiniň analizi geçirilende eger hasabatda gerek bolan maglumatlaryň ýetmezçilik edýän halatynda, analitiki hasap ulanylýar. Mysal üçin, debitor, kreditor bergiler barlananda ýyllyk hasabatda bergiler umumy jemde görkezilýär. Analiz geçirilende olaryň düzümi, dörän wagty we jemini takyklamak zerur, şol sebäpli analitiki hasaby ulanylýar. Analiz geçirilende analitiki hasaby ulanylşynyň kärhana üçin uly ähmiýeti bardyr, sebäbi bergili algyly raýatlary başga ýurda gitmegi, dünýeden öten bolmagy, olaryň ýuridiki taýdan wagtynyň geçen bolmagy mümkin we ş.m.
4. Ilkinji resminamalar, hojalyk işiniň analizi geçirilende kärhanada edilýän işleriň buhgalter hasabynda ýöredilýän prowodkalar boýunça, olaryň kanuna gabat gelýänligini ýa-da gelmeýänligini takyklamak üçin ilkinji resminamalar ulanylýar. Mysal uçin, ilkinji resminamalar boýunça debitor bergileri, maddy serişdeleriniň tükelleme esasynda hatardan çykarylmagy, çykdajylaryň önümçilige düşýän gymmatynda düzgüniň berjaý edilşi takyklanýar.
5. Hasapda ýok maglumatlar.

   Hojalyk işiniň analizi geçirilende kärhanada hasap hasabat maglumatlaryndan başga eger zerurlyk çyksa hasapda ýok maglumatlar hem ulanylýar. Olara kärhana barlananda ýazylýan delilnamalar, önümçilige bagyşlanyp geçirilýän ýygnaklaryň beýanlary, maliýe, bank, statistiki

guramalaryň we köptaraply kärhananyň Diwar gazeti ulanylyp biliner. Bulardan kärhananyň işini görkezýän, häsiýetlendirýän san görkezijileri, faktorlary ulanylýar.

Maglumatlary kärhananyň işini (+,-) häsiýetlendirýän görkezijileri ulanylyp, şondan ugur alyp, analize baha bermeli.

Hojalyk işiniň analizi geçirilende ony geçirmek üçin esasy çeşme bolup kärhananyň buhgalter hasabaty bolup durýar, hasabat kärhanada 1 aýlyk, 3 aýlyk, 1 ýyl möhlete düzülip degişli guramalara tabşyrylýar.

Kärhananyň hasabaty birnäçe ýöreteleşdirilen toplum, formalardan (görnüşlerden) durýar.

Hasabatlardan dolysy ýyllyk buhgalter hasabatydyr. Olar senagat, söwda, daýhan birleşigi ýa-da oba hojalyk kärhanasy we ş.m.

Hasabat görnüşleriniň sany, mazmuny, görkezijileri, onuň doldyryş tertibi Maliýe ministrligi bilen merkezi statistika dolandyryş tarapyndan tassyklanylýar.

Senagat kärhanasynyň ýyllyk buhgalter hasabaty şu aşakdaky düzümden görnüşlerden durýar.

Kärhananyň (guramanyň) maliýe hasabatynyň düzümi:

1. №1 maliýe görnüş “Kärhananyň hasabaty”
2. №2 maliýe görnüş “Maliýe netijeler we olaryň ulanylşy barada hasabat”
3. №4 maliýe görnüş “Pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat”
4. №5 maliýe görnüş “Kärhananyň balansyna goşundy”

Maliýe hasabatyny aýdyňlaşdyrýan ýazgy;

Auditorlyk netije-hökmany auditorlyk barlagyna degişli bolan kärhanalar (guramalar) üçin (ýyllyk maliýe hasabatyň düzüminde berilýär);

Bergidarlar we algydarlar barada maglumat;

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň tassyklanan №5-H. Kärhananyň önüm (iş hyzmat) öndürmeklige eden harajatlary barada hasabaty görnüşi. Bulardan başgada, döwlet eýeçiligindäki kärhanalar we guramalar;

- Pudak işi algy-bergiler barada maglumat;
- Özara algy-bergileriň, hasaplaşygynyň geçirilişi barada maglumaty goşýarlar.

Bulardan başga ýyllyk buhgalter hasabatyna, kärhananyň ýolbaşçysynyň we baş hasapçysynyň goly bilen ýazylan düşündiriş ýazgysy çatylýar. Düşündiriş ýazgysynda ýyllyk buhgalter hasabatynda ýetmezçilik edýän maglumatlar görkezilýär. Mysal üçin, kärhanada önüm goýbermegiň sazlaşygyny görkezýän maglumat, meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi kärhananyň çig mallar bilen üpjünçiliginiň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi, önümiň hilini görkezýän maglumatlar we ş.m. hasabatda görkezilmeýär we görkezip hem bolmaýar, sebäbi agzalan maglumatlary görkezip bolýan hasabat formaly ýok.

Şonuň üçin, maglumatlaryň ýetmezçiligi, kärhananyň ýyllyk buhgalter hasabatyna goşundy görnüşinde berilýär.

Bulardan başgada düşündiriş hatda, analiz edilýän kärhananyň esasy görkezijiler boýunça meýilnamasynyň artykmaç ýerine ýetirilişi ýa-da onuň ýerine ýetirilmedigi görkezilýär. Meýilnamanyň artygy bilen ýerine ýetirilişi, ýa-da onuň ýerine ýetirilmedigine täsir sebäpler görkezilmeli. Analiziň dowamynda kemçilikleri aradan aýyrmak boýunça takyk teklipler işlenip düzülmeli.

Şunlukda ýokarda aýdylanlaryň esasynda kärhananyň ýyllyk hasabatyndan ugur alyp, hasabata gysgaça häsiýetnama berip, onda kärhananyň maliýe hojalyk işini dolandyrmakda gözegçiligi amala aşyrmak üçin mümkinçiligiň barlygy görünýär.

Analiz geçirilende ulanylýan maglumatlary barlamak we olary analitiki taýdan işläp taýýarlamak analiziň möhüm etapy bolup durýar.

Hojalyk işiniň analizi geçirilende ulanyljak maglumatlaryň analiz geçirmek üçin taýýarlanşy esasy işiň bir bölegi bolup durýar. Ulanylýan hasabat hil tarapdan ýokary derejede düzülen bolmaly. Hasabat analitik tarapyndan barlanyp meýilnama hasabat, doly möçberde görkezilipdirmi, we maglumatlar hakykatdan dogry gelýärmi, arifmetiki tarapdan dogrylygy barlanýar.

Bulardan başga hasabat we meýilnama maglumatlarynyň biri-biri bilen birnäçe özara formalaryň baglanşygy, sifrleriň özara gabat gelşi barlanylýar. Bu barlaglar tehniki görnüşine garamazdan işde uly ähmiýete eýedir.

Geçirilýän analiziň hili, ulanylýan maglumatlaryň dogrylygyna, düzülşine baglydyr. Dogry we dürs, sowatly düzülen hasabat, analiziň ýokary hilli bolmagynyň birinji şertidir.

Hojalyk işiniň analizini geçirmek üçin ulanylýan maglumatlaryň dogrylygyny barlamak üçin esasy taýýarlyk işi geçirilmeli.

Geçirilýän analiziň hili gönüden-göni ulanylýan hasabata bagly. Dogry ýokary hilli düzülen hasabat täsirli analiz geçirmekligiň esasy şertidir.

Kärhananyň hasabatyndaky kemçilikler dürli sebäpler bilen düşündirilýär. Mysal üçin, hasabat bölüminiň işgärleriniň hünärleriniň pes derejede bolmagy, hasap we hasabatyň gündelik edilmeli işleriniň gijä galdyrylyp hasabyň öz akymyna goýberilmegi, hasap bölüminiň işgärleriniň ýetmezçiligi we başgada birnäçe sebäpleriň bolmagy mümkin. Düzülen hasabatda arifmetik ýalňyşlyklaryň bolmagy mümkin. Islendik ýagdaýda analizi geçirýän hünärmen kemçiligi tapyp, düzetmäge borçlydyr we diňe kemçilikler düzedilenden soňra analiz geçirmäge girişmelidir.

Kärhananyň hasabatynyň dogrylygy nukdaý nazardan, onuň manysy mazmuny şu aşakdaky tapgyry öz içine alýar.

1. Kärhananyň esasy görkezijiler boýunça berilen meýilnamasynyň hasabatdaky bilen gabat gelşi.
   Kärhananyň hasabatda meýilnama görkezijileri onuň tassyklanan möçberi bilen gabat gelmelidir. Kärhana üçin ýokary edaranyň tassyklanan meýilnamasy, maksatnamasy, normasy, limiti we ş.m.
2. Kärhananyň hasabatda tükellemäniň netijesiniň görkezilşi.

Hasabatyň köp ýagdaýda dogrylygy, dürsligi tükellemäniň netijesi boýunça aýdyňlaşdyrylýar. Mysal üçin, kärhananyň material gymmatlyklarynyň, pul serişdeleriniň, inwentarlarynyň, esasy serişdeleriniň we ş.m.

Tükelleme kärhananyň hasabat görkezijileri boýunça emläginiň mukdaryny, şonuň ýalyda emläkleriň artykmaçlygyna, kärhana üçin käbirleriniň gereksizligini görkezýär.

Tükelleme kärhananyň, umumy Döwletiň emläginiň bütewiligini goramakdan uly ähmiýete eýedir.

Tükellemäniň netijesi kärhananyň hasap bölüminde, hasabat boýunça mukdaryny deňeşdirip (сличительный ведомость) düzmek esasynda takyklanýar.

3. Kärhanada hatardan çykarylýan çykdajylar we ýitgiler dogry we dürs degişli hasapnamalaryň hasabyna ýazylmalydyr. Sebäbi eger şol tertip berjaý edilmese kärhananyň goýberýän önüminiň önümçilige düşýän gymmaty ýoýylýar we ýalňyşlyga alyp barýar. Şunuň netijesinde onuň täsiri gönüden-göni kärhananyň maliýe ýagdaýyna we maliýe netijesinde alýan peýdasyna, zyýanyna täsir edýär.

Analiz geçirilende önümçilikde bolýan çykdajylaryň, hatardan çykarylýan harajatlaryň we ýitgileriň kärhananyň hasapnamalaryna ýazylşyna uly üns berip dogry bölünşini amala aşyrmaly.

# Bap 6. Önümçilikde ulanylmadyk ätiýaçlyklary ýüze çykarmak we olary peýdalanmak

## 6.1. Hojalyk ätiýaçlyklary barada düşünje we olaryň ykdysady mazmuny

Kärhanalarda önümçilik ätiýaçlyklary onuň işini kämilleşdirip, zähmetiň guralşyny kämilleşdirmegiň, täze iş usullaryny ornaşdyryp gazanylýan netijä aýdylýar.

Bu çäre kärhananyň uzak möhletli düzen meýilnamasy, ylmyň, tehnikanyň gazanan üstünliklerini ulanmak bilen, täze döwrebap enjamlary işe girizmek bilen gazanylýar. Ätiýaçlyklary ulanyp işe girizmek kärhananyň içinde ulanylmadyk mümkinçilikleri işe girizip önüm goýbermegi artdyrmak, önümiň hilini, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak, önümçilik çykdajylaryny azaltmak, peýdany artdyrmak, düşewüntliligi ýokarlandyrmak.

Şonuň ýalyda kärhanada stanoklar işlemese, işçileriň iş wagtynyň ýitgisi, zähmet öndürijiliginiň, düşewüntliligiň peselmesi, onuň netijesinde hojalyk işine edýän ýaramaz täsiri ätiýaçlandyryş hasaplanylýar.

Kärhananyň ätiýaçlygy diýip geçirilýän analitiki gözlegleriň netijesinde netijeliligi ýokarlandyrmagyň esasynda, täze has öndürijiligi ýokary bolan iş maşynlaryny, stanoklary ornaşdyryp gelejekde önümi goýbermäge, köpeltmäge ýardam etjek çärelere aýdylýar we hasap edilýär. Şol ýokarda görkezilen kemçilikleri iş ýüzünde düzedip kärhananyň önümini köpeltmek onuň ätiýaçlandyryşynyň möçberi bolup durýar.

Kärhananyň işiniň önümçilik netijeliligi onuň gündelik işinde ýüze çykarylan ätiýaçlyklaryň iş ýüzünde amala aşyrylşy, harajatlarynyň tygşytly ulanylşyna we beýleki çykdajylaryň ýerlikli sarp edilşine gönüden-göni bagly bolup, şoňa garaşly bolup durýar.

Ätiýaçlandyryş köp görnüşde bolýar we ony böleklere bölmegi talap edýär. Olar önümçilik prosesinde öz täsiri boýunça üýtgeşik bolup, biri-birine bagly bolup, hasaba alynanda we analiz geçirilende onuň netijeliligini häsiýetlendirýän esasy görkeziji görnüşinde çykyş edýär.

Bize mälim bolşy ýaly ätiýaçlandyryş meýilnamalaşdyryş pursatda ýüze çykarylyp, ölçenilýär, takyklanýar, meýilnamanyň ýerine ýetirilýän wagtynda hem iş ýüzünde amala aşyrylýar. Mysal üçin, kärhanalaryň uzak möhletli önümçiligi ösdürmek, giňeltmek meýilnamasynyň taslamasy düzülende zähmet öndürijiliginiň ösüş depgini, önümiň özüne düşýän gymmaty tehniki ykdysady faktorlar boýunça ätiýaçlygyň ulanylyp onuň netijesiniň esasynda gazanyljak üstünlik onuň möçberi meýilnama bilen hasabat deňeşdirilip tapylman, sarp edilen çykdajylar esasynda kesgitlenmän, geçirilen täzelikleriň, önümçiligiň iş usulyny kämilleşdirmegiň, dolandyryşy, zähmetiň ylmy taýdan gurnalmagy esasynda amala aşyrylýar.

Kärhanalarda iş meýilnamasy düzülende diňe ýakyn wagtda ýüze çykaryljak ätiýaçlyklar (ýyl, çärýek, aý, ongünlik, sutka) uzak wagtlaýyn –iki ýyllyk, üç ýyllyk we bäş ýyllyk.

Ätiýaçlyklar önümçilik kärhanalaryň iş durmuşynda we beýleki analiz geçirýän edaralary tarapyndan üç bölege bölünýär:

1. Halk hojalygynda (halk hojalygynyň dolandyrylyşyny kämilleşdirmek, aýry-aýry pudaklarda ylmy tehniki progressi öwrenmek, pudaklaryň ösüş depgini dogry alyp barmak, we şonuň netijesinde ätiýaçlyklaryň hemme görnüşlerini tygşytlamak, harydyň emele getiriji sebäplerini kämilleşdirmek.)
2. Pudaklaýyn, pudagy dolandyrmak bilen bagly, önümçiligi ýöriteleşdirmek, giňeltmek, birleşdirmek, hil taýdan tehnikany, tehnologiýany, önümçiligi we zähmeti ylmy taýdan guramak.
3. Kärhananyň içindäki, bölümleriň we bölümçeleriň ätiýaçlyklaryny tehniki guramaçylyk çäreleri geçirmegiň esasynda ulanmagy gowylandyrmak.

Ýokarda getirilen ätiýaçlyklaryň bölünmeleri (klassifikasiýa) umumy düşünje bolup ätiýaçlyklary ulanmak. Onuň ulanylşyny ýola goýmak üçin ýardam edýär.

Kärhanada önümçiligiň netijeliliginiň üýtgemegine köp sanly sebäpleriň täsir edýänligi, serişdeleriň, zähmetiň üýtgemegi we ş.m. bölünşik ýokarda bellenen tertipde geçirilmeli. Zähmetiň zada öwrülen tygşytlylygy işçi wagtynyň, sarp edilen serişdeleriň, netijede kärhanada, pudakda zähmet öndürijiliginiň serişdeleri öndürýän, onuň kuwwatyny doly ulanylýanlygyny aňladýar.

Kärhananyň işiniň netijeliliginiň ýokarlanmagy onuň hemme ätiýaçlandyryşlarynyň (işçi güýjüniň, serişdeleriniň, hakyky zähmet). Şol sebäpli önümçilik bölünşik:

a) Ätiýäçlyklaryň görnüşi boýunça, zähmet we material ätiýaçlyklaryň netijeli ulanylşy boýunça, esasy önümçilik serişdeleri we ş.m.
b) Önümçiligiň netijeliliginiň jemleýji görkeziji boýunça: önümiň mukdarynyň köpelmegi; önümiň özüne düşýän gymmatynyň peselmegi; peýdanyň we düşewüntliligiň ýokarlanmagy.

Sanawy getirilen ätiýaçlyklar ykdysady analiz geçirilende ýyllyk buhgalter hasabatynyň we beýleki ýöriteleşdirilen hasabat görnüşleriniň geçen ýylkysynyň esasynda hasaplanylýar.

Geçirilen klassifikasiýa-bölünşik kärhanada ýüze çykarylan ulanylmadyk ätiýaçlyklar ulanylyp tygşytlylyga ýardam etse geçirilen iş, çäre ýerlikli we dogry hasaplanylýar. Ýokarda aýdylanlary hasaba alyp ätiýaçlandyrylyşy şu aşakdaky tertipde toparlara bölmek maksada laýyk hasaplanylýar.

1. Kärhanada janly zähmetiň tygşytlylygyny, zähmet öndürijiliginiň ösmeginiň, we beýleki çäreleriň hasabyna üpjün etmegi.
2. Önümçilikde ulgamlary, önümiň çig mal talap edijiligini peseltmek, aýlanyşyk serişdeleriniň aýlanyşygyny çaltlandyrmak, şonuň esasynda çig mal sarp etmegi, ýangyjy, energiýany tygşytlamak.
3. Kärhanada stanoklaryň kuwwatyny doly ulanyp, olaryň önüm berijiligini ýokarlandyryp, zähmeti dogry gurap tygşytlylyk gazanmak.

4. Kärhananyň harajatlaryny kemeldip önüm öndürmegi, peýdany, düşewüntliligi ýokarlandyrmak.

Pudaklaryň islendik kärhanalarynda önümçiligiň netijeliligi intensiw we ekstensiw faktorlaryň täsiri astynda amala aşyrylýar.

Ätiýaçlandyryşyň çykdajylary kemelip, netijeli häsiýete eýe bolýar diýip hasaplanylýar.

Munuň özi birinji nobatda önümçilikde ylmyň, tehnikanyň gazananlaryny ornaşdyrylşyna tebigy şertleriň üýtgemegine durmuş ykdysady faktorlara degişli. Intensiw faktory ätiýaçlyklara bölýäris. Işçileriň iş wagtyny ulanmagy kämilleşdirmek, önümiň zähmet talap edijiligini azaltmak, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak we ş.m.

Intensiw ätiýaçlyklara degişli: esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk kuwwatyny ýokarlandyrmak, material talap edijiligi peseltmek, önümiň düşýän gymmatyny peseltmek we peýdany köpeltmek-önümçiligi önümi köpeltmegiň, sarp edilýän materiallary tygşytly ulanmagyň hasabyna.

Ekstensiw ätiýaçlyklara önümçilik faktorlarynyň möçberini köpeltmek, işçi gullukçylaryň sanyny köpeltmek netijede önümiň mukdarynyň köpelmegine alyp barýar.

## 6.2. Ätiýaçlyklaryň möçberini kesgitlemegiň we olary jemlemegiň usulyýeti

Hojalyk işiniň analizi geçirilende her bölüme degişli netije çykarylýar we onuň her bir soragynda ulanylmadyk, ýüze çykarylmadyk ätiýaçlygyň möçberi görkezilýär. Olaryň möçberini hasaba alyp şol bölüm boýunça kärhananyň işine umumy baha berilýär. Baha berilende edilen işe hakyky dürs maglumatlaryň esasynda dogry we doly, hemme taraplaýyn berilýär. Analiziň netijesinde takyk maglumatlar ulanylmaly. Mysal üçin, senagat kärhananyň önümçilik meýilnamasyny ýerine ýetirilişi boýunça analiziň soňynda şu aşakdaky görnüşde jemleýji netije çykarylýar. Getirilýän maglumatlar şertli we kärhanada analiz geçirilende bolup biljek dürli önümçilik situasiýalary öz içine alýar.

Kärhanada geçirilen analiziň netijesinde, işlenen tablisalaryň, hasaplaryň, hasabatlaryň esasynda, goşmaça maglumatlaryň, ýyllyk hasabata goşundy bolan düşündiriş hatynyň esasynda onuň işi barada şu aşakdaky netijäni çykarýarys.

1. Analiz edýän kärhanamyz umumy önüm goýbermek boýunça meýilnamany artygy bilen ýerine ýetirip jemi artyk 2.520,0 mln. manatlyk önüm artykmaç öndürip, göterim hasabynda 5,5% artyk we haryt önümi meýilnamada artyk 2.400,0 mln. manatlyk, ýa-da göterim hasabynda 5,4% artyk öndüripdir.
2. Kärhana jemi önüm goýbermegiň meýilnamasyny artygy bilen ýerine ýetirşine garamazdan, önümiň assortimenti boýunça meýilnamany berjaý etmändir. Birinji önüm boýunça hasabat boýunça goýberilen önüm meýilnamada görkezilenden 9,5% göterim az, gaýry önümler boýunça meýilnamadan 21,1% göterim az. Şunlukda assortimentiň meýilnamasynyň ortaça göterim hasabynda ýerine ýetirilişi 92,8% deňdir.

3. Kärhananyň önüm goýberilişinde hil tarapdan kanagatlanarly däl. Hasabat ýylynda geçen ýylky bilen deňeşdirilen zaýa önümiň möçberi azalan hem bolsa onuň 0,8% - udel agramy ýaramaz faktor görnüşinde bellenilmeli, sebäbi kärhanada zaýa önüm meýilleşdirilmeýär we gowy işlemäge hemme mümkinçilikler bar.
4. Kärhananyň önümçilik prosessinde önüm goýberilende onuň sazlaşygy bozylypdyr, we howlukmaç işlemäge ýol berilipdir. Önüm goýbermek üçünji ongünlikde 42% göterime deň bolup, birinji ongünlikden 1,9 esse köp goýberilipdir. Netijede önümiň hili peselýär, onuň önümçilige düşýän gymmaty ýokarlanýar.
5. Önüm goýbermegiň meýilnamasynyň artyk ýerine ýetirilmegi kärhanada işçileriň zähmet öndürijiliginiň ösmegi 2,4% göterim, işçileriň sanynyň köpelmeginiň hasabyna 3,1% göterim amala aşyrylypdyr.
6. Kärhanada işçileriň zähmet öndürijiligi, hasabat görkezijilerinden has ýokary hem bolup bilerdi eger, işçileriň iş wagty ýetirilmedik bolsa, onuň netijesinde jemi önüm kärhana boýunça 1968,0 müň manatlyk azalypdyr ýa-da kem goýberilipdir.
7. Kärhanada önümiň görnüşi boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilmeýänliginiň sebäbi üpjünçilik bölüminiň işiniň näsazlygy bilen düşündirilýär. Üpjünçilik bölüminiň umumy meýilnamany ýerine ýetirilenligine garamazdan №1 önüm üçin we gaýry önümler, çig mal ýetmezçilik edipdir.

Analiz geçirýän kärhanamyzda gelejekde önümçilikde önüm goýbermek boýunça ulanylmadyk ätiýaçlyklary hasabyna goýberip boljak önümlere şu aşakdakylar degişli.

1. Önümçilikde goýberilen 359,0 m.m. zaýa önümi ýok etmek.
2. Kärhananyň işinde önüm goýberilende onuň sazlaşykly goýberilişini bozup 3952,0 m.m. önüm kem goýberilipdir. Kemçiligi düzedilen wagtda, önüm 3952 m. manatlyk köpeler.
3. Kärhana işleýän wagtynda, işçiler iş wagtyny ýitiripdirler, ol ýitirilen iş wagty aradan aýrylsa, önüm 1988 m.m. köpeler.

Ätiýaçlyklary doly ulanylan wagtda kärhana boýunça jemi 6279 m. manatly önüm köp goýberilip biliner.

Hojalyk işiniň analiziniň netijesinde kärhanada ýüze çykarylan kemçilikleriň esasynda, olary düzetmek boýunça takyk teklipler işlenilip düzülýär we kärhananyň degişli jogapkär işgärlerine tabşyrylýar. Berilýän teklipler takyk häsiýete eýe bolmalydyr we onuň ýerine ýetirilşi gözegçilik saklanylmalydyr.

## Bap 7. Senagat kärhanalarynyň ykdysady görkezijileriniň analiziniň aýratynlyklary

### 7.1. Önüm öndürmegiň we ýerleşdirmekligiň analiziniň aýratynlyklary

Senagat kärhanalarynyň esasy wezipesi halky ýokary hilli el ýeter bahadan gerek bolan harytlary yzygiderli, hemişe bökdençsiz, sazlaşykly üpjün etmek bolup durýar. Önüm öndürmegiň ösüş depgini, onuň hil görkezijisi gönüden-göni onuň önümçilik çykdajylaryna, alýan peýdasyna, kärhananyň düşewüntlilik derejesine täsir edýär.

Şol sebäpli senagat kärhanalarynyň analizi, onuň önüm goýberişiniň görkezijilerinden başlanýar. Olar şu aşakdakylardan ybarat.

Onuň esasy wezipeleri:

1. Kärhananyň önüm goýbermek meýilnamasynyň ýerine ýetirilşi we dinamikasyna, önümiň ýerleşdirilişine baha bermek.
2. Şol görkezijileriň üýtgemegine (+,-) täsir eden faktorlary kesgitlemek.
3. Önümçilikde önümiň mukdaryny, ony ýerleşdirmegiň görnüşini köpeltmegiň kärhananyň içki ulanylmadyk ätiýaçlyklaryny ýüze çykaryp ulanmak.
4. Kärhanada analiziň netijesinde ýüze çykarylan ätiýaçlyklary ulanmak üçin teklipleri işläp düzüp, olary önümçilige ornaşdyrmak.

Goýberilen önümiň mukdary natural görnüşde we pul görnüşinde-ölçeginde görkezilip biliner. Jemleýji görkeziji bolup önümiň mukdary lomaý söwda bahasynda görkezilýär. Kärhanada önümçiligiň esasy görkezijisi bolup goýberilýän haryt we jemi önüm bolup durýar.

Ylmy önüm - hemme öndürilen önüm, ýerine ýetirilen beýleki işler we gutarylmadyk önüm.

Haryt önümiň, umumy önümden tapawudy, onuň sanawyna, gutarylmadyk önüm goşulmaýar.

Senagat kärhanalarynyň hemmesinde gutarylmadyk önümiň ýok halatynda umumy önümiň jemi bilen haryt önümiň jemi deň gelýär. Gutarylmadyk önümiň jemi önümiň düzümine goşulýanynyň sebäbi, ony material, çig mal, zähmet haky we beýleki çykdajylar goşulýar.

Ýerleşdirilen önümiň göwrümi hereket edýän lomaý söwda bahasynda (lomaý söwda, ylalaşyk) kesgitlenilýär. Ol öz içine satylan önümiň, ugradylan we tölegi edilen önümleri alýar. Kärhananyň önümçilik meýilnamasynyň ýerine ýetirilşi kesgitlenende önümiň umumy göwrümi analiz geçirilende natural görkezijileri ulanylýar (birlik, metr, tonna we ş.m.). Bu görkezijiler önümiň bir meňzeş topary analiz edilende ulanylýar. Şertli natural görkezijiler, baha görkezijisi ýaly önümiň göwrümine häsiýetnama bermek üçin ulanylýar. Mysal üçin, konserw zawodlarynda, müň şertli banka, maşyn gurluşyk zawodlarynda-şertli san abatlandyryş. Önümi goýbermek boýunça we ýerleşdirmek boýunça analiz geçirilende ulanylýan esasy çeşme bolup kärhananyň ykdysady we sosial

ösüş maksatnamasy, ösüş we özgeriş barada operatiw maglumatlar hyzmat edýär. Kärhanada umumy, jemi önümiň ykdysady analizi geçirilende birinji nobatda jemi we haryt önümiň bazis zynjyrlama görkezijisi hasaplanylýar. Biziň analiz geçirýän kärhanamyzda haryt önümiň dinamikasy görkezilen.

**Haryt önümiň dinamikasy**

| Ýyllar | Haryt önüm, mln.manat hasabyna | Ösüş tempy, % hasabyna | |
|---|---|---|---|
| | | Bazis | Zynjyrlama |
| 2006 | 900 000 | 100 | 100 |
| 2007 | 924 000 | 102,7 | 102,7 |
| 2008 | 958 000 | 106,4 | 103,6 |
| 2009 | 941 000 | 104,5 | 98,2 |
| 2010 | 1 008 000 | 112,0 | 107,1 |




## 7.2. Önümçilik gymmatlyklaryny ulanmagyň analiziniň aýratynlyklary

Senagat kärhanalaryň hemme gymmatlygy bolan serişdeleri onuň özüne degişlidir we aktiwi hasaplanylýar. Kärhananyň balansynyň aktiwinde, onuň ygtyýarynda bar bolan serişdeleriň (kapital) hemmesi görkezilýär, material

gymmatlyklary, kärhananyň önümçilikde we ony ýerleşdirmek üçin edýän çykdajylary, şonuň ýaly-da ulanylmagy pul serişdeleri. Kärhananyň kapitalynyň ýerleşdirilişi, onuň düzüminiň üýtgeýşi strukturasyny analiz geçirip düýpli öwrenmeli we baha bermeli. Baha berilende analiz geçirilýän kärhananyň emläg, ýylyň –aýyň başyna, pul görnüşinde, tutýan orny % göterimde, edil şol görkezijiler ýylyň-aýyň ahyryna we şonuň ýaly-da ösüşi pul görnüşinde, % göterimde aňladylmaly. Biziň analiz geçirýän kärhanamyz şu aşakdaky maglumatlar bar.

Kärhananyň balansynda aktiwleriň toparlara bölünşinde, onuň esasy alamaty bolup likwidnost derejesi (çalt pul görnüşine öwrülmegi) bolup durýar.

Kärhananyň serişdeleri onuň içki önümçiliginiň aýlanşygynda we şonuň ýaly-da daşky aýlanyşygynda ulanylyp biliner (debitor bergiler , gymmat bahaly kagyzlary satyn almak, aksiýalar, obligasiýalary beýleki kärhanalaryň obligasiýalaryny satyn almak ) .

Kärhananyň aýlanyşyk kapitaly onuň önumçiliginde ulanylyp biliner (gutarylmadyk önümleriň galyndysy, gelejekdäki önümçilik çykdajylary) şonuň ýaly-da aýlanşykda (ammarlardaky taýýar önümler, satyn alyjylara ugradylan harytlar, pulhanadaky pullar, banklardaky hasaplaşyk sçýotlaryndaky pul serişdeleri, dürli harytlar we ş.m.)

Kärhananyň aýlanyşyk kapitaly pul we material görnüşde hereket edip biler. Infilýasiýa bolýan döwletlerde kärhananyň kapitaly pul serişdeleri görnüşde goýulsa, onuň zyýan çekmegi mümkin, sebäbi onuň, pulyň alyjylyk ukyby pese düşýar. Kärhananyň emläklerini dürli dogry ugurlarda ýerleşdirilmegi onuň hojalyk maliýe işinde uly ähmiýete eýe bolup onuň netijeliligini ýokarlandyrýar. Önümçilikde kärhananyň işine haýsy möçberde esasy, aýlanyşyk serişdeleri, pul material görnüşinde, onuň optimal möçberinden köp ýagdaýda onuň önüm öndürmek boýunça meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi we onuň maliýe ýagdaýy garaşly bolýar. Kärhana gerek bolan önümçilik serişdeleriniň diňe zerur bolan möcberinde ulanmalydyr, ýetmezçilik etse ýa-da artykmaçlyk etse, ýagdaýlary ikisi onuň maliýe-önümçilik görkezijilerine ýaramaz täsir eder. Mysal üçin, çig mal materiallaryň ýetmezçiligi önümçiligi togtatmaga alyp barýar. Munuň tersine çig mal materiallar çenden aşa köp mukdarda bolsa, bu ýagdaý onuň zaýalanmagyna, ulanylyş netijesiniň peselmegine, serişdeleriň işledilmän doňup galmagyna alyp barýar. Şol sebäpli kärhananyň aktiwlary dürli ugura optimal möçberde ýerleşdirilmeli, sebäbi şondan gönüden-göni onuň maliýe hojalyk ýagdaýyna bagly.

Şularyň netijesinde kärhananyň kapitaly hereketsiz doňup galýar, aýlanyşyk serişdeleriniň aýlanyşygy peselýär, onuň netijesinde maliýe ýagdaýy ýaramazlaşýar. Şonuň ýaly-da kärhana durnukly güýçli maliýe ýagdaýynda, düşewüntliligiň ýokary derejesinde kärhana maliýe ýagdaýyndan ýetmezçilik, kynçylyk çekip biler, eger ol maliýe mümkinçiliklerini ýerlikli, netijeli ulanyp bilmese, çenden aşa köp aýlanyşyk serişdelerini materiallary alyp goýsa, ýa-da köp möçberde debitor bergisini ýol berse.

Şonun üçin analiz geçirilende birinji nobatda kärhananyň aktiwleriniň düzüminiň üýtgeýşini öwrenmeli.

**Kärhananyň aktiwleriniň düzümi**




**Kärhananyň emläkleriniň görnüşi**

| Kärhananyň emläkleri | Aýyň başyna | | Aýyň aýagyna | | Ösüş depgini (+,-) | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | müň.man | udel agramy % | müň.man | udel agramy % | müň.man | udel agramy % |
| Uzak wagtlaýyn aktiwler | 131 750 | 39,9 | 143 500 | 32,2 | + 11 750 | -7,7 |
| Gündelik aktiwler Şol sanda: | 198 800 | 60,1 | 302 250 | 67,8 | +103 450 | +7,7 |
| Önümçilikde | 5 000 | 1,5 | 36 250 | 8,1 | + 31 250 | + 6,6 |
| Aýlanşykda | 193 800 | 58,6 | 266 000 | 59,7 | + 72 200 | +1,1 |
| **Jemi** | 330 550 | 100,0 | 445 750 | 100,0 | +115 200 | - |

Tablisadan görnüşi ýaly, kärhanada hasabat aýynda onuň aktiwiniň düzümi üýtgäpdir: esasy kapitalyň udel agramy azalypdyr, aýlanşyk köpelipdir – 7,7%, şol sanda önümçilikde – 6,6 % we aýlanyşykda -1,1 %. Şol sebäpli kapitalyň düýpli gurulşy üýtgeme sezewar bolupdyr. Aýyň başyna esasy kapitalyň aýlanşyk kapitala gatnaşygy 0,66% aýyň ahyryna 0,47 munuň özi kärhanada aýlanşyk serişdeleriniň çalt aýlanmagyna ýardam eder.

Aktiwleriň toparlara bölünşiginde onuň esasy alamaty bolup, çalt nagt pul görnüşine geçişdir. Şonuň üçin aktiwlaryň hemme görnüşi uzak möhletli esasy kapitala ýa-da gündelik (aýlanşyk) aktiwlara bölünýärler.

Kärhananyň serişdeleri içki aýlanyşykda we onuň daşky aýlanyşygynda (debitor bergileri, gymmat bahaly kagyzlary satyn almak we ş.m.)

Kärhananyň aýlanyşyk kapitaly onuň önümçiliginde (ätiýaçlyklar, gutarylmadyk önüm, gelejekdäki önümçilik çykdajylary) aýlanyşykda (ambarlardaky taýýar önümler, satyn alyjylara ugradylan, kassadaky nagt pul serişdeleri, banklardaky hasaplaşyk sçýotlary, harytlar we ş.m.)

Bank ulgamy we beýleki inwestorlar kärhananyň emlägini öwrenende onuň esasy serişdeler bilen üpjünçiligine, onuň tehniki ýagdaýyna, öndürijiligine, ykdysady netijeliligine, fiziki we moral tarapdan könelşine üns berýärler we şondan esasy netijäni çykarýarlar.

Analiz geçirilende şonuň ýaly-da kärhananyň aýlanyşyk serişdeleriniň düzümine üns berilýär. Biziň analiz edýän kärhanamyzda aýlanşyk serişdeleriniň düzümi tablisada görkezilýär.

**Kärhananyň aýlanyşyk serişdeleriniň düzümi**

| **Serişdeleriň görnüşleri** | **Serişdeler müň.manat hasabynda** | | | **Serişdeleriň udel agramy %** | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | **Aýyň başyna** | **Aýyň aýagyna** | **Tapawut (+,-)** | **Aýyň başyna** | **Aýyň aýagyna** | **Tapawut (+,-)** |
| Pul serişdeleri | 163 800 | 171 000 | +7 200 | 82, 4 | 56,5 | -25,9 |
| Gysga möhletli maliýe goýumlary | - | 35 000 | + 35000 | - | 11,6 | +11,6 |
| Debitorlar | 30 000 | 60 000 | +30 000 | 15,1 | 19,9 | +4,8 |
| Ätiýaçlandyryş | 5 000 | 30 000 | +25 000 | 2,5 | 9,9 | +7,4 |
| Gutarylmadyk önüm | - | 6 250 | + 6 250 | - | 2,1 | +2,1 |
| Taýýar önüm | - | - | - | - | - | - |
| **Jemi** | 198 800 | 302 250 | +103450 | 100,0 | 100,0 | - |

Tablisadan görnüşi ýaly analiz edýän kärhanamyzda aktiwlaryň esasy bölegini pul serişdeleri tutýar. Onuň paýyna aýyň başyna 82,4 % duşýär. Aýyň ahyryna onuň absolýut summada köpelip onuň paýy 25,9 % barabar bolupdyr. Munuň sebäbi pul serişdeleriniň bir bölegi aksiýa, ýene bir bölegi önümçilik ätiýaçlyklaryna, ýene-de bölegi tölenmedik debitor bergilerinde bolup, hasabat döwürde köpelipdir.

Pul serişdeleriniň bank hasaplaşyk sçýotynda bolmagy onuň maliýa ýagdaýynyň berkemegini aňladýar. Pul serişdeleri kärhananyň birinji nobatdaky borçlaryny üzmäge etmeli, üpjün etmeli. Nagt pul serişdeleri ulanylmaýan bolsa olary önümçilige gönükdirip ony ulanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmaly.

## 7.3. Önümçilik harajatlarynyň we önümleriň özüne düşýän gymmatynyň analiziniň aýratynlyklary

Bazar ykdysadyýetinde senagat kärhanalarynda önümiň özüne düşýän gymmatyny yzygiderli hemme peseltmek, onuň maliýe ýagdaýyny güýçlendirmek üçin esasy wezipe bolup durýar. Önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmek kärhananyň alýan peýdasyny köpeltmek üçin esasy faktorlaryň biri bolup durýar.

Önümiň özüne düşýän gymmaty diýip dürli hyzmatlaryň pul görnüşinde, önüm öndürmek üçin sarp edilýän çykdajylarynyň hemmesine ýangyç, çig mallar, energiýa, zähmet, suw, par, işçileriň zähmetini goramaga edilýän çykdajylar we ş.m.

Önümiň özüne düşýän gymmaty, önüm öndürmek üçin hemme çykdajylary öz içine alyp, onuň çykdajylaryny, girdejilerini görkezýän esasy görkeziji bolup durýar. Önümiň özüne düşýän gymmaty kärhananyň umumy jemleýji netijesini aňladýan intensifikasiýa we çig mallaryň ulanylşynyň netijeliligini görkezýän esasy görkezijidir.

Önümiň özüne düşýän gymmatynyň önünde şu aşakdaky wezipeler durýar:

1. Kärhananyň önümiň özüne düşýän gymmatynyň meýilnamasynyň dogrylygyna, dartgynlylygyna baha bermek
2. Önümiň özüne düşýän gymmatynyň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişiniň dinamikasyny düzmek.
3. Önümiň özüne düşýän gymmatynda meýilnamanyň ýerine ýetirilmegine täsir edýän faktorlary takyklap, onuň edýän täsiriniň möçberini ölçemek.
4. Aýry-aýry önümleriň özüne düşýän gymmatyny analiz etmek.
5. Kärhanada önümiň özüne düşýän gymmatynda ýüze çykarylmadyk ätiýaçlyklary takyklap, olary ulanmaga teklip bermek.

Önümiň özüne düşýän gymmaty analiz edilende kärhananyň önümçilik maliýe hojalyk işleriniň hemme tapgyrynda, bar bolan ulanylmadyk ätiýaçlyklary ýüze çykaryp, olaryň gelejekde ulanylmagy üçin takyk teklipleri hödürlemek bolup durýar. Has takyk aýdylanda pul, material, üpjünçilik zähmet ätiýaçlyklaryny netijeli ulanmak bolup durýar. Kärhanada önümiň özüne düşýän gymmaty dogry hil tarapdan ýokary analiz edilende, onuň alýan peýdasynyň, düşewüntliligiň görkezijilerine dogry baha bermäge esas döredýär.

Önümiň özüne düşýän gymmaty has çuňňur analiz geçirilende kärhanada bir man. haryt önüme edilen çykdajy meýilnama we hasabat boýunça hasaplanyp deňeşdirilýär. Bulardan başga kärhanada goýberilýän deňeşdirip bolýan we deňeşdirip bolmaýan haryt önümleriniň özüne düşýän gymmaty analiz edilýär.

Deňeşdirip bolýan haryt önüme kärhanada hemişe goýberilýän önümler degişli. Bu önümler analiz geçirilende meýilnama bilen hasabat deňeşdirilende ullakan tapawut bolmaýar. Sebäbi bu önümler tanyş, hemişe goýberilýän önüm, çykarylýan çykdajylary hem mälim.

Deňeşdirip bolmaýan haryt önümleriň özüne düşýän gymmaty analizi geçirilende meýilnama bilen hasabat maglumatlarynda uly tapawudyň bolmagy mümkin (+,-). Sebäbi bu önümler kärhana üçin täze özgeşdirilmedik önüm, şol sebäpli bu analize hemme taraplaýyn üns berip dogry netije çykarylmaly.

Önümiň önümçilige düşýän gymmatynyň dinamikasy düzülende, ony hemme taraplaýyn häsiýetlendirýän görkeziji deňeşdirip bolýan haryt önümdir. Ol görkeziji hemme goýberlen önüm boýunça tygşytlanan serişdäni görkezýär. Senagat kärhanalarynda önümin özüne düşýän gymmatynyň möçberi meýilnamada kärhananyň özi tarapyndan işlenilip düzülýär we ministrlik, assosiasiýa tarapyndan tassyklanylýar.

Kärhanada önümiň özüne düşýän gymmaty meýilnamalaşdyrylanda ondan alynýan tygşytlylyk şu aşakdaky faktorlar boýunça hasaplanylýar:

1. Önümçiligiň tehniki taýdan ýokarlanmagy;
2. Önümçiligiň we zähmetiň guramaçylygynyň ýokarlanmagy;
3. Önümçiligi ýerleşdirmegiň onuň göwrüminiň, mukdarynyň düzüminiň üýtgemegi;
4. Tebigy baýlyklary netijeli ulanmak;
5. Önümçiligi ösdürmek;

## 7.4. Maliýe netijeleriniň analiziniň aýratynlyklary

Kärhananyň maliýe netijelerini häsiýetlendirýär görkezijileri esasylarynyň biri alýan peýdasy we onuň düşewüntlilik derejesidir. Peýda kärhanany dolandyrmak üçin esasy çeşme bolsa, beýleki tarapdan döwlet býujetini dolmak üçin esasy çeşmedir.

Döwlet pudaklaryň hemmesinde hemişe peýdanyň köpelmegine, önüm goýbermek boýunça meýilnamanyň artykmajy bilen dolandyrylmagyna, goýberilip önümiň hiliniň, assortimentiniň ýokarlanmagyna uly alada edýär we olaryň artykmajy bilen ýerine ýetirilmegine bar tagallany edýär.

Kärhananyň alýan peýdasy, önümiň özüne düşýän gymmatynyň derejesi bilen deňeşdireniňde, onuň işini has doly häsiýetlendirýär. Şonuň bilen birlikde kärhananyň diňe alýan peýdasynyň köpelmegine baha bermän, onuň düşewüntlilik derejesine hem üns bermeli, has takygy kärhanada her bir manat esasy fondlaryň paýyna näçe manat peýda düşýär. Munuň özi kärhanada esasy fondlaryň netijeli ulanylşyny hem häsiýetlendirýär.

Kärhananyň alýan peýdasyna, düşewüntlilik derejesine bir näçe faktorlar täsir edýär we bu görkezijiler jemleýji, häsiýetlendiriji, onuň işine baha berýän görkeziji bolup durýar.

Hojalyk işiniň analizi esasy wezipesi alynýan peýda we düşewüntlilige täsir edýär daşky we beýleki faktorlaryň ýaramaz täsiriniň öňüni alyp, maliýe ýagdaýyna ýardam etmek bolup durýar.

Kärhananyň hojalyk işiniň netijesi (balans peýdanyň möçberi) satylan haryt önümiň, gaýry satylan önümleriň we satuwa degişli däl netijelerden durýar. Şularyň birinji we ikinjisi goşulanda kärhananyň peýdasyny ýa-da zyýanyny görkezýär.

Kärhanada maliýe netijeleriniň analizi geçirilende ony debitor kreditor bergilerine, töleg ukyplylygyna hem üns berilýär we olary analiz geçirip, onuň maliýe ýagdaýyna baha berilýär.

Kärhananyň maliýe hojalyk ýagdaýy gowy bolan ýagdaýynda, işçi, gullukçylar, maliýe bank ulgamy, haryt ugradyjylar bilen öz wagtynda hasaplaşyp bilýär. Şonuň üçin kärhananyň maliýe netijelerine analiz berilende, onuň töleg ukyplylygyna analiza aýratyn möhüm işdir.

Maliýe netijeleriniň, kärhananyň maliýe ýagdaýynyň esasy wezipeleri bolup, onuň hususy aýlanşyk serişdeleriniň, olara deňeşdirilýän serişdeleriň saklanşy, işleýşi bolup durýar. Olardan başga bank karzlarynyň normadan artyk ätiýaçlyk çig mallaryna ulanylşy, debitor-kreditor bergileriň ýüze çykyşyna, olaryň sebäplerini anyklamak we kärhananyň töleg ukyplylygyny anyklamak bolup durýar.

Mysal üçin, biziň analiz edýän kärhanamyzyň töleg ukyplylygy şu aşakdaky tablisada görkezilýär. Maglumatlar şertli we önümçilige, kärhananyň maliýe ýagdaýyna ýakynlaşdyrylan kärhananyň töleg ukyplylygynyň balansy.

**Kärhananyň töleg balansy**

(müň manat)

| T/b № | Emläkler | Ýylyň başyna | Ýylyň aýagyna | T/b № | Borçlar | Ýylyň başyna | Ýylyň aýagyna |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Kassa | - | 10 | 1. | Töleg fondy boýunça bergiler | 10 930 | 10 100 |
| 2. | Bankdaky hasaplaşyk sçýoty | 13 360 | 18 500 | 2. | Çig mallar we gutarylmadyk önüm üçin alynan karzlar | 1 100 | 910 |
| 3. | Gaýry pul serişdeleri | 10 | 380 | 3. | Ýolda gelýän harytlar üçin karz | 9 090 | 10 930 |
| 4. | Ugradylan harytlar we tabşyrylan işler | 11 590 | 13 530 | 4. | Haryt ugradyjylar hasaplaşyk dokumentleriniň töleg möhleti dolmadyk | 4 310 | 4 510 |
| 5. | töleg möhleti dolmadyk | - | 260 | 5. | Haryt ugradyjylar fakturlary ugradylmadyk | 960 | 690 |
| 6. | Taýýar önümleriň normadan artykmajynyň galyndysy | 24 960 | 32 670 | 6. | Maliýe edaralary dürli tölegler boýunça | 4 660 | 4 260 |
| | Emläkleriň jemi | | | | Borçlaryň jemi | 31 050 | 31 400 |
| | Bergileriň serişdelerden artykmaç gelmegi | 6 090 | | | Serişdeleriň bergilerden artykmaçlygy | - | 1 270 |
| | **Balans** | **31 050** | **32 670** | | **Balans** | **31 050** | **32 670** |

Analiz geçirlende onuň tölege ukyplylygyny takyklamak we gelejekde töleg hasaplaşygyny kämilleşdirmek we maliýe ýagdaýyny gowulandyrmak üçin töleg balansynyň uly ähmiýeti bardyr. Kärhananyň tölege ukyplylygyny islendik döwre hasap etmek mümkindir. Ýagny belli bir senä görä ýylyň başyna we aýagyna onuň serişdelerini bergileri bilen deňeşdirip netije çykarmaly. Biziň analiz edýän kärhnamyzda töleg balansyndan görnüşi ýaly onuň emlägi 24 960 müň manat bolup onuň bergileri ýylyň başyna 31 050 müň manada deň bolupdyr, ýagny onuň pul serişdeleri bergileri tölemäge ukypsyz bolup 6 090 müň manatlyk serişde ýetmezçilik edipdir we analiz edýän kärhanamyz ýylyň başyna tölege ukypsyz bolupdyr. Ýylyň ahyryna kärhananyň serişdeleri 32 670 müň manat bolup, onuň bergileri 31 400 müň manada deň bolupdyr. Has takygyny aýtsak onuň pul serişdeleri ýylyň ahyryna bar bolan bergilerden 1 270 müň manat artyk bolupdyr. Munuň özi kärhananyň ýylyň dowamynda maliýe hojalyk işlerini kämilleşdirip bar bolan serişdeleri tygşytly ulanyp kärhanany tölege ukyply edara öwüripdir. Munuň özi kärhananyň hasabat ýylynda gowy işlänligine güwä geçýär. Analiz edýän kärhanamyzyň gutarnykly töleg ukyply diýip netije çykarmaga birnäçe faktorlary anyklamaly. Ýagny töleg resminamalara wagtyny, senesini kesgitläp ol pul serişdeleriniň haýsy wagtda kärhananyň hasaplaşyk sçýotyna geljek wagtyny kesgitlemeli. Şu işde ýalňyşlyk, säwlik goýbermek bolmaýar. Bu maglumatlary ýagny tölegleriň senesini kärhananyň gündelik hasabyndan almak mümkin. Eger tölegiň möhleti öňe gidýän bolsa bu ýagdaý kärhananyň maliýe ýagdaýyny gowulandyrýar we tersine. Eger serişdeleriň kärhananyň sçýotyna gelmeli möhleti gijä galsa kärhananyň maliýe ýagdaýynda kynçylyk döreýär we şonuň netijesinde onuň tölege ukypsyzlygna alyp barýar. Tölege ukyplylygyny ýokarlandyrmak üçin kärhanada derege ýaramaýan uzak möhletli ulanylmadyk çig mallar ýa-da serişdeler bar bolsa olary gerek bolan ýerlerine satmaly. Munuň özi kärhananyň maliýe ýagdaýynyň gowylanmagna ýardam eder. Bulardan başga alyjylara ugradylan taýýar önümiň tölegleri çaltlandyrylmaly we şonuň ýaly-da taýýar önümleriň müşderlere ugradylmagny gazanmaly. Bu çäreleriň hemmesi goýberilýän önümiň hiline onuň assortimentine, sazlaşykly goýberilşine we komplektnystyna bagly.

## 7.5. Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň analiziniň aýratynlyklary

Kärhananyň maliýe netijesini onuň önümçilik hojalyk işleriniň netijesinde alýan peýdasy alamatlandyrýar. Onuň özi iş ýüzünde amala aşyrylan, kärhananyň işçileriniň goşmaça zähmetiniň esasynda gazanylan arassa girdejidir.

Senagat kärhanalarynda balans peýdasynyň möçberi meýilnamalaşdyrylýar. Peýdanyň meýilnamalaşdyrylmagynyň esasy ähmiýeti birinji tarapdan kärhanalaryň, birleşikleriň hemmesiniň umumy önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak bolsa, ikinji tarapdan kärhanalaryň işiniň hilini ýokarlandyryp, işçi kollektiwiň önümçiligi ýokarlandyrmak üçin höwesini galdyrmak bolup durýar.

Ykdysady analiziň esasy wezipesi kärhana-birleşiklerde peýdanyň meýilnamasynyň düzülşinde onuň dogrulygyny, düzülende hemme

mümkinçilikleriň hasaba alynanlygyny, onuň dartgynlylygyny, ýerine ýetirilende meýilnama bilen hasabatda ýüze çyksa tapawudyň, haýsy sebäplere görä we olary gelejekde düzetmegiň ýollaryny, düzetmäge takyk teklipler berilmelidir.

Kärhananyň balans peýdasynyň düzümi satylan haryt önümden gelen peýda, satylan gaýry önümlerden alynan netije we satuwa degişli bolmadyk girdejiler, ýitgilerden durýar.

**Balans peýdanyň emele gelşi we düzümi**




Halk hojalygynyň dürli pudaklarynda balans peýda we haryt önümi ýerleşdirmekden alnýan peýda (hyzmat) birmeňzeş däldir, olaryň öz aýratynlyklary bardyr. Mysal üçin, senagatda, oba hojalygynda peýda satylan önümlerden gelýän pul serişdeler bilen, önümiň doly özüne düşýän gymmatynyň tapawudy esasynda kesgitlenilýär.

Söwda kärhanalarynda umumy girdeji bilen ony ýerleşdirmek bilen bagly bolan kommersiýa çykdajylarynyň tapawudy esasynda kesgitlenilýär. Önümçilige degişli däl kärhanalarda (hojalyk hasaplaşygyndaky kärhanalar) peýdany hasap etmek üçin önüm satmakdan, hyzmatdan alan girdejisinden onuň önümçilige düşýän gymmatynyň tapawudy, meýilnamasy boýunça zyýan çekýän kärhanalarda

hasabat boýunça çekilen zyýanyň we meýilnama boýunça çekmeli zyýanyň tapawudy esasynda hasaplanylýar.

Senagat kärhanalarynda alynýan peýdany analiz geçirmegiň öz aýratynlyklary we oňa mahsus bolan yzygiderliligini berjaý etmeli.

1. Peýdanyň meýilnamasynyň düzülşiniň dogrylylygy
2. Onuň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişine baha bermek (çärýek, ýyl we ş.m.)
3. Balans peýdanyň düzümini öwrenmek
4. Peýdanyň paýlanşynyň analizi
5. Peýdada ulanylmadyk ätiýaçlyklary ýüze çykaryp onuň möçberini jemlemek

Balans peýdanyň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi, hasabat bilen meýilnama deňeşdirilip kesgitlenilýär.

Biziň analiz geçirýän kärhanamyzda balans peýda şu aşakdaky tablisada görkezilýär.

**Peýdanyň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi we onuň dinamikasy**

| **Görkezijiler** | **Geçen ýyl müň manat hasabynda** | **Hasabat ýylynda** | | | | | | **Meýilnamadan tapawudy** | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **Meýilnama** | | | **Hasabat** | | | | | |
| | | **Müň manat** | **Geçen ýylka %** | **Balans peýda %** | **Müň manat** | **Geçen ýylka %** | **Balans peýda %** | **Müň manat** | **Meýilnama %** | **Meýilnama balans peýda %** |
| Haryt önümiň ýerleşdirmek-den alnan peýda | 72 100 | 79 200 | 109,84 | 95,16 | 82 470 | 114,38 | 95,58 | +3270 | +4,13 | 3,93 |
| Gaýry satuwdan alnan peýda (+) zyýan (-) | - | 170 | - | 0,20 | +180 | - | 0,21 | +10 | +5,88 | 0,01 |
| Satuwdan daşary zyýan | - | - | - | - | -80 | - | 0,09 | -80 | - | 0,10 |
| Satuwdan daşary alnan peýda | 3 930 | 3 860 | 98,22 | 4,64 | +3 710 | 94,10 | 4,30 | -150 | -3,88 | -0,18 |
| Balans peýda | 76 030 | 83 230 | 109,47 | 100 | 86 280 | 113,48 | 100 | +3 050 | 3,66 | 3,66 |

Her bir senagat kärhanasy döwlet tarapyndan önümçilik üçin zerur bolan aýlanşyk serişdeleri bilen üpjün edilýär. Şol serişdeleriň ulanylyş derejesi, kärhananyň dolandyrylyşy onuň maliýe hojalyk işini häsiýetlendirýär.

Kärhananyň önümçilik işi pul görnüşinde aňladylyp, onuň pul aýlanşygy bilen we maliýe işi bilen baglydyr. Kärhana işçi gullukçylar bilen hasaplaşyk göçürmäge, maliýe bank ulgamynyň öňünde öz borçnamalaryny ýerine ýetirmäge , haryt çig mal ugradyjylara töleg etmäge belli bir möçberde pul serişdeleri bilen üpjün bolmaly.

Kärhanada önümçilikde önüm öndürmek üçin edilýän işler, ony ýerleşdirmek boýunça amala aşyrylýan tagallalar kärhananyň maliýe ýagdaýyny emele getirýär. Kärhanany birleşiginiň maliýe pul serişdeleriniň emele gelmegi, maliýe serişdeleriniň paýlanmagy pul serişdelerinde durýar. Ol serişdeler satylan haryt önümlerden, edilen hyzmatlardan, bank karzlaryndan emele gelýär.

Kärhananyň maliýe ýagdaýyna onuň hususy serişdelerini ýerleşdirilişinden we sarp edişi boýunça häsiýetnama berilýär. Kärhananyň hasaplaşyk geçirýän edaralarynyň öňünde alan borçlaryny wagtynda ýerine ýetirmäge onuň maliýe ýagdaýy durnukly hasaplanylýar.

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň derejesi, onuň hasabyna dürli çeşmelerden gelýän pul serişdelerini hasaba almak bilen bahalanmaýar. Ol dereje kärhananyň öz ygtyýaryndaky serişdeleri netijeli we tygşytly ulanyşyna bagly. Serişdeleri netijeli we tygşytly ulanyşy ykdysady analiziň esasy wezipesi bolup durýar.

Analiziň esasy wezipesi kärhananyň maliýe ýagdaýyna umumy häsiýetnama bermek, gelýän serişdeler bilen onuň çeşmeleriniň arabaglanşygy, maliýe karz, hasaplaşyk düzgünleriniň berjaý edilişini anyklamak.

Analiz geçirilende kärhananyň hususy aýlanşyk serişdeleriniň ätiýaçlyklary möçberi, harajat we taýýar önümleri; aýlanşyk serişdeleriniň aýlanşy; onuň üýtgemeginiň sebäpleri; bank karzlaryny ulanmaga bolan hukugyň ulanylşy we onuň üpjünçiligi.

**Kärhananyň maliýe ýagdaýyny görkezýän görkezijiler:**

1. Kärhananyň hususy we oňa deňeşdirilen aýlanşyk serişdeleri, olaryň artykmaçlygy (+), ýetmezçiligi (-);
2. Aýlanşyk serişdeleriniň artykmaçlygy(+) onuň ýetmezçiligi (-) (bu görkezijiler, aýlanşyk serişdeleriniň ýagdaýyny görkezýär);
3. Aýlanşyk serişdeleriniň aýlanşygynyň koeffisenti ;
4. Töleg ukyplylygy.

Analiz edýän kärhanamyzda getirlen tablisadan görkezilişi ýaly balans peýdanyň ýerine ýetirilişi meýilnama bilen hasabat maglumatlaryny deňeşdirmek esasynda takyklanýar. Biziň tablisamyzdan görnüşi ýaly kärhananyň balans peýdasy meýilnama bilen hasabat deňeşdirilende 3050 müň manat artykmajy bilen ýerine ýetirilipdir ýa-da 3,66% ýokary. Onuň ösmegine esasy sebäp bolan kärhananyň haryt önümi ýerleşdirmekden alan artykmaç peýdasy bolup durýar. Şonuň ýaly-da satuwdan daşary we gaýry önümleri ýerleşdirilşinden alnan zyýan

kärhananyň balans peýdasyny 80 müň manatlyk kemeldipdir. Satuwdan daşary alnan peýda kärhanada 3710 müň manatlyk bolupdyr ýa-da balans peýdanyň 4,3%-e deň bolupdyr. Getirlen maglumatlar kärhananyň deslapky balans peýdasynyň meýilnamasynyň ýüzleý häsiýetnama bermek üçin esas bolup durýar. Şonuň üçin gelejekdäki balans peýdanyň analizi oňa täsir eden faktorlaryň her bir görnüşi boýunça balans peýda eden täsirini takyklamak üçin ugrukdyrylmaly.

## Bap 8. Ykdysady görkezijiler çaklananda analiziň esasy wezipeleri

### 8.1. Ykdysady çaklama barada düşünje we onuň usullary

Bazar gatnaşyklary şertinde ykdysady ylymlaryň öňünde önümçiligiň öňünde, onuň ösmegine täsir edýän we täsir edip biljek sebäpleri takyklamak we olary aradan aýyrmak üçin degişli çäreleri işläp, düzüp aradan aýyrmaklyk esasy wezipe bolup durýar.

Has takygy kärhananyň ösmegine onuň bar bolan mümkinçiliklerini netijeli ulanylmagyna (önümçilikde zähmet çekýänleri we ş.m.). Soňra takyk teklipler işläp, düzüp käthananyň ykdysady ösüşini çaltlanmagyna ýardam etmeli. Şu çäre amala aşyrylanda artykmaç harajat sarp etmän, kärhananyň içki ulanylmadyk ätiýaçlyklaryna sarp etmeli. Çaklama ykdysady analiz pudaklaryň hemmesinde ýokarda görkezilen çäreleri amala aşyrmak bitirýän işleri bilen analiziň aýratyn bir görnüşi ýaly kabul edilýär.

Çaklama analizi öz içine kärhananyň esasy görkezijileri boýunça çaklamany, gelejekdäki ösüşe baha bermek, dolandyryş çözgütleri işläp düzmek, täze çaklamanyň hasaplaryny, onuň ösüş ýoluny saýlap almak we onuň esasynda berilýän maslahatlary iş ýüzünde amala aşyrmak bolup durýar. Çaklama analizinde soňky resminama dolandyryş çözgüdi bolup, kärhananyň öz işgärleri tarapyndan işlenilip düzülýär we önümçiligiň hemme görnüşinde (eksport bahalary bermek; teklipler işläp düzmek) olaryň öz jogapkärçiliginde amala aşyrylýar.

Çaklama analizinde esasy gural bolup hyzmat edýän, ulanylýan ykdysady-matematiki modelirlemek bolup durýar. Bu işi amala aşyrmak üçin diňe täze, döwrebap hasaplaýyş tehnikasynyň esasynda, şonuň kömegi bilen amala aşyrmak mümkin we şonuň esasynda kärhanany dolandyrmakda çaklama analiziniň öňünde uly mümkinçilikler döreýär.

Ykdysady analiziň öňünde goýulýan wezipeleriň hemmesi, olaryň netijeleri, ahyrynda aýgytlaýjy we onuň ösüşinde ykdysady analiziň nazaryýetiniň kämilleşmegi-ösüş bolup durýar.

Çaklama analiziniň esasy wezipeleriniň bir önümçilikde onuň ösmeginde gelejekde aýgytlaýjy orny tutýan, önümiň möçberini köpeltmäge ýardam etjek görkezijileriň çaklamasyny işläp düzmek we ony esaslandyrmak bolup durýar.

Çaklama analizi kärhananyň aýratyn bir soragyna, onuň hojalyk işiniň bir bölegine, şonuň ýaly-da umumy bütinleý maliýe hojalyk işine bagyşlanyp biler. Häzirki wagtda kärhanalarda çaklama analizi diňe aýry-aýry böleklerde, bölümlerde geçirilýär (zähmet resurslary bilen üpjünçilik, önümçilik, hojalyk çykdajylarynyň emele gelmegi, peýda) çaklama analizi geçirilende, mesele hemme taraplaýyn öwrenilen bolmaly, bir taraplaýynlyga ýol bermeli däl. Häzirki wagtda kärhanalaryň maliýe görkezijileri önümiň önümçilige düşýän gymmaty ýeterlik derejede çaklama etmek üçin öwrenilmedik.

Çaklama ykdysady analiza, önümçiligiň bazar gatnaşyklarynda uly möhüm ýokarlandyrylan talap bildirilýär. Maglumatlara esaslanyp kärhanalaryň geçen ýyllardaky umumy ýagdaýynyň ösüş depginleri, ykdysady ösüşi görkezilýär. Muňa garamazdan çaklama ykdysady analiziň esasy wezipeleriniň biri bolup kärhanada

goşmaça ulanylmadyk ätiýaçlyklary ýüze çykaryp, olary ulanyp, sosial ykdysady ösüşi çaltlandyrmak bolup durýar.

Bulary amala aşyrmak üçin, pudagyň ösmegi üçin, onuň jikme-jik manyly-mazmunly iş meýilnamasyny düzüp, oňa täsir edýän ýaramaz faktorlary aradan aýyrmaly.

Çaklama ykdysady analiz kärhananyň ýeke bir ulanylmadyk ätiýaçlyklaryny tygşytly ýüze çykarmak bilen çäklenmän, olary ulanmak, onuň esasynda kärhananyň önümini köpeltmek üçin takyk teklipleri hödürlemeli we olaryň berjaý edilişini gözegçilikde saklamaly. Mysal üçin, gözlegleriň esasynda kärhanada işçileriň iş wagtynyň ýitirenligi takyklandy, ýöne iş wagtynyň gelejekde hem kemelmegini –ýitirilmegini öňünden takyklamak mümkin däl, eger onuň sebäbi anyklanman, ony düzetmek üçin çäreler görülmedik bolsa. Çaklama analiziniň esasy ulanylýan guraly bolup ykdysady matematiki modelirleme bolup durýar. San analizini üpjün edip onuň täsir edişini dolandyryşa, ykdysady analiz edilýän kärhana, çaklama analiziniň görnüşine täsirini (onuň baha berlişine iş ýüzünde takyklamak, muňa bahalar, tariflar, işçilere dürli goşmaça tölegler, norma we normatiwler).

Ýokarda getirilen çaklama analizina bildirilýän wezipeler pudakara kärhanalarynyň ösüşiniň global meselelerine we dolandyrylyşy kämilleşdirmegiň gözlegine ugrukdyrylmalydyr.

Şu ýagdaýda pudak hem düzüşsiz (безструкный) obýekt görnüşinde seredilip biliner. Çaklama analizinda pudagyň çäkli önümçilik görkezijileri ulanylýar, ýöne olar kärhananyň esasy görkezijileridir.

Şunlukda, uly ykdysady kärhanalar, birleşikler, ministrlikler üçin analiziň wezipeleri mazmuny, esasy görnüşleri doly degişlidir we amala aşyrylýandyr.

Analiz geçirilýän kärhananyň işiniň çylşyrymlylygy analiz geçirmegiň usulyna-usulyýetine hem baglydyr. Köp sanly, uly maglumatlar (operatiw analiziň diagnostiki görnüşi) ýa-da çylşyrymly zähmet talap edijiligi ýokary, el güýji bilen amala aşyryp bolmajak hasaplamalar, hasaplar (çaklama analizi) ykdysady analizda hasaplaýyş tehnikasyny ulanmaga mejbur edýär. Analiziň netijeliligi onuň çaltlygyny, hilini, analiziň çuňňur amala aşyranlygyny, oňa edilýän harajatlaryň kemeldilmegi, analiz geçirmegiň kämilleşdirilmegi, onuň amala aşyrylanda hasaplaryň, güýçli hasaplaýyş maşynlarynda amala aşyrylmagy geçirilýän analiziň hiline we çaltlylygyna, dogrylylygyna ýardam edýär.

## 8.2. Görkezijiler boýunça çaklamalaryň analizde ulanylşy

Häzirki wagtda pudaklaryň islendik böleginde, onuň uzak wagtlaryň dowamynda pajarlap ösmegi üçin çaklama analiziniň zerurlygy tebigy zatdyr. Çaklama analizi ykdysady görkezijileriň modelirlenmegi esasynda işlenilip düzülip, gözleg geçirilende esasy gural görnüşinde hyzmat edýär.

Dogry we ulanmaga amatly bolan modeli işläp düzmek üçin, oňa birnäçe talaplar bildirilýär (analiz geçiriljek kärhana barada doly häsiýetnama, işleriň özara baglanyşygy, hasabat çeşmeleriniň many mazmunyna düşünip, ony ykdysady tarapdan okatmagy başarmak we analiz etmek we ş.m.)

Ykdysady görkezijileriniň biri-biri bilen baglylygyny nazara alsaň, olaryň her birini aýrylykda modelirlemek zerurlygy ýok diýseň hem dogry bolar. Köplenç ýagdaýda soraglaryň haýsy biri aýrylykda modelirlän hem bolsa ol käbir ýagdaýlarda soragy belli bir görnüşe getirmegiň kynçylygy bilen düşündirilýär. Kärhanalaryň ykdysady görkezijileriniň biri-biri bilen baglylygy, olaryň özara dahyllylygy, garaşlylygy çaklama analizini işläp düzmäge we ony amala aşyrmaga şert, mümkinçiligi döredýär.

Şonuň özi esasy möhüm analiz geçiriljek kärhanalaryň özara baglanyşygyny öwrenip pudakda, esasy görkezijileriň ösüşini çaklama görnüşinde işläp düzüp pudagyň ösmegine, onuň ykdysadyýetiniň kämilleşmegi ýardam eder.

Pudaklaryň hemmesinde ykdysadyýeti ösdürmek, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak esasy wezipe bolup durýar.

Bu işe kärhanalaryň hemme işgärleri döredijilikli gatnaşyp önümçiligiň bar bolan görnüşlerinde eýeçiligine seretmezden elinden gelen tagallalary etmelidir. Bu işleri amala aşyrmakda ykdysady analiziň orny uludyr. Analiz dürli görnüşde amala aşyrylyp onuň esasy wezipesi kärhanany dolandyrmagyň usulyna gönükdirilýär, onuň islegine, zerurlygyna baglylykda amala aşyrylýar. Analiz geçirmeklik meýilnamalaşdyrylyp, şol meýilnamanyň esasynda hem analiz geçirilýär. Düzülen meýilnamada kärhanany doly ýa-da aýry bir soragyny analiz etmelidigi görkezilýär. Muňa gündeki ýa-da nobatdaky ykdysady analiz diýilýär we ony amala aşyrýanlar köplenç hasap ýa-da meýilnamalaşdyrylyş bölüminiň işgärleri bolýar.

Halk hojalygynyň giňden ýaýran döwründe, analiziň bar bolan görnüşlerinden başga, ýakyn, orta, uzak gelejekde kärhanalaryň ösüş depgini öňünden çaklama esasynda öwrenmek we onuň esasynda takyk teklipleri işläp düzmek zerurlygy ýüze çykýar.

Bu meseleleri dogry we doly çözmek çaklama analizine degişli bolup durýar. Çaklama analizi, hojalyk işiniň analizinde täze ugur bolup, soňky wagtlarda giňişleýin ulanylýar.

Çaklama analizini uly möçberde (döwlet, welaýat, etrap, şäher, pudak we ş.m.) ylmy meýilnamalaşdyrylyş institutlary işläp düzýärler we döwletiň garamagyna tabşyrýarlar. Makullanan gününden soň resmi ýagdaýda ýol görkeziji kanun görnüşinde, halk hojalygynyň pudaklaryna ýaýradylýar.

Kärhanalar hem öz gezeginde diňe öz hojalygy üçin ýakyn gelejek üçin çaklama analizini işläp düzüp biler. Çaklamany düzmek üçin analiz geçirilýän kärhananyň hojalyk işiniň analizi doly möçberde geçirip, onuň hojalyk önümçilik, işleriniň hemmesiniň häzirki ýagdaýyna doly dogry we takyk baha berilmeli. Baha berilende kärhananyň ulanylmadyk ätiýaçlyklaryny işe girizmek barada ylmy takyk iş geçirip, ony çaklama analizinde ulanylmalydyr. Mysal üçin, kärhananyň önüm goýbermek boýunça önümçilik meýilnamasy ýerine ýetirilende ätiýaçlyklara çaklama düzülende: (gutarylmadyk önümler, önümiň sazlaşykly goýberilşini berjaý etmek emele gelen ätiýaçlyklar, önümiň hiliniň peselmegi, önümiň düzüminiň üýtgemegi, zaýa önümler we ş.m.) goşulyp çaklama görnüşinde gelejekde ulanyp boljak, önümçiligiň mukdaryny artdyrmak üçin ätiýaçlyk hasaplanyp biliner. Bulardan başga hem goýberilýän önümi artdyrmak üçin

çaklama meýilnamasynda takyk ulanyp boljak mümkinçilikler esasy serişdeleriň netijeliligini ýokarlandyrmagyň, onuň köpelmeginiň, kärhananyň çig mallar bilen üpjünçiligiň, onuň önümçilikde ulanylşynyň netijeliliginiň hasabyna, işçileriň zähmet öndürijiliginiň, oňa täsir edýän dürli faktorlaryň (iş gününiň, işçiniň iş wagtynyň bir sagatlyk zähmet öndürijiliginiň hasabyna önüm goýberilişiniň möçberini çaklamak bilen gelejekde belli bir möçberde çaklama düzüp hödürlemek mümkin we onuň ykdysady analizini amala aşyrmaly.)

## Bap 9. Hojalyk işiniň analiziniň taryhy we ösüşiniň depgini (perspektiwalary)

### 9.1. Hojalyk işiniň analiziniň döreýşi

Ykdysady analiziň döreýşiniň anyk ýylyny kesgitlemek çetin iş, ýöne onuň ykdysadyýetiň döremegi bilen zerurlyk bolany üçin ylym görnüşinde ýüze çykypdyr diýip pikir ýöretmek dogry hasaplanylýar. Onuň döreýşi jemgyýetiň ösüşi, öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy, ösüşi bilen gönüden-göni baglydyr.

Ykdysady analiziň ýüze çykmagy esasanam buhgalter hasabynyň, statistikanyň, senagaty dolandyrmak ýaly ylymlaryň ösmegi bilen baglanşyklydyr.

Ykdysady analiziň ylym görnüşinde aýratyn ýüze çykmagy ýakyn döwüre degişlidir. Şonuň üçin onuň döreýşini buhgalter hasabynyň we statistika bilen baglanyşdyrmaly.

Bu ylymlar ykdysady analiziň döremegine, ýüze çykmagyna esasy sebäp bolup durýarlar.

Jemgyýetiň ösüşiniň taryhy birnäçe ykdysady formasiýalar bilen häsiýetlendirilýär. Olaryň her birine taryhy ösüş döwrüne mahsus bolan ykdysady ylym zerurlygy ýüze çykýar.

Döwletde synplaryň döremegi bilen ilat, materiallar, pul serişdeleri barada maglumat zerurlygy ýüze çykýar.

Döwlet apparatynyň ýüze çykmagy bilen birnäçe dolandyryş institutlary emele gelýär. Döwlete mahsus bolan gurluşyga (goşun, aýratyn bölümlere jogap berýän döwlet gullukçylary, salgyt, pul aýlanyşygy, döwlet girdejisi, döwlet çykdajysy we ş.m.). Şu sebäpli döwlet möçberinde, dürli wezipelerde işleýän döwlet işgärleriniň işine gözegçilik zerurlygy ýüze çykýar. Şonuň netijesinde kärhanalarda hasap bölümi emele gelýär. Döwletde dürli maglumatlary toplamak üçin statistiki edaralary döretmegiň zerurlygy ýüze çykýar.

Döwletde öndüriji güýçleriň, önümçilik gatnaşyklarynyň ösmegi netijesinde, maglumatlaryň zerurlygy ýetmezçilik edýär. Ilatyň, onyň emläginiň möçberini hasaba alynandan soňra, hasap statistika öz hasabyny söwdada senagatda, oba hojalygynda we maliýe guramalaryna ornaşdyrylýar.

Döwlet hojalyklary bilen birlikde hasapçylyk hususy hojalyklarda hem ornaşdyrylýar.

Uly senagat kärhanalarynyň, söwda guramalarynyň ýüze çykmagy hasap bölümlerinde goşa ýazgynyň, buhgalter hasabynyň kämilleşmegine ýardam edýär.

XIX-asyryň 90-njy ýyllarynda dünýäde buhgalter hasaby bilen statistika öňe gidişlik gazanyp onuň ulanylýan kärhanalary köpelýär. Şol wagtlar önümçilik prosesleri çylşyrymlaşyp başlaýar we şonuň netijesinde fabrik-zawodlaryň eýeleriniň arasynda “коммерческая тайна” (telekeçilik syry) ýüze çykýar. Statistika, buhgalter hasaby haýsy ýollar bilen kärhanalarda köp möçberde peýdany alyp boljagyny, haýsy sebäplere görä alynýan peýdanyň möçberiniň azalýanlygyny, önümiň özüne düşýän gymmatyny peseldip boljaklygyna jogap bermeýärdi. Şol wagtlar zawodlaryň, fabriklaryň, kärhanalaryň balanslary

çylşyrymlaşyp ykdysady analiz zerur ylym görnüşinde ýüze çykyp hojalyk işlerinde ornaşdyrylyp başlandy.

Şunlukda kärhanalaryň işini gündelik gözegçilige almak, kärhanalaryň özara bäsleşigi şertlerinde durmuşyň özi ykdysady analiziň döremegine onuň ýüze çykmagyna alyp barýar. Ykdysady analiziň ýüze çykyşy köp halatda kärhanalaryň birleşmesiniň esasynda olaryň bäsleşiginiň esasynda ýüze çykandyr.

Ykdysady analiz kärhananyň balansynyň esasynda geçirilýär. Onuň sebäbi analiz geçirilýän kärhana bilen baglanşykly dürli birnäçe edaralar boýunça balansy okap pikir ýöretmek mümkinçiligi döreýär (paýdarlar, haryt ugradyjylar, bank ulgamy, karz saklaýanlar (держат займы и т.д.) ).

Şonuň ýalyda balansyň analizina gyzyklanýanlaryň sebäbi il döwlet maliýesini häsiýetlendirýär, (kärhana salynýan salgytlar, peýda – zyýan, we ş.m.). Ykdysady analiz kärhananyň balansynyň esasynda peýda-zyýan hasabynyň kömegi bilen, analiz geçirilýän ýerde diňe oňa baha bermek bilen çäklenmän, eýsem analiz geçirmegiň usuly bilen tanyşýar.

Analiziň ýüze çykmagy, kärhanalaryň ykdysadyýetiniň ösmegi, bäsleşigiň güýjemegi bilen bagly bolup, döwüriň, ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi esasynda zerurlykdan ýüze çykýar we kämilleşip ugraýar.

Ykdysady analiziň taryhyndan, buhgalter hasabynyň taryhyny öwrenip XIX-asyryň aýaklarynda ykdysady analiziň aýratyn ylym görnüşinde ykrar edilmeginiň esasy sebäbi, onuň usulynyň, usulyýetiniň ýeterlik derejede işlenilmeýänligi täsir edendir.

Şol döwürde esasy ýykgyn edilip ulanylýan we öwrenilen ylym buhgalter hasaby bolup, ykdysady analiz onuň bir bölegi görnüşinde ulanylypdyr we analiz balans diýip atlandyrylypdyr.

Ýokarda aýdylan düşünjäniň ýagny ykdysady analiziň, atlandyrylyşy şol döwürde dogry hasap edilip edilýän talaba laýyk bolup, ykdysady analiziň aýratyn ylym görnüşinde ykrar etmeklige ýeterlik mümkinçilik bermändi.

Şol döwüriň ykdysady ugurdan bilermenleri, alymlary, görnükli hasapçylary, balansyň alynyp barylyşy, balansyň analizi, balansy analiz etmek diýen düşünjeleriň hemmesini buhgalter hasabynyň bir bölümi hasaplapdyrlar.

Şulara meňzeş bir ylymyň başga bir ylyma garaşly edilmegi, şol döwüre mahsus bolan aýratynlyklaryň biri bolup, ykdysady we beýleki ylymlarda kabul edilen ýorelgeleriň biridir.

Adamzadyň bilimi, ukyby, pikir ýöredişi bütin ömrinde, ýaşaýşyň dowamynda ösýär we kämilleşýär, ozalky bilimiň üsti doldyrylýar.

Bilimiň, ylymyň ösmegi günsaýyn täzelikler bilen baýlaşdyrylýar. Özi hem ylymyň, bilimiň ösmegi diňe belli bolan dine köne ylymlar bilen baýlaşman (fizika, himiýa, biologiýa, matematika we ş.m.) şonuň ýalyda ozal mälim bolmadyk täze ylymlar ýüze çykýar we kämilleşýär (kibernetika, ykdysady analiz, dolandyryş çözgütlerini kabul edýän ylymlar we ş.m.). Şularyň netijesinde täze özbaşdak aýry-aýry ylymlar ýüze çykýar, olar öz nobatynda hil tarapdan takyklygy we meseläniň düýp manysyny aňladyp görkezýärler.

Ylymlaryň arasynda, ykdysady analiziň aýratyn ylym görnüşinde ýüze çykmagyna has itergi beren senagat statistikasydyr.

Hojalyk işiniň analiziniň döreýşi barada, taryhy maglumatlara laýyklykda XIX-asyryň ortalarynda senagat kärhanalarynyň kuwwatlanmagy bilen, olar döwletde amala aşyrýan işleri barada hasabat bermäge borçly bolup döwletiň kanunçylygyna görä möçberini görkezmeli bolýar.

Bu maglumatlar döwletiň maliýe ministrligine we söwda-senagat ministrliklerine tabşyrylýar.

Şol wagtlar ýygnalan maglumatlar birinji nobatda maliýe ministrliginde düýpli analiz edilip dürli žurnallarda, ýygyndylarda, kitap we monografiýa görnüşinde çap edilipdir. Soňra ykdysady statistiki maglumatlar senagatyň ösüşini görkezýän maglumatlar maliýe ministrliginiň ýyllyk habarlarynda kitap görnüşinde 1916 ýylda çap edilip okyjylaryň köpçiligine ýetirilipdir.

Bulardan başga-da şol döwürlerde görkezilen çap edilen statistiki maglumatlardan başga dürli çeşmelerde ykdysady görkezijiler ulanylyp, düýpli analiz geçirilip döwlet edara-guramalarda, birleşikde şonuň ýaly-da iri hususy edara kärhanalarda öwrenilip, analiz edilip çap edilip köpçülige ýetirilipdir. Bu işleri amala aşyran senagatyň iň uly ösen pudaklaryna dag-senagat magdan öndürijileri, nebit-gaz ýangyç öndüriji dürli senagat kärhanalary we birleşikleri degişlidir. Ýokarda agzalan kärhanalar we beýlekiler ykdysady analiziň ylym görnüşinde ösmegine, esasy itergi beren pudaklardyr.

Statistiki maglumatlaryň ilik-düwme öwrenilşi döwletde nazary tarapdan maglumatlaryň täzeden işlenilşiniň usulyny, usulyýetini kämilleşdirip netijede ykdysady analizde ulanmaga amatly şert döretdi. Senagatyň ösüş depginini analiz etmek, oňa täsir edýän faktorlary ýüze çykaryp, olary düzetmegiň usulyny işläp düzmek, şol zamanada kämilleşdirilmegine mätäçligi onuň özüne ýetik birnäçe kemçilikleri bardy. Ol işler barada az alada edilýärdi, we kämilleşdirilmegi talap edýärdi.

Şol döwürde iri senagat kärhanalarynyň emele gelmegi, bank we karz ulgamy döremegi, karz-maliýe edaralaryň ýüze çykmagy, önümçilik gatnaşyklarynyň we proseslerniň çylşyrymlaşmagy netijesinde ylymyň özbaşdak aýratyn ugry bolan, kärhananyň hojalyk işini öwrenip, ulanylmadyk ätiýaçlyklary ýüze çykaryp, olary ulanmagyň usulyýetini anyk görkezýän täze ykdysady analiziň döremegine zerurlyk dörändir diýip umumy netije çykarylsa dogry bolar.

Bu ylymyň özi senagat kärhanalaryny dolandyrmak boýunça esasy wezipeleri ýerine ýetirmäge ukyply bolar.

Ykdysady analiziň döreýşini onuň ösüşiniň senesini Rossiýada XIX-asyryň ahyry we XX-asyryň başy hasaplamak bolar. Ylymyň şol döwürde ýüze çykyp, ösüşine esasy goşandy bolan alymlara A.B.Prokafýow, P.Ýa. Beýsuman, I.S.Arinuşkin, P.N. Hudýakowy we başgalary goşmak bolar.

Ykdysady analiziň ir döwürdäki döräp-ösüşine, buhgalter balansyň analizi diýip atlandyrylýardy. Onuň has özüne mahsus bolan aýratynlygy we sebäbi bardy. Balans senagat kärhanasynyň işiniň netijesini görkezýän, esasy çeşme we dokument hasaplanylýar.

XX-asyryň başlarynda Rossiýada paýdar kärhanalaryň balansy atly kitap neşir edildi we onda diňe balansy böleklere bölüp öwrenilmegi maslahat berilýär. Şu kitapda giňişleýin balansy dogry düzmek barada düşünje berilýär we onuň käbir

bölümlerine baha bermek barada aýratyn usuly aýratynlyklar beýan edilýär. Bulardan başga balansy düzmek, onuň bölümlerini kämilleşdirmek, ony çuňňur analiz etmek barada giňişleýin düşünje berilýär. Şu işleriň özi kärhananyň gazanan önümçilik derejesini, onuň netijeliligini ýokarlandyrmaga edilýän tagallalara ýardan etmeli.

Kärhananyň balansyny wagtynda düzüp, analiz etmek zerur iş hasaplanylýar. Onuň ähmiýeti analiz geçirilýän kärhana üçin we şonuň ýaly-da söwda aýlanşygynyň berkemegine, ygtyýarlylygyna, her bir telekeçi kärhananyň gelen önümçilik iş ýolyna balansyň kömegi bilen göz ýetirip, gelejekde önümçiligiň netijesiniň ýokarlandyrylmagyna hem degişlidir.

Kärhananyň balansyny analiz geçirmek, onuň gelejekde önümçilik prosessini kämilleşdirip, önüm goýbermegi köpeldip, meýilnamany artygy bilen dolmaga, önümiň hilini ýokarlandyrmaga, önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmäge, serişdeleriň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam etmelidir.

Ykdysady ugurdan bilermenler, uly senagat kärhanalarynyň hasap işgärleri ykdysady analiziň taryhynda, onuň ösüşinde dürli terminologiýalary (atlary) üýtgedip ulanypdyrlar. Olary şu aşakdaky toparlara bölüpdirler:

1. Balansyň alnyp barylyşy;
2. Balansyň analizi;
3. Buhgalter balansynyň analizi;
4. Hasap analizi;
5. Hasabatyň analizi;
6. Hojalyk işiniň analizi;
7. Ykdysady analiz.

Ýokarda getirilen toparlama ykdysady analiziň gysga taryhy wagtyň içinde ösüşinde ylymyň dürli terminologiýasyna we onuň mazmunyna üýtgemelere sezewar bolupdyr.

Ylymda analiza berilýän atlaryň (terminologiýasyna) has çuňňur öwrenip oňa dogry manyly atlary bermeklik zerurlygy ýüze çykýar. Bulary amala aşyrmak üçin analiziň ösüş etabynda, şol atlaryň hakykatdanam baglanşygyny we bar bolan kesgitlemäniň beýleki kesgitlemeler bilen baglanşygyna göz ýetirmeli.

Analiziň netijesinde 1-4 topar kesgitlemeleriň biri-birinden mazmuny boýunça uly tapawudynyň ýoklygy görünýär. Ýene şu ýerde bellemeli balansyň analizi tejribede bütin kärhananyň islegini ödäp bilmeýär. Şonuň üçin analiziň usulyny, usulyýetini täzeden işläp düzmek zerurlygy ýüze çykýar we şonuň esasynda kärhananyň işiniň hemme taraplaýyn analiz geçirmek mümkinçiligini amala aşyrýanlygy. Analiziň döreýşinden onuň kämilleşmegini hasaba alyp 1940-njy ýyla çenli birinji etapy diýip hasaplanylýar.

Onuň aýratynlyklaryna şu aşakdakylar degişli:

1. Balansyň analiziniň usuly-usulyýeti epesli ösdi;

2. Analiz geçirilende birinji orny balansyň esasynda kärhananyň maliýe ýagdaýyna gönükdirilip, ikinji nobatda ýüzleý önümçilik ýagdaýy analiz geçirýär;
3. Analiz geçirmek üçin esasy çeşme bolup buhgalter balansy hyzmat edýär;
4. Ykdysady analiziň nazaryýeti soraglary işlenilip düzülmändir.

## 9.2. Bazar ykdysadyýetine geçiş döwürdäki ykdysady analiz

Ykdysady analiziň kärhanany dolandyrmak, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmakda, tygşytlylygy gazanmakda amala aşyrýan tagallalaryny inkär etmeýärler. Kärhanada ykdysadyýeti ösdürmekde, dolandyrmagy kämilleşdirmekde analiziň roly, orny bimöçberdir. Soňky döwürde ykdysady analiziň ulanylýan edara kärhanalarynyň sany köpelip, umumy döwlet möçberinde olarda ykdysady analiz geçirýän bölümler açyldy.

Bulara pudaklaýyn ministrlikleriň, birleşikleriň, assosiasiýalaryň garamagyndaky kärhanalar, bank ulgamynyň hemmesi we beýlekiler degişlidir. Şu döwürde ykdysady analiziň nazaryýeti, ykdysady analiz ylmy epesli ösüşe eýe bolup, onuň ulanylyş çägi giňeldi. Şonuň ýaly-da ykdysady analiz ylmyna uly üns berilip, şol ugurdan işleýän bilermenleriň alymlarynyň sany köpeldi.

Ykdysady analiza bagyşlanyp ýazylan umumy-usulyýeti işlerde, analizi haýsy tertipde geçirip, görkezijileriň esasy üns bermeliler görkezilýär. Analiz diňe balansyň ýa-da hasabatyň esasynda geçirilmän, analiz has çuňlaşdyrylan pudakara takyk maglumatlaryň esasynda tehniki ykdysady içki hojalyklara şonuň ýaly-da birleşdirilen umumylaşdyrylan hasabatlaryň esasynda geçirilýär. Analiz geçirilende giňişleýin ykdysady-matematiki usullar we hasaplaýyş tehnikasy ulanylýar.

Soňky wagtlarda çykan ylmy işleri hasaba alanyňda olaryň köp bölegi “Ykdysady analiz” ady bilen çykarylýar. Ylmy işiň “Ykdysady analiz” ady bilen çykmagy tötänden däldir diýip hasap etmek dogry bolar, sebäbi “Ykdysady analiz” diýip atlandyrylyşy “analiz bolan”, ýa-da “Hojalyk işiniň analizi” diýip atlandyrmakdan has giňişleýin düşunje berýär we analiz ugrunda işleýän alymlar tarapyndan gollanýar.

Häzirki döwürde ykdysady analiziň, onuň nazaryýetinde, pudaklaýyn analizda ullakan özgerişikler amala aşyryldy. Ykdysadyýet bazar gatnaşyklaryna hemme taraplaýyn geçiş döwründe. Munuň özi geçirilýän analiziň mazmunynda birnäçe aýratynlyklar hasaba almaga analiz geçirýän hünärmenleri ugrykdyrýar.

Kärhanalarda operatiw we zawodara analizi kämilleşdirmek barada usuly, usulyýet işlerini kämilleşdirmek esasy wezipe bolup durýar.

Zawodara analiz geçirilende onuň netijeliligi we täsirliligi ýokary derejede bolup käbir yza galak kärhanalaryň işini tijendirmäge, önümçiligiň ösmegine, zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna, önümiň özüne düşýän gymmatynyň peselmegine we harajatlaryň tygşytlanmagyna ýardam edýär.

Zawodara deňeşdirme kärhanada hakyky mümkinçilikleri ýüze çykarmaga, öňde baryjy tejribäni ýaýratmaga, şonuň esasynda önümçilikde bar bolan ätiýaçlyklary ýüze çykaryp, önümiň köpelmegine ýardam edýär.

Senagat kärhanalarynda häzirki wagtda zawodara (hojalykara) analiz baý tejribä eýedir we bazar gatnaşyklarynda analiziň täsirliligini amala aşyrmakda esasy gural bolup hyzmat edýär.

Häzirki wagtda bazar ykdysady gatnaşyklarynda, senagat kärhanalarynda ylmy-tehniki progressiň pajarlap ösmegi esasynda, umumy önümçilik prosessiniň netijeliliginiň ýokarlanmagy öz gezeginde ykdysady analiziň doly we hemme taraplaýyn analiz geçirmekligi talap edýär we şonuň ýaly-da pudaklaryň hemmesinde görkezijileri deňeşdirme usulynda analiz geçirmegi talap edýär.

Analiz geçirilende matematiki usullar üstünlikli ulanylýar. Mysal üçin, önüme goýberilende, stanoklara iş paýlananda, satyn alynanda, çig mallar biçim edilende, önümçilik meýdanlarynyň kuwwatlylygy ölçenende we ş.m.

Şunlukda bazar ykdysady şertlerinde ykdysady analiziň nazaryýeti bilen birlikde onuň pudaklarda geçirilişinde hem epesli kämilleşdirmeler bolup geçýär.

Döwlet uly ykdysady potensiala eýe bolan wagtynda, ätiýaçlandyryş gorlaryny, olaryň netijeli ulanylmagy barada alada edýär. Şonuň ýaly-da önümçilik kuwwatlaryny, birinji nobatda maşynlary, stanoklary, ulag serişdeleriniň ulanylşyna uly ähmiýet berýär. Olary amala aşyrmakda ykdysady analiza birinji orun berilýär.

Hojalyk mehanizimini kämilleşdirmek, ykdysadyýeti dolandyrmak kärhanalarda yzygiderli uzak prosessdir. Munuň her bir aýry bölegi öz gezeginde birnäçe täze wezipeleri öňde goýýar, ony çözmek we ýerine ýetirmek ykdysady analiziň esasy wezipesi bolup durýar. Olary ýerine ýetirmek, dolandyrmak üçin diňe kemçilikleri görkezmek ýeterlik däl, eýsem kemçilikleri düzetmegiň usuly ýoly görkezilmeli.

Şol sebäpli çaklama (perspektiw) ykdysady analiziň roly artýar. Eger deslapky analiziň netijesi häzirki wagtda gerek bolsa, çaklama analiziniň netijesi gelejekde, soňky ýyllarda goýberilen kemçilikleriň gaýtalanmazlygyna ýa-da onuň ýaramaz täsiriniň azalmagyna täsir edýän ýaramaz sebäpleriň aradan aýrylmagyna we şonuň ýaly-da önüm goýbermek meýilnamalaryň ýerine ýetirilmegine ýardam etmeli.

Häzirki döwürde, bazar ykdysady şertlerinde ykdysady analiziň usuly we usulyýeti, düýpli özgertmelere mätäçdir, analiziň gurnalyşynda, amala aşyrylyşynda, analiz geçirilende birinji nobatda ulanylmadyk ätiýaçlyklary doly ýüze çykaryp birinji nobatda önümçiligiň ýerine ýetirilişi göz öňünde tutulmaly.

Analiziň nazaryýetiniň meselesi çözülende birinji nobatda, analizi ýuwaş-ýuwaşdan analizi ykdysady dolandyryşa öwürmek bolup durýar. Pudaklaýyn ministrlikleriň we beýlekileriň döwrebap usuly maglumatlar bilen üpjün etmek pudakara analiziň usulyýet guramasyny döretmeli.

Ol ýerde analiza mahsus bolan soraglardan başga-da (önümçilik, material üpjünçilik, maliýe işleri, zähmet we maliýe serişdelerini ulanmak, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak, ylmy tehniki netijelerini önümçilige ornaşdyrmak we ş.m.)

## Bap 10. Hojalyk işiniň analiziniň usulyýeti

### 10.1. Kärhananyň tehniki guramaçylyk önümçilik derejesiniň analizi

Pudaklaryň, senagat kärhanalarynda önümçilik esasy fondlarynyň hereket edişi, olaryň önümçilikde işleýşi (esasy önümçilik fondlarynyň, işçi güýçleriniň we aýlanyşyk serişdeleriniň) önümçilikde ulanylşy kärhananyň işinde esasy netijesi hasaplanylýar. Esasy önümçilik fondlarynyň ulanylşynyň netijeliligi hasaplananda görkezijiler natural we pul görnüşinde ulanylýar.

Natural görnüşinde: esasy desgalaryň, stanoklaryň ekstensiw we intensiw ulanylşy, fondlaryň önüm berijiligi hasaplanda, natural ýa-da şertli natural görnüşinde hemme esasy önümçilik fondlary üçin deň hasaplanylýar.

Pul görnüşinde: fonduň önüm berijiligi pul görnüşinde hemme serişdeleriň aktiw bölegine stanoklara;

Ýokarda ulanylýan tertip, görkeziji esasy fondlaryň diňe ykdysady netijeliligini, onuň önümçilikde hereket edişini görkezmän, eýsem onuň gelejekde ulanylşynyň ýokarlanmagy üçin kärhananyň ykdysady işiniň kämilleşmegine ýardam edýär esasy serişdeleriň netijeliligi. Analiz geçirilende umumy jemleýji görkeziji diýip, onuň ulanylşyny, kärhanada esasy fondlaryň ortaça her bir manadyna öndürilen haryt (jemi) önüm hasaplanylýar. Bulardan başga hem esasy fondlaryň netijeliligini häsiýetlendirýän görkezijilere: bir stanogyň, bir smenada öndürýän matasy, metr, bir pagta ýygýan kombaýnyň smena ýygýan pagtasy tonna, bir däne ýygnaýan kombaýnyň bir smenada ýygnaýan dänesi, tonna we ş.m.). Ýöne tejribede, köp ýagdaýda, ýyllyk hasabatyň netijesinde, esasy serişdeleriň önüm berijiligi, onuň ortaça ýyllyk möçberine düşýän haryt (jemi) önümiň mukdary bilen hasaplanylýar.

Şu aşakdaky şekilde esasy serişdeleriň önümçilik ýerine ýetirýän işleri we netijede önümçilige edýän täsiri görkezilýär.

## Kärhananyň görkezijileriniň analiziniň we zähmet serişdeleriniň ulanylşy




Senagat kärhanalarynda esasy önümçilik fondlarynyň hereket edişi çylşyrymly dolandyryş çözgütleri bilen baglydyr. Şonuň üçin analiz geçirmek üçin kärhananyň dürli bölümleriniň köp sanly işgärleriň, hünärmenleriň hereketlerini umumylaşdyryp bir görnüşe getirmek uly guramaçylyk çäreleri amala aşyrylmaly.

Esasy fondlary netijeli dolandyrmak üçin talap edilýär:

1. Kärhanany dolandyrmakda tygşytlylyk, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaly, az harajat sarp edip esasy görkezijiler boýunça meýilnamany dolmak;
2. Kärhanany dolandyrmakda esasy serişdeleriň hereketinde üýtgeşiklik çalt-operatiw çözgütleri işläp düzmek;
3. Kärhanada ygtybarly dolandyrmagy üpjün etmek üçin, hasap-hasabat maglumatlarynyň dogrylygyny üpjün etmek;
4. Kärhanada esasy serişdeleriň ulanylysynda wagtyň, onuň iş režimini kämilleşdirmek;

Esasy serişdeler analiz edilende kärhanada şu aşakda görkezilenleri analiz etmeli:

1. Esasy fondlaryň düzümini we dinamikasyny;
2. Senagat önümçilik esasy fondlarynyň düzümini we dinamikasyny;
3. Esasy fondlaryň täzelenşini we hatardan çykarylşyny;
4. Kärhananyň esasy fondlar bilen üpjünçiligini.

Esasy fondlaryň düzümi, dinamikasy hasabat ýylynda analiz geçirilende onuň hasabat ýylynda üýtgeýşi (+,-) ýylyň başyna ösüş depgini hasaplanylýar. Şol bir wagtyň özünde kärhanada, önümiň köpelmegi, onuň esasy serişdeleriniň köpelmegi esasynda bolýar, şol sebäpli esasy serişdeleriň täzelenen böleginiň koeffisiýentini hasaplamaly. Mysal üçin, biziň analiz geçirýän kärhanamyzda esasy serişdeleriň düzümi şu aşakdaky tablisada görkezilýär.

| **Görkezijiler** | **Ýylyň başyna** | | **Ýylyň ahyryna** | | **Ýylyň aýagyndaky % ýylyň başyna** |
|---|---|---|---|---|---|
| | **bahasy müň man. hasabynda** | **udel agramy %** | **bahasy müň man. hasabynda** | **udel agramy %** | |
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** |
| I. Senagat önümçilik esasy serişdeleri Hemmesi | 66 740 | 77,9 | 70 550 | 75,3 | 105,7 |
| Şol sanda | | | | | |
| 1. Jaýlar | 22 390 | 26,1 | 24 630 | 26,3 | 110,0 |
| 2. Desgalar | 2 320 | 2,7 | 2 620 | 2,8 | 112,9 |
| 3. Geçiriji gurallar | 180 | 0,2 | 870 | 0,9 | 483,3 |
| 4. Güýç maşynlary we gurallar | 5 560 | 6,5 | 3 450 | 3,7 | 62,1 |
| Şol sanda awtomatlaşdyrylanlary | 1 160 | - | 1 840 | - | 158,6 |
| 5. Iş maşynlary we gurallar | 28 550 | 33,3 | 34 250 | 36,6 | 120,0 |
| Şol sanda awtomatlaşdyrylanlary | 3 680 | - | 5 980 | - | 162,5 |
| 6. Ölçeýji we sazlaýjy gurallar | 420 | 0,5 | 540 | 0,6 | 128,5 |
| 7. Ulag serişdeleri | 1 630 | 1,9 | 1 040 | 1,1 | 63,8 |
| 8. Emlägi hasaba almak we goşmaça gaýry esasy serişdeler | 5 690 | 6,7 | 3 150 | 3,3 | 55,4 |
| II. Senagata degişli däl esasy serişdeler | 18 970 | 22,1 | 23 160 | 24,7 | 122,1 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Esasy serişdeleriň jemi | 85 710 | 100,0 | 93 710 | 100,0 | 109,3 |
| III. Täzeden işe girizilen esasy fondlar | X | X | 20 290 | X | X |
| IV. Esasy serişdeleriň könelen bölegi | 25 000 | X | 23 110 | X | X |

Tablisada getirilen maglumatlaryň esasynda analiz geçirilýän kärhanada esasy fondlaryň möçberi ýylyň başyna 85 710 müň manat bolan bolsa, ýylyň ahyryna 93 710 müň manada barabar bolupdyr, göterim hasabynda 9,3 % köpelipdir, ýa-da ýylyň dowamynda 800 müň manada çenli köpelipdir.

Senagat önümçilik esasy serişdeleri 381 müň manatlyk köpelipdir (70 550 müň manat- 66 740 müň manat) göterim hasabynda 5,7 %, senagatda däl esasy serişdeler 4 190 müň manatlyk (23 160 müň manat- 18 970 müň manat), göterim hasabynda 22,1 % . Senagatda däl esasy serişdeleriň 419 müň manada köpelenligi, esasy serişdeleriň düzüminiň üýtgemegine getirdi: ýagny senagat önümçilik esasy serişdeleriň möçberiniň udel agramy 77,9 %-den 75,3 % azalyp, senagatda däl esasy serişdeleriň möçberi 22,1 % - 24,7 % çenli, ýagny 2,6 % köpelipdir. Ýöne esasy serişdeleriň düzüminiň üýtgemegi kärhananyň önüm goýbermek ukybyna ýaramaz täsir görkezmändir, sebäbi esasy serişdeleriň gönüden-göni önümçilik prosessine gatnaşýanlarynyň sany (iş maşynlary we ş.m.) 33,3 % - den 36,6 % çenli köpelipdir. Bulardan başga esasy serişdeleriň düzüminde hil taýdan özgertmeler bolupdyr. Has takygy güýç maşynlarynyň 6,5 %-den 3,7 %-e çenli azalmagy, esasy serişdeleriniň şol böleginiň has täze öndürjiligi ýokary bolan awtomatlaşdyrylanlary bilen çalşyrylypdyr.

Eger ýylyň başyna jemi işçi maşynlarynyň awtomatlaşdyrylanlarynyň möçberi 3 680 mün manat bolan bolsa ýylyň ahyryna onuň möçberi 5 980 müň manada çenli köpelipdir ýa-da göterim hasabynda 162,5 % deň bolupdyr.

Gelejekde esasy serişdeleriň analizi geçirilende onuň tehniki ýagdaýý anyklanmaly, sebäbi onuň guratlygyndan netijeliligi bagly bolup durýar.

Esasy serişdeler analiz geçirilende onuň täzelenen böleginiň, könelen böleginiň ýylyň başyna we aýagyna koeffisiýentleri hasaplap, deňeşdirip netije çykarmaly. Şonuň ýaly-da esasy serişdeleriň düýpli bejeriş işleriniň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi barlanylýar.

Esasy serişdeleriň täzelenen böleginiň koeffisiýenti şol serişdeleriň möçberini 20 290 müň manat. Esasy serişdeleriň ýylyň ahyryna ortaça bahasynyň jemine bölmek esasynda hasaplanylýar.

Biziň analiz geçirýän kärhanamyzda esasy serişdeleriň täzelenen böleginiň koeffisiýenti $\frac{20290\times100}{93710} = 21{,}7\%$ Şu hasaplanan koeffisiýent, biziň analiz edýän kärhanamyzda esasy serişdeleriň 21,7 % birinji ýyl hyzmat edýänligini görkezýär.

Esasy serişdeleriň könelşen böleginiň koeffisiýentini hasap etmek üçin, könelşen böleginiň möçberini, esasy serişdeleriň ilkinji bahasyna bölmek esasynda hasaplanylýar. Biziň analiz edýän kärhanamyzda esasy serişdeleriň könelşen bölegi ýylyň başyna 25 000 müň manat, ýylyň ahyryna – 23 110 müň manat bolupdyr. Şu maglumatlardan ugur alyp esasy serişdeleriň ýylyň başyna we aýagyna köpelmek

böleginiň koeffisiýentini hasaplaýarys. Ýylyň başyna $\frac{25000\times100}{85710} = 29{,}2\%$ ýylyň aýagyna $\frac{23110\times100}{93710} = 24{,}7\%$ Maglumatlardan görnüşi ýaly ýylyň dowamynda esasy serişdeleriň tehniki tarapda ulanylşy gowlanypdyr, sebäbi ýylyň başyna könelşen bölegi 29,2 % tutýan bolsa aýagyna ol görkeziji 24,7 % deň bolup, göterim hasabynda 4,5 % pese düşüpdir.

## 10.2. Kärhananyň esasy fondlarynyň önüm berijiliginiň analizi

Senagat kärhanalarynda esasy serişdeleriň önüm berijiligi, onuň netijeli ulanylşy birnäçe görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär. Mysal üçin, bir dokma stanogynda öndürilen mata metr, bir ýük awtoulagynda daşalan ýük tonna kilometr, bir pagta ýygýan kombaýynyň ýygýan pagtasy tonna hasabynda, bir däne ýygýan kombaýynyň ýygnan dänesi tonna we ş.m.

Kärhanalarda esasy serişdeleriň netijeliligi hasaplananda esasy görkeziji bolup, şol serişdeleriň bir müň manadyna goýberilen haryt önüm, ýa-da jemi önüm hasaplanylýar. Hasaplama geçirilende kärhanada öndürilen haryt önümiň ýa-da jemi önümiň mukdary, esasy serişdeleriň ýyllyk ortaça bahasyna bölünýär.

Analiz geçirilende kärhanada bar bolan stanoklary bilen gurnalan işleýänleri deňeşdirilýär. Mysal üçin, eger kärhanada ýylyň ahyryna 3 500 stanok bar bolsa, olaryň 3 010 sanysy gurnalyp işleýän bolsa, munuň özi bar bolan stanoklaryň diňe $\frac{3010\times100}{3\,500} = 86$ % ulanylýanlygyny aňladýar.

Şonuň ýaly-da kärhananyň esasy serişdeleri analiz geçirilende, onuň stanoklarynyň operatiw-tehniki hasabyň kömegi bilen işleýänlerini gurnalan stanoklar bilen deňeşdirip netije çykarylýar. Mysal üçin, analiz geçirýän kärhanamyzda ýylyň ahyryna gurnalan stanoklaryň sany 3 010 deň, hasabat boýunça işleýänleriniň sany 2 950 sany, munuň özi gurnalan stanoklaryň 2 % kärhanada ulanylmandyr ($100 - \frac{2\,950\times100}{3\,010} - 2$ %).

Analiz geçirilende işleýän stanoklar işleýän wagty we kuwwatlylygynyň iş bilen üpjün edilişi hem barlanylýar.

Analiz geçirilende kärhana boýunça stanoklaryň hasabatda işlän stanok sagatlarynyň fondy meýilnama boýunça işlemeli stanok sagatlarynyň fondy bilen deňeşdirilýär.

Stanoklaryň işlemeli stanok sagatlary, işlän stanok sagatlary bilen deňeşdirilende, işlän sagatlary az bolsa, onuň sebäpleri takyklanýar we ýitirilen sagatlar sebäpli kärhananyň goýberen önümininiň näçe möçberde azalanlygy takyklanýar we olary aradan aýyrmak barada takyk teklipler işlenilip düzülýär we hödürlenýär.

Şol sebäplere stanoklaryň düýpli bejeriş işleriniň geçirilmegi, dürli tebigy betbagtçylyklar, elektro-energiýanyň ýetmezçiligi, çig malyň ýetmezçiligi, işçi güýjiniň ýetmezçiligi we başgalar täsir edip biler. Mysal üçin, biziň analiz geçirýän kärhanamyzda şu aşakdaky maglumatlar bar.

Kärhanada meýilnama boýunça işlemeli stanok sagadyň fondy 4. 098 000 stanok sagat, hasabat boýunça işlenilen stanok sagadyň fondy 4. 031 500 stanok

sagat, şu maglumatlaryň esasynda işleýän stanoklar kärhanada $\frac{4031500 \times 100}{4098000} =$ 98,4 % . Ýitirilen stanok sagatlarynyň jemi 66 500 stanok sagat, şol sebäpli analiz geçirýän kärhanamyz 739 müň manatlyk önüm kem goýberilipdir $\frac{455500 \times 66500}{4098000} =$ 739 müň man.

Esasy serişdeleriň netijeliligi analiz geçirilende ýokarda belleýşimiz ýaly dürli görkezijiler ulanylýar, ýone olaryň içinde has köp ulanylýany, amatlysy, ygtybarlylygy bilen tapawutlanýany, kärhananyň esasy serişdeleriniň her 1000 manadyna goýberilýän haryt ýa-da jemi önümdir. Biziň analiz geçirýän kärhanamyzda hasabat ýyly bilen geçen ýylky deňeşdirilende, esasy fondlaryň netijeli ulanylşynyň hasabyna, onuň hasabat ýylynda geçen ýylkydan könelenliginiň hasabyna kärhanada jemi önümiň artmagy görkezilen.

| **T\b** | **Görkezijiler** | **Geçen ýyl** | **Hasabat ýyly** | **Tapawut (+ -)** | **Hasabat ýyly geçen ýylka %** |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Jemi önüm lomaý söwda bahasynda (müň man. hasabynda) | 430 000 | 480 700 | +50 700 | 111,8 |
| 2. | Önümçilik esasy serişdeleriniň ortaça ýyllyk möçberi (müň man. hasabynda) | 29 100 | 31 400 | +2 300 | 107,9 |
| 3. | 1000 manat esasy serişdä düşyän jemi önüm | 147 770 | 153 090 | +5 320 | 103,6 |

Tablisadan görnüşi ýaly analiz geçirilýän kärhanamyzyň esasy serişdeleri hasabat ýylynda geçen ýylky bilen deňeşdireniňde netijeli ulanylypdyr, eger geçen ýyl esasy serişdeleriň her bir müň manadyna 147 770 manatlyk önüm öndürilen bolsa, hasabat ýylynda 153 090 manatlyk önüm öndürilipdir, ýa-da her bir müň manada 5 320 manatlyk önüm köp öndürilipdir, göterim hasabynda 3,6 % artyk.

Şu maglumatlaryň esasynda analiz geçirýän kärhanamyzda, esasy serişdeleriň we olaryň önüm berijiliginiň artmagynyň hasabyna, jemi önümiň köpelen bölegini hasaplamak bolýar.

Esasy serişdeleriň hasabat ýylynda geçen ýylky bilen deňeşdirilende köpelenliginiň hasabyna jemi önümiň artmagyny hasaplamak üçin esasy serişdeleriň köpelen bölegini 2 300 müň manady, şol serişdeleriň geçen ýyldaky her bir manada goýberlen önümine köpeltmeli 147 770 manada.

Kärhanada esasy serişdeleriň netijeli ulanylmagynyň hasabyna jemi önümiň köpelenligini hasap etmek üçin, her bir müň manat esasy serişdelere goýberilen önümiň hasabat ýylynda geçen ýylky bilen deňeşdirilendäki tapawudyny 5 320 man. esasy serişdeleriň hasabat ýylyndaky ortaça bahasyna köpeltmeli.

Biziň analiz geçirýän kärhanamyzda jemi önüm hasabat ýylynda geçen ýylky bilen deňeşdireniňde 50 700 müň manatlyk köpelipdir ýa-da göterim hasabynda 111,8 %, şol sanda:

- esasy serişdeleriň köpelenliginiň hasabyna 2 300 x 147 770= 3 399;
- esasy serişdeleriň ulanylşynyň netijeliliginiň hasabyna 5 320 x 31 400=1671;

### 10.3. Zähmet öndürijiliginiň analizi

Kärhanada önüm goýbermek boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilmegine köpsanly dürli deliller täsir edýär. Olary şu aşakdaky esasy toparlara bölmek bolar:

1. Işçi güýjüni ulanmak bilen bagly bolan faktorlar;
2. Esasy serişdeleri ulanmak bilen bagly bolan faktorlar;
3. Material tehniki üpjünçilik bilen bagly bolan faktorlar;

Sanalan her bir topara degişli bolan faktorlar öz gezeginde birnäçe has ownuk faktorlary öz içine alýar, olar biri-birine bagly we dakylly.

Analiz geçirýän wagty ol faktorlary ýüze çykarmaly, olaryň önümiň möçberine edýän täsirini hasaplamaly.

Kärhananyň goýberýän önüminiň mukdaryna faktorlarynyň her birine aýratynlykda seredeliň:

a) Işçi güýjüniň ulanylşynyň analizi;

Işçi güýjüni ulanmak bilen bagly bolan mesele analiz geçirilende takyklanýar.

1. Kärhananyň sany, düzümi boýunça işçi güýji bilen üpjünçiligi we olary hemişe işlemek üçin görülýän çäreler;

b) Kärhanada zähmet öndürijiliginiň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi we oňa täsir edýän sebäpleri takyklamak.

Birinji nobatda kärhananyň işçi güýji bilen üpjünçiligi barlanýar. Biziň analiz geçirýän kärhanamyzda şu aşakdaky maglumatlar bar.

| Görkezijiler | Meýilnama | Hasabat | Tapawut (+,-) | Meýilnamanyň ýerine ýetirilişi % |
|---|---|---|---|---|
| 1. Işçileriň ortaça sany | 71 200 | 73 400 | + 2 200 | 103,1 |
| 2. Jemi önüm lomaý söwda bahasynda (müň man. hasabynda) | 455 500 | 480 700 | + 25 200 | 105,5 |

Maglumatlardan görnüşi ýaly analiz geçirýän kärhanamyzda işçiler +2 200 adam artyk işläpdi ýa-da (absolýut tapawut 73 400 – 71 200).

Kärhanalaryň önüm goýbermek boýunça meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi diňe işçileriň sanyna bagly bolman, şeýle-de işçileriň iş stanogyndan, ezberliginden, zähmet tertip düzgüniniň berjaý edilşinden, işgärleriň geldi-giderliginden we ş.m. garaşly we bagly bolup durýar.

Kärhananyň işçi güyji bilen dürli hünärler, kwalifikasiýalar bilen üpjünçiligi diňe kärhananyň özünde barlanylýar.

Kärhananyň işçi güýji bilen üpjünçiligi barlananda, onuň diňe ortaça sanyny takyklamak ýeterlik bolmaýar. Ony doly amala aşyrmak üçin işleýänleriň düzüminde ýylyň dowamynda üýtgeşikleri hasaba almaly. Işçi güýjiniň hereketi, aýlanşy koeffisiýent bilen hasaplanylýar. Işçileriň geldi-geçerligi, kärhanada ýaramaz faktor hasaplanylýar we işe täzeden alynan işçileriň, işden çykarylanlaryň sany bilen hasaba alynýar.

Koeffisiýent hasaplamak üçin işden sebäpsiz gidenleriň sany ortaça ýyllyk işçileriň sanyna bölünýär. Mysal üçin

1. Işçileriň ortaça sany 73 400 adam
2. Bir ýylda kabul edilen 6 800 adam
3. Bir ýylda sebäpsiz işden gidenleriň sany (zähmet düzgünini bozanlygy üçin) 5 140 adam
4. Işçileriň geldi-giderliginiň koeffisiyenti $(\frac{5140\times100}{73400}) = 7\ \%$

Kärhanada işçileriň geldi-giderligi ýokary bolsa, önümçilik prosessine ýaramaz täsir edýär, işçileriň iş wagtynyň ýitmegine sebäbi täze işe alynan işçiler, önümçilige üýgynlaşýança köp wagt sarp edilýär.

Şonuň üçin kärhanada hemişe işlär ýaly işçileri işde saklamak üçin takyk çäreler görülmeli. Onuň üçin işçileriň hal-ýagdaýyny gowylandyrýan çäreler görülmeli. Mysal üçin, ýaş çagaly eneleri birinji çalşykda işletmeli, olaryň ýaş çagalaryny çagalar bagyna ýerleşdirmeli, ýaş işçileriň işde gowy netije görkezýänleriniň gysga möhletli, hünär derejesini ýokarlandyrýan okuwlara iberip okatmaly, olary okuwy tamamlandan soňra orta ýolbaşçy tehnik, smena, brigada ýolbaşçylyk wezipelerine çekmeli.

## Kärhanada zähmet öndürijiliginiň analizi.

Zähmet öndürijiliginiň ösüş derejesi kärhananyň netijeli işleýşini görkezýän we ykdysady ösüşine ýardam edýän esasy faktorlaryň biridir. Zähmet öndürijiliginiň ösüş depgininden kärhananyň önümçilik görkezijileriniň birnäçesi garaşlydyr: önüm goýberilişi, işçileriň sany, zähmet hakynyň gorlary, önümiň önümçilige düşýän gymmaty we ş.m.

Analiziň esasy ugry, wezipesi, zähmet öndürijiliginiň meýilnamamasynyň ýerine ýetirilişini, oňa täsir edýän faktorlary ýüze çykaryp gelejekde olary düzetmek üçin takyk teklipleri işläp düzüp hödürlemekdir.

Zähmet öndürijiliginiň ösüş derejesine baha bermek üçin, umumylaşdyrylan, kömekçi we şahsy görkezijiler ulanylýar.

Umumylaşdyrylan görkezijilere bir işçiniň, ortaça ýyllyk, ortaça günlük, ortaça sagatlaýyn öndürýän önümi, manat hasabynda degişli.

Şahsy görkezijilere – öndürilýän önümiň birligine sarp edilýän wagt (önümiň zähmet talap ediligi), ýa-da öndürilýän önümiň belli bir görnüşine sarp edilýän bir adam gün, adam sagat.

Kömekçi görkeziji haýsy bolsada bir iş üçin sarp edilen wagt birligini aňladýar.

Zähmet öndürijiligi analiz geçirilende umumy görkeziji bolup bir işleýäne, bir işleýäne işçä ýyl boýy düşýän önüm hasaplanylýar.

Onuň möçberi diňe işçileriň zähmet öndürijiligine bagly bolman, olaryň işlän iş günine, iş güniniň dowamlylygyna baglydyr.

**Kärhananyň işçileriniň bir ýylky öndüren önüminiň faktorlarynyň özara baglanşygy.**




Ýokarda belleýşimiz ýaly zähmet öndürijiligi senagat kärhanalarynda wagt birliginde (ýyl, çärýek, aý, gün, smena, sagat) bir işçiniň öndüren önümi bilen hasaplanylýar. Kärhananyň hasabatyndan zähmet öndürijiligi umumy-jemi önümiň lomaý söwda bahasynda işçileriň ortaça ýyllyk sanyna gatnaşygy esasynda hasaplanylýar.

Kärhanada zähmet öndürijiligi analiz geçirilende bir işleýäniň we bir işçiniň öndüren önümi hasaba alynýar we hasabat görkezijisi, meýilnama bilen deňeşdirilýär.

Biziň analiz geçirýän kärhanamyzda şu aşakdaky maglumatlar bar.

| Görkezijiler | Meýilnama | Hasabat | Tapawut (+,-) | Meýilnamanyň ýerine ýetirilişi % |
|---|---|---|---|---|
| 1. Jemi önüm (müň manat hasabynda) | 45 550 | 48 070 | +2 520 | 105,5 |
| 2. Senagat önümçilikde işleýän işçileriň ortaça sany | 8 050 | 8 190 | +140 | 101,7 |
| Şol sanda işçiler | 7 120 | 7 340 | +220 | 103,1 |
| Ortaça ýyllyk öndürilen önüm (manat) | | | | |
| a) Bir işleýäne | 5658,4 | 5869,4 | +211,0 | 103,7 |
| b) Bir işçä | 6397,4 | 6549,0 | +151,6 | 102,4 |

Tablisadan görnüşi ýaly analiz geçirýän kärhanamyzda bir işleýäne öndürilen önümiň meýilnamasy 103,7 % bir işçä öndürilen önümiň meýilnamasy 102,4 % ýerine ýetirilipdir. Bu ýagdaý analiz geçirýän kärhanamyzda hasabat ýylynda işçileriň sany 220 adama köpelip, senagat önümçilikde işleýänleriň sany 140 adam köpelipdir.

Kärhanada öndürilýän önümiň möçberi ýokarda belleýşimiz ýaly işçileriň sanyndan we olaryň zähmet öndürijiliginden bagly bolup durýar. Şonuň üçin analiz geçirilende işçileriň sanynyň üýtgemeginiň we zähmet öndürijiliginiň üýtgemeginiň hasabyna aýratynlykda kärhana boýunça näçe önümiň köpelenligini hasaplamaly

1. Kärhanada önümiň mukdaryna işçileriň sanynyň üýtgemeginiň hasabyna goýberilen önümi hasaplamak üçin, şol görkezijiniň tapawudyny bir işçiniň ortaça bir ýyl zähmet öndürijiligine köpeltmeli 220 işçi X 6397,4 = 1407, 4 müň manat ýa-da 1 407 müň manat
2. Kärhanada bir işçiniň zähmet öndürijiliginiň hasabyna, önümiň mukdarynyň köpelenligini hasap etmek üçin, şol görkezijiniň tapawudyny hasabat boýunça işçileriň sanyna köpeltmeli

   151,6 man X 7 340 adam = 1 112,7 müň manat ýa-da 1 113 müň manat

Jemi kärhana boýunça işçileriň sanynyň köpelmeginiň we olaryň zähmet öndürijiliginiň köpelmeginiň hasabyna 2 520 müň manatlyk önüm artykmaç goýberilipdir we göterim hasabynda kärhana öz meýilnamasyny 105,5 % ýerine ýetiripdir.

Şu geçirilen hojalyk işiniň analizi kärhananyň işini ýüzleý häsiýetlendirýär, ýöne şol bir wagtyň özünde gelejekde has çuňňur analiz etmek üçin, etmeli işlere ugur görkezýär. Şonun üçin kärhananyň işini has çuňňur analiz etmek üçin, goşmaça analitiki gözlegler geçirilmeli.

Gelejekde kärhanada işçileriň zähmet öndürjiligi analiz geçirilende, zähmet öndürjiliginiň ýokarlanmagyna, ýa-da onuň peselmegine haysy faktorlaryň, sebäpleriň täsir edenligini anyklamaly we ýaramaz faktorlaryň iş yüzünde ýok edilmegi üçin takyk teklipleri hödür edip, olara iş prosessinde ornaşdyrmaly.

Senagat kärhanalarynda zähmet öndürjiligine esasy täsir edýän faktoryň sebäbiň biri, işçileriň iş wagtyny ulanyşy. Eger işçiler iş wagtyny netijeli ulansalar, ýitgi bolmasa, zähmet öndürjiligini ýokarlandyrmagyň esasy şertidir. Has takygyny aýtsak iş wagtynyň ýitgisi näçe az bolsa, zähmet öndürjiligi şonça ýokarlanar we tersine eger kärhanada işçileriň iş wagty ýitirilse olaryň zähmet öndürjiliginiň peselmegi gutulgysyzdyr. Analiz geçirýän kärhanamyzyň ýyllyk buhgalter hasabatynyň, zähmet ykdysady we beýleki bölümleriň maglumatlaryny ulanyp, zähmet öndürjiligine täsir edýän faktorlary aýry – aýrylykda olaryň (+,-) täsirlerine şu aşakdaky tablisanyň esasynda analiz bereliň.

| **Görkezijiler** | **Ölçeg birligi** | **Meýilnama** | **Hasabat** | **Tapawut (+, -)** | **Meýilna-manyň ýerine ýetirilişi %** |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. Jemi önüm | müň man. | 45 550 | 48 070 | +2 520 | 105,5 |
| 2. Işçileriň ortaça sany | adam | 7 120 | 7 340 | +220 | 103,1 |
| 3. Bir ýylda hemme işçileriň işlän günleri | müň | 1 858 | 1 894 | +36 | 101,9 |
| 4. Hemme işçileriň bir ýylda işlän iş sagatlary | müň | 12 079 | 11 930 | -149 | 98,8 |
| 5. Bir işçiniň bir ýylda işlän ortaça iş güni (3: 2 setir) | gün | 261 | 258 | -3 | 98,8 |
| 6. Iş güniniň dowamlylygy (4:3 setir) | sagat | 6,5 | 6,3 | -0,2 | 96,9 |
| 7. Bir işçiniň bir ýylda ortaça öndüren önümi (1:2 setir) | manat | 6397,4 | 6549,0 | +151,6 | 102,4 |
| 8. Bir işçiniň bir günde öndüren ortaça önümi (1 :3 setir) | manat | 24,51 | 25,38 | +0,87 | 103,6 |
| 9. Bir adam sagatda | | | | | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| öndürilen ortaça önüm (1:4 setir) | manat | 3,771 | 4,0293 | +0,2583 | 106,9 |
| 10. Bir işçiniň bir ýylda işlän iş sagady | sagat | 1 696 | 1 625 | -71 | 95,8 |

Tablisada görnüşi ýaly analiz geçirýän kärhanamyzda öndürilen önüme zähmet sarp edilşi hasabat boýunça meýilnama bilen deňeşdirilende peselipdir. Peselenligi barada kärhanada bir işçiniň ortaça günlük, ortaça sagatlyk zähmet öndürjiliginiň artykmajy bilen ýerine ýetirilişi güwä geçýär (ortaça günlük 103,6 göterim, bir sagatlyk 106,9 %).

Şol bir wagtyň özünde kärhanada işçileriň iş wagty hem ýitirilipdir. Her bir işçi hasabat ýylynyň dowamynda meýilnamada görkezilenden 3 gün az işläpdir (261 gün – 258 gün = - 3 gün). Şol sebäpli kärhanada bir işçiniň ortaça günlük zähmet öndürjiligi meýilnama bilen hasabat deňeşdirilende 3,6% ýokarlanan bolsa, bir işçiniň ortaça bir ýyllyk zähmet öndürjiligi meýilnama bilen hasabat deňeşdirilende 2,4% ýokarlanypdyr.

Şonuň ýaly-da analiz geçirýän kärhanamyzda bir işçiniň sagatda öndürýän önümi bilen, bir günde öndürýän önüminiň ýerine ýetirilişinde uly tapawut bar. Sagatda öndürilen önüm meýilnama bilen hasabat deňeşdirilende 6,9% köpelen bolsa, bir işçiniň bir günlük zähmet öndürjiligi meýilnama bilen hasabat deňeşdirilende diňe 3,6% artypdyr. Onuň sebäbi ýylyň dowamynda her bir işçi işlemeli iş wagtyndan meýilnama bilen hasabat deňeşdirilende 0,2 sagat az işläpdir.

Şunlukda biziň analiz geçirýän kärhanamyzda bir işçiniň, bir ýyllyk zähmet öndürjiligine gönüden-göni 3 faktor- sebäp täsir edipdir:

1. Kärhanada hasabat ýylynda bir işçiniň işlän iş gününiň üytgemegi;
2. Bir işçiniň iş gününiň dowamlylygynyň üytgemegi;
3. Bir işçiniň ortaça sagatlaýyn öndürýän önüminiň üýtgemegi;

Kärhanada analiz geçirilýän wagty bir işçiniň, bir ýyldaky zähmet öndürjiligine täsir eden faktorlar her birini aýratynlykda jikme-jik hasap-hesip üsti bilen görkezilmeli. Analiz geçirýän kärhanamyzda bir işçiniň ýylyň dowamynda zähmet öndürjiligine täsir eden sebäpleri aşakda görkezilýär.

1. Bir işçiniň ýylyň dowamynda işlän iş gününiň hasabyna zähmet öndürjiliginiň üýtgemegini hasap etmek üçin iş gününiň tapawudyny, onuň bir günki zähmet öndürjiliginiň meýilnamasyna köpeltmeli
   -3 gün x 24,51=-73,5 manat

2. Kärhanada bir işçiniň iş wagtynyň üýtgemeginiň hasabyna, onuň zähmet öndürjiligine edýän täsirini hasaplamak üçin, ýylyň dowamynda ýitirilen

sagatlary hasaplap, ony bir işçiniň meýilnamasy boýunça, bir sagatlyk zähmet öndürjiligi köpeltmeli
(0,2 sagat x 258 gün=51,6 sagat)
51,6 sagat x 3,771 manat = - 194,6 manat

3. Kärhanada bir işçiniň zähmet öndürjiligine, onuň bir sagatlaýyn zähmet öndürjiliginiň täsirini hasap etmek üçin, şol görkezijiniň tapawudyny bir işçiniň hasabat boýunça işlän iş sagadyna köpeltmeli
(0,2588 manat x 1625 sagat=419,7 manat)

Analiz geçirýän kärhanamyzda tablisada görnüşi ýaly, bir işçiniň zähmet öndürjiligi 151,6 manada köpelipdir we oňa täsir eden faktorlaryň sanawy getirilýär.

1. Ýylyň dowamynda iş gününiň kemelmeginiň hasabyna – 73,5 manat;
2. Iş wagtynyň kemelmeginiň hasabyna – 194,6 manat;
3. Bir sagatdaky zähmet öndürijiliginiň artmagynyň hasabyna +419,7 manat

hemmesi +151,6 manat

Analiz geçirýän kärhanamyzda zähmet öndürijiligine täsir edýän faktorlar – sebäplere aýry-aýrylykda seretdik we bir işçiniň zähmet öndürijiligine faktorlara täsirini hasapladyk.

Umumy kärhana boýunça, goýberilen önümiň jemine ýokarda agzalan faktorlaryň täsirini hasaplamak üçin, alynan netijäniň, işçileriň hasabat boýunça sanyna köpeltmeli.

Şunlukda kärhanada bir işçiniň zähmet öndürijiligine täsir eden 3 faktorynyň, jemi kärhana boýunça hasaplaýarys.

1. Işçileriň işlän gününiň kemelmeginiň hasabyna – 540 mün manat (73,5 manat x 7340 adam)
2. Iş gününiň kemelmeginiň hasabyna – 1428 müň manat (-194,6 manat x 7340 adam)
3. Bir sagatdaky öndürilen önümiň köpelmeginiň hasabyna + 3081 müň manat
(419,7 manat x 7340 adam)

Şunlykda analiz geçirýän kärhanamyz iş wagtyny doly ulanmadygynyň hasabyna 1 968 müň manatlyk onümi kem alypdyr (540+1428), işcileriň sagatlaýyn zähmet öndürjiliginiň ýokarlanmagy sebäpli goşmaça 3 081 müň manatlyk önüm artykmaç alypdyr.

Kärhanada iş wagtynyň ýitirilenligi ýüze çykan mahalynda onuň haýsy sebäplere görä bolýanlygyny ýüze çykaryp onuň aradan aýrylmagyna çalyşmaly. Iş wagtynyň ýitirilmegi dürli sebäpleriň bolmagy mümkin. Mysal üçin butün günläp iş wagtynyň ýitmegine (stanoklaryň döwülmegi, çig malyň ýetmezçiligi, elektro energiýanyň bolmazlygy, dürli tebigy betbagtçylyklar bolup biler). Bulardan başga

işçilere goşmaça dynç günleriniň berilmegi, ýarawsyzlyk, sapara ugradylmagy we ş.m. bolup biler.

Kärhanada iş gününiň dowamlylygy işçileriň gysgaldylan iş günine geçmegi sebäpli, işçileriň iş wagty belli bir sebäplere görä işlemän boş oturmaklary, iş wagtyndan artykmaç işlenmegi işçileriň arasynda bir böleginiň gysgaldylan iş wagtyna geçirilmegi we ş.m.

Bulardan başga işçileriň zähmet öndürijiligine, iş wagtynyň ulanylmagyndan başga, kärhanada täze döwrebap stanoklaryň ornaşdyrylmagy hem täsir edýär.

Kärhanada önüm goýbermek boýunça geçirilen analiz şu aşakdaky tablisada görkezilen.

(müň man.)

| Görkezijiler | Meýilnama | Hasabat | Tapawut (+,-) |
|---|---|---|---|
| Jemi önüm üýtgemeleriň hasabyna | 45 550 | 48 070 | + 2 520 |
| 1. Işçileriň ortaça sany | | | + 1 407 |
| 2. Işçileriň ortaça ýyllyk öndüren önümi | | | + 1 113 |
| Şol sanda | | | |
| a) Işçileriň ýitiren iş gününiň hasabyna | | | - 540 |
| b) Işçileriň iş gününiň gysgaldylmagynyň hasabyna | | | -1 428 |
| ç) Bir sagatlyk zähmet öndürijiliginiň köpelenliginiň hasabyna | | | + 3 081 |

## 10.4. Çig mallaryň (materiallaryň) ulanylşynyň analizi

Senagat kärhanalarynda önüm goýbermek boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirmek, önümiň önümçilige düşýän gymmatyny peseltmek, peýdany artdyrmak, düşewüntliligi ýokarlandyrmak üçin kärhanany öz wagtynda, ýokary hilli, giň assortimentde çig mal, materiallar bilen üpjün etmek zerur şertleriň esasydyr.

Kärhananyň material resurslaryna bolan islegi ekstensiw ýol bilen kanagatlandyrylyp biliner (köp möçberde material satyn alynyp, taýýarlanylýar) ýa-da intensiw ýol bilen (bar bolan material resurslaryny has önümçilikde tygşytly ulanyp).

Birinji ugur önümiň birligine sarp edilýän çig malyň udel agramynyň köpelmegine alyp barýar.

Ikinji ugur önümiň birligine sarp edilýän çig malyň udel agramynyň kemelmegine we önümiň özüne düşýän gymmatynyň peselmegine alyp barýar. Çig mallaryň, materiallaryň, energiýanyň tygşytly ulanylmagy, olaryň öndürilişini köpeltmek diýmekdir.

Kärhananyň çig mallar bilen üpjünçiliginiň, ulanylşynyň önünde şu aşakdaky wezipeler durýar:

1. Kärhananyň çig mal tehniki üpjünçiliginiň meýilnamasynyň dogrylygyny, onuň ýerine ýetirilişini, goýberilýän önümiň möçberine edýän täsirini, önümiň onümçilige düşýän gymmatyna we beýlekilere edýän täsirine baha bermek.
2. Material serişdeleriň ulanylşynyň netijeliligine baha bermek.
3. Material serişdeleriň ulanylşynda içgi önümçilik ätiýaçlyklarynyň ulanylyşy olaryň tygşytlylygy we olary ulanmakda takyk teklipleri işläp düzmek.

Analiz geçirmek üçin esasy çeşme bolup material tehniki üpjünçiligiň meýilnamasy, şertnamalary, kontraktlary we ş.m. ulanylýar.

Kärhananyň çig mal serişdeleriniň üpjuçiligi analiz geçirilende birinji nobatda onuň meýilnamasynyň hiline üns berilýär, ýagny kärhananyň işinde zerur bolan çig mallaryň düzümi, assortimenti, onuň sazlaşygy, hil görkezijisi we ş.m. Kärhanada zerur bolan çig mallaryň normasy, normatiwi, ätiýaçlyk üçin çig mallaryň möçberi we şonuň ýaly-da olar sarp edilende öňde baryjy progressiw norma ulanylmaly.

Kärhananyň önüm goýbermek boýunça üznüksiz işlemegi üçin, çig mallar bilen doly üpjünçiligi esasy şert bolup duýar we onuň çeşmeleri gelýän ýerleri hem analiz üçin wajypdyr.

Çig mallaryň çeşmeleri içerki we daşarky ýerlerden bolmagy mümkin.

Içerki çeşmelere – çig malyň galyndylarynyň kemelmegi, galyndylaryň önümçilikde ulanylmagy, çig mallaryň tygşytly ulanylmagy kärhananyň çäginde çig mallaryň we ýarym fabrikatlaryň taýýarlanylşy, ylmy tehnika progressiň ulanylşynyň netijesinde alynýan tygşytlylyk.

Daşarky çeşmelere ýük ugradyjylaryň başga şäherlerden, ýurtlardan kontraktlar, şertnamalar boýunça ugradýan çig mallary degişli.

Kärhananyň hakyky (real) çig mallara daşardan bolan islegi-dürli çig mallaryň umumy isleginiň tapawudy we hususy içki çeşmeleriň jemi bilen kesgitlenilýär.

Kärhanada ýük ugradyjylaryň iberen çig mallarynyň hili, döwlet standartyna gabat gelýänligi, düzülen şertnama dogry gelişi barlanylýar. Eger ýokarda agzalan tertibiň haýsy biriniň düzgüni bozulsa. Ýük ugradyja resmi nägilelik bildirilýär.

Analiz geçirilende material serişdeleriň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişinde esasy üns berilýär.

Analiz geçirilende kärhanada uzak wagtyň dowamynda ulanylmadyk çig mallaryň sanawy takyklanýar. Olary ýüze çykarmak üçin kärhananyň ambar uçýoty ulanylýar we olaryň analiz döwründe galyndysy, kabul edileni, sarp edileni ýylyň ahyryna galyndysy hasaplanylýar.

Biziň analiz geçirýän kärhanamyzda şu aşakdaky maglumatlar bar.

**Kärhanada, önümçilikde uzak wagtlap ulanylmaýan çig mallaryň we materiallaryň ýüze çykarylmagy**

(müň manat)

| Önümçilikde uzak wagtlap ulanylmaýan çig mallaryň sanawy | Ýylyň başyna galyndysy | Hasabat ýylynda sarp edileni | Hasabat ýylynda gelip gowuşany | Hasabat ýylynda ýylyň ahyryna galyndysy |
|---|---|---|---|---|
| I. Esasy materiallar | | | | |
| Material A | 45 | 15 | 30 | 60 |
| Material B | 30 | - | - | 30 |
| Jemi | 75 | 15 | 30 | 90 |
| II. Önümçilige gerek däl kömekçi materiallar | 60 | - | 30 | 90 |

Tablisadan görnüşi ýaly kärhanada uzak wagtlap ulanylmadyk materiallaryň az mukdarda ulananlary we şonuň ýaly-da ýylyň başyndaky galyndysy ulanylman ýylyň ahyryna geçýär. Mysal üçin, material A ýylyň başyna galyndysy 45 müň manatlyk bolan bolsa, hasabat ýylynda şonuň diňe 15 müň manatlygy ulanylypdyr we onuň üstüne ýene-de 30 müň manatlyk çig mal goşulypdyr we ýylyň ahyryna onuň galyndysy 60 müň manada deň bolupdyr.

Material B ýylyň başyna galyndysy 30 müň manat bolan bolsa, ýylyň dowamynda ulanylmandyr we şol 30 müň manatlyk galyndy ýylyň ahyryna geçipdir.

Jemi kärhana boýunça ýylyň başyna 75 müň manatlyk material galyndysy bolan bolsa, onuň diňe sarp edileni 15 müň manada deň bolupdyr, şol bir wagtyň özünde goşmaça 30 müň manatlyk çig mal kabul edilipdir we onuň ýylyň ahyryna galyndysy 90 müň manada deň bolupdyr.

Önümçilikde gerek däl kömekçi materiallaryň galyndysy ýylyň başyna 60 müň manatlyk bolan bolsa, ýylyň dowamynda sarp edilmän hasabat ýylynda goşmaça 30 müň manatlyk kabul edilipdir we onuň ýylyň ahyrynda galyndysy 90 müň manada çenli artypdyr.

Bu materiallaryň hemmesi netijesiz duran aýlanşyk serişdeleri bolup, kärhananyň maliýe hojalyk ýagdaýyna ýaramaz täsir edýär. Şonuň üçin bu materiallary gerekli senagat kärhanalaryna tabşyrmaly.

Şonuň ýaly-da ýokarda sanalanlardan başga material serişdeleriniň çig mallaryň ulanylşy, üpjün edilşi analiz geçirilende şu aşakdakylara üns bermeli:

1. Çig mallaryň üpjünçiliginiň ýetmezçiligi;
2. Çig mallaryň hiliniň peselmegi;

3. Çig mallaryň çalşyrylşy;
4. Çig mallaryň bahasynyň üýtgemegi;
5. Gelmeli çig mallaryň grafiginiň bozulmagy sebäpli, işçileriň boş oturmagy.

Ýokarda belleýşimiz ýaly kärhananyň material – çig mal serişdeleriniň üpjünçiligi we olaryň önümiň möçberine edýän täsiri analiz geçirilende ýöriteleşdirilen hasabat formalaryň başga, ýyllyk hasabata goşulýan düşündiriş haty ulanylýar. Bu resminamalaryň hemmesi kärhananyň üpjünçilik bölüminde saklanylyp iş ýüzünde ulanylýar.

Analiz geçirilende diňe üpjünçilik boýunça meýilnamanyň umumy ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek bilen çäklenmän eýsem onuň sazlaşygyna, assortimentine wagtly-wagtynda gelmegine uly üns berilýär, sebäbi ondan önüm goýbermegiň meýilnamasynyň dolmagy we sazlaşykly goyberilşi we önümiň hili garaşly bolup durýar.

Ýokarda belleýşimiz ýaly, kärhanany üznüksiz işletmek üçin, çig mal bilen belli bir assortimentde üpjün etmek bolýar, eger şu düzgün-tertip berjaý edilmese, kärhanada şonuň netijesinde gutarylmadyk önümiň möçberi köpelýär, ol öz nobatynda haryt-taýýar önümiň möçberine ýaramaz täsir edýär ýagny ony azaldýar.

Kärhananyň önüm goýbermek boýunça meýilnamasynyň ýerine ýetirilişinde çig mal bilen üpjün onuň hili uly ähmiýete eýedir. Çig malyň hili pes bolsa, önümiň birligine sarp edilşini ýokarlandyrýar, ol sebäpli önüm öndürilişiniň mukdary hem azalýar.

Analiz geçirilende kabul edilýän çig mallaryň mukdary we hili berk barlanmaly, sebäbi kabul edilende bar bolan ýetmezçilikler bellige alynmasa, soňra närazylyk bildirilip bolmaýar (ulag edaralaryna, çig mal ugradyja we ş.m.). Eger kabul edilende ýetmezçilikler ýüze çykarylyp, günäkärler nägilelik bildirilip çäre görülmese, çykdajylar önümçilik harajatlaryna goşulyp, ýitgilere goşulyp önümiň önümçilige düşýän gymmatyny ýokary galdyrýar.

Çig mallaryň netijeli ulanylşy analiz geçirilende kärhanada diňe olar sarp edilende progressiw normalaryň ulanylşy barlanman eýsem kärhanada goýberilen zaýa önümiň mukdary, materiallaryň maksada laýyk däl çäreleri ulanylşy hem kesgitlenilýär.

Analiz geçirilende kärhanalarda önümiň birligine ediläýjek harajatlaryň möçberiniň meýilnamasyna ylmy ylmy tarapdan doly işlenilip goýylan normalara hemme taraplaýyn barlamaly we meýilnama boýunça bellenen çig malyň normasy geçen ýylkylardan ýokary bolmazlygyny gazanmaly.

Kärhanada önümçilik zerurlygy sebäpli çig mallaryň galyndysyny hasaplap, takyklamak, analiz üçin önüm mesele bolup durýar.

Önümçilikde eger çig malyň galyndysy berilen normadan has az bolsa, kärhananyň işçileriniň işsiz boş oturmaklaryna alyp barar. Şonuň ýaly-da çig mallaryň ätiýaçlyklarynyň çenden aşa köp bolmagy aýlanşyk serişdeleriniň, işlenmän doňup galmagyna alyp barýar, şonuň üçin çenden aşa köp bolan aýlanşyk

serişdelerinden, kärhanany boşotmak (olary satlyga çykarmak) sebäbi munuň özi kärhananyň maliýe ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna alyp barýar.

Kärhananyň çig mal bilen üpjünçiligi analiz geçirilende esasy wezipeleriň biri bolup, materiallar ulanylanda onuň önümiň göwrümine edýän täsirini anyklamak esasy wezipe bolup durýar.

Kärhananyň çig mal bilen üpjünçilik ugurdan, onuň goýberýän önüminiň möçberine şu aşakdaky faktorlar täsir edip biler:

1. Kärhanada kabul edilen çig malyň mukdarynyň üýtgemegi;
2. Önümiň birligine sarp edilen çig malyň normasynyň üýtgemesi;
3. Kabul edilen çig malyň maksada laýyk däl ýerlere ulanylmagy;
4. Çig malyň ýylyň başyna we aýagyna galyndysynyň üýtgemegi;

Ýokarda sanawy getirilen faktorlaryň, kärhananyň goýberýän önüminiň mukdaryna edýän täsiri şu aşakdaky usulda hasaplanylýar.

Kärhanada önümiň mukdaryna meýilnama boýunça kabul edilen çig malyň hasabat bilen tapawudy ýylyň başyna we aýagyna onuň galyndysyny bir önümiň meýilnama boýunça normasyna bölmeli.

Bir önüme sarp edilmeli çig malyň meýilnama boýunça normasynyň hasabat bilen deňeşdirilende tapawudyny hasabat boýunça goýberilen önümiň mukdaryna köpeltmeli we alynan netijäni bir önümiň meýilnamada görkezilen normasyna bölmeli.

Görkezilen faktorlaryň kärhananyň goýberýän önüminiň mukdaryna edýän täsirini şu aşakdaky mysalyň kömegi bilen düşündireliň .

| **Görkezijiler** | **Meýilnama** | **Hasabat** | **Tapawut (+ ,-)** |
|---|---|---|---|
| 1. Goýberilen önümiň sany | 1 000 | 1 200 | + 200 |
| 2. Ýylyň başyna çig malyň galyndysy (tonna) | 50 | 80 | + 30 |
| 3. Kabul edilen çig mal (tonna) | 470 | 490 | + 20 |
| 4. Sarp edilen çig malyň jemi (tonna) | 500 | 540 | + 40 |
| - Önümçilikde | 500 | 480 | - 20 |
| - Başga maksatlar üçin | - | 60 | + 60 |
| 5. Çig malyň önümiň birligine sarp edilşi (tonna) | 0,5 | 0,4 | -0,1 |
| 6. Çig malyň ýylyň aýagyna galyndysy | 20 | 30 | + 10 |

Biziň mysalymyzda görkezilen faktorlaryň täsir edişiniň netijesinde önüm 200 sany köpelipdir, ýa-da meýilnama artykmajy bilen ýerine ýetirilipdir.

Artykmajy bilen meýilnamanyň ýerine ýetirilmegine aýry-aýry faktorlaryň täsiri şu aşakdaky möçberde amala aşyrylypdyr.

1. Kärhanada çig mal bilen üpjünçiliginiň meýilnamasynyň artykmajy bilen amal edilenliginiň hasabyna önümiň 40 sanagy köpelipdir
   (20 tonna: 0,5 tonna) = 40
2. Kärhanada önümiň birligine sarp edilen materiallaryň hasabyna önüm 240 sany artypdyr, ýa-da köpelipdir
   (0,1 tonna x 1 200 sana = 120 tonna; 120 : 0,5 = 240).
3. Çig malyň önümçilikden başga maksatlar üçin ulanylşynyň hasabyna önüm 120 sany azalypdyr (60tonna : 0,5 tonna) = 120 sany.
4. Kärhanada çig mallaryň ýylyň ahyryna köpelenliginiň hasabyna önümiň 20 sanysy azalypdyr
   (10 tonna : 0,5 tonna) = 20 sany
5. Kärhanada çig malyň ýylyň başyna galyndysynyň köpelenliginiň hasabyna önümiň 60 sanysy köpelipdir
   (30 tonna : 0,5 tonna )= 60 sany

Umumy kärhana boýunça täsir eden faktorlaryň hasabyna önüm + 40 + 240 sany – 120 sany + 60sany – 20 sany = +200 sany.

## Peýdalanylan edebiýatlar


1. Gurbanguly Berdimuhamedow: “Halka daýanmak, ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy, kesgitleýji şertidir”, “Türkmenistan” gazeti, 2010-njy ýylyň 15-nji maýy.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin milli maksatnamasy, 2010-njy ýylyň 14-nji maýynda ýaşululaр maslahatynda kabul edildi.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy : halka daýanyp, halkyň hatyrasyna” “Türkmenistan” gazeti, № 112, 2010-njy ýyly 10-njy maýy.
4. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisi “Türkmenistan” gazeti, №132, 2010-njy ýylyň 29-njy maýy.
5. Türkmenistanda buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça kadalaşdyryjy resmi namalary (birinji ýygyndy). Aşgabat.,2007ý.
6. Türkmenistanda buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça kadalaşdyryjy resmi namalary (ikinji ýygyndy). Aşgabat.,2005ý.
7. Türkmenistanda buhgalterlik hasaba alnyşy boýunça kadalaşdyryjy resmi namalary (üçünji ýygyndy). Aşgabat.,2006ý.
8. Agamyradow P.N. we beýlekiler.Audit: mazmuny we guralyşy., Aşgabat-1998ý.
9. Kertiýew A., Hydyrow A., Ataýew J. “Buhgalter hasaby hünäriniň hojalyk işleriniň analizi dersi boýunça metodik maslahat”., Mugllymlar gazeti, 1999ý, №73,74,75,78,80,81.
10. Kertiýew A., Hydyrow A.,Rejepow B.R. “Pudakda hojalyk işleriniň analizi” Aşgabat-2001ý.
11. Ataýew J.J. “Audit” okuw gollanmasy.Aşgabat.Ylym.2006ý.
12. A.Annaorazow,A.Annamyradow,O.Ataýew “Buhgalter hasabynyň nazaryýeti” (Meseleler ýygyndysy) Aşgabat 2009ý.
13. Г.В.Савицкая “Анализ хозяйственной деятельности предприятия” учебное пособие ИП “Экоперспектива” 1998г. Минск -Москва.
14. Г.В.Савицкая “Анализ хозяйственной деятельности предприятия” Минск ООО “Новое знание” 2000г.
15. И.И.Каракоз., В.И.Самборский “ Теория экономического анализа” учебное пособие для вузов. Киев. Головное издательство издательского обьединения “Выща школа ” 1989г.

## MAZMUNY

**Giriş**

**Bap 1. Hojalyk işiniň analiziniň predmeti, mazmuny, ähmiýeti we wezipeleri**

1.1. Hojalyk işiniň analiziniň predmeti……..……3
1.2. Hojalyk işiniň analiziniň mazmuny we wezipeleri…….. .
1.3. Hojalyk işiniň analiziniň beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygy……. .
1.4. Hojalyk işiniň analiziniň görnüşleri……. .

**Bap 2. Hojalyk işiniň analiziniň usuly we usulyýeti**

2.1. Hojalyk işiniň analiziniň usuly, onuň aýratynlyklary…….
2.2. Hojalyk işiniň analiziniň usulyýeti……..
2.3. Özara baglanyşykly analiz görkezijileriň ulgamyny kesgitläp düzmeklik…

**Bap 3. Hojalyk işiniň analizinde ulanylýan ykdysady –matematiki usullar.**

3.1. Ykdysady-matematiki usullaryň ykdysady analizde ulanmagyň ähmiýeti……..
3.2. Ykdysady-matematiki usullaryň toparlanyşy…….…….
3.3. Ykdysady-matematiki usullaryň mazmuny we olaryň hojalyk işiniň analizinde ulanylyşy…….

**Bap 4. Faktor analiziniň usulyýeti**

4.1. Faktor analiziniň usulyýeti……..
4.2. Ykdysady analizda faktorlaryň ulgamlaşdyrylyşy……..
4.3. Faktor ulgamyny modelirlemek we özgertmek……...

**Bap 5. Hojalyk işiniň analiziniň gurnalşy we maglumatlaryň barlanylyşy**

5.1. Analiz işleriň meýilnamalaşdyrylşy we ony amala aşyrmagyň yzygiderliligi.....
5.2. Maglumatlaryň esasy çeşmeleri, olary barlamak we analitiki taýdan işläp taýýarlamak.....

**Bap 6. Önümçilikde ulanylmadyk ätiýaçlyklary ýüze çykarmak we olary peýdalanmak**

6.1. Hojalyk ätiýaçlyklary barada düşünje we olaryň ykdysady mazmuny…
6.2. Ätiýaçlyklaryň möçberini kesgitlemegiň we olary jemlemegiň usulyýeti…

**Bap 7. Senagat kärhanalarynyň ykdysady görkezijileriniň analiziniň aýratynlyklary**

7.1. Önüm öndürmegiň we ýerleşdirmekligiň analiziniň aýratynlyklary…….
7.2. Önümçilik gymmatlyklaryny ulanmagyň analiziniň aýratynlyklary……..
7.3. Önümçilik harajatlarynyň we önümleriň özüne düşýän gymmatynyň analiziniň aýratynlyklary…….
7.4. Maliýe netijeleriniň analiziniň aýratynlyklary……...
7.5. Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň analiziniň aýratynlyklary……..

**Bap 8. Ykdysady görkezijiler çaklananda analiziň esasy wezipeleri**

8.1. Ykdysady çaklama barada düşünje we onuň usullary……..
8.2. Görkezijiler boýunça çaklamalaryň analizde ulanylşy…….

**Bap 9. Hojalyk işiniň analiziniň taryhy we ösüşiniň depgini (perspektiwalary)**

9.1. Hojalyk işiniň analiziniň döreýşi……
9.2. Bazar ykdysadyýetine geçiş döwürdäki ykdysady analiz……

**Tema 10. Hojalyk işiniň analiziniň usulyýeti**

10.1. Kärhananyň tehniki guramaçylyk önümçilik derejesiniň analizi…..
10.2. Kärhananyň esasy fondlarynyň önüm berijiliginiň analizi……..
10.3. Zähmet öndürijiliginiň analizi…….
10.4. Çig mallaryň (materiallaryň) ulanylşynyň analizi……..